**O. Çaryýewa**

# TARYHY OKATMAGYŇ NAZARYÝETI WE USULYÝETI DERSINI SHEMALAR, TABLISALAR WE ŞEKILLER ARKALY ÖWRETMEK

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2020

UOK 378:94
Ç 21

**Çaryýewa O.**

Ç 21 **Taryhy okatmagyň nazaryýeti we usulyýeti dersini shemalar, tablisalar we şekiller arkaly öwretmek.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2020.

«Taryhy okatmagyň nazaryýeti we usulyýeti dersini shemalar, tablisalar we şekiller arkaly öwretmek» atly okuw gollanmasy ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň okuw maksatnamasy boýunça taýýarlanyldy. Bu okuw gollanmasyndan ýokary okuw mekdepleriniň, şeýle hem orta hünär okuw mekdepleriniň talyplary, umumy orta bilim berýän mekdepleriň mugallymlary okuw-usuly gollanma hökmünde peýdalanyp bilerler.

TDK P№ 192, 2020 KBK 63.3 ýa 73

© O. Çaryýewa, 2020



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# SÖZBAŞY

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda bilim ulgamyny häzirki zaman şertlerine laýyklykda kämilleşdirmek boýunça düýpli işler durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň Karary esasynda 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda tassyklanan «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» milli bilim ulgamyny tutuşlygyna öz içine almak bilen, öňde duran esasy wezipeleri kesgitledi.

Konsepsiýa esasynda bitewi elektron bilim maglumatlaryny özünde jemleýän bilim portalynyň döredilmegi uly ähmiýete eýe boldy. Ol döwlet bilim standartlarynda göz öňünde tutulyşy ýaly, bilim maksatnamalarynyň dogry we doly özleşdirilmegini üpjün etmeklige niýetlenendir. Bilim portaly munuň üçin zerur bolan maglumat-aragatnaşyk enjamlaryny, elektron göterijilere ýygnanylan bilim çeşmelerini we beýlekileri özünde jemleýär. Ulanyjylaryň ýerleşýän ýerine ýa-da çägine garamazdan, bilim hyzmatlaryny ýerine ýetirýän portal bilim işini döwrebap guramaga, mazmun taýdan has baýlaşdyrylan bilim maglumatlaryny Internet maglumat-aragatnaşyk tory arkaly professor-mugallymlara, talyplara we okuwçylara ýetirmäge hyzmat edýär.

Şoňa görä-de, bilim ulgamynda zähmet çekýän professor-mugallymlardan, hünärmenlerden elektron okuw kitaplaryny, gollanmalaryny, gözükdirijileri, wideo okuw maglumatlaryny, audio ýazgydaky işleri, okuw-usuly görkezme esbaplary hem-de beýleki dürli görnüşli didaktik maksatly maglumatlary taýýarlamak bilen bilim portalynyň baýlaşmagyna öz goşantlaryny goşmaklyk talap edilýär.

Ýokary hilli bilim almak üçin okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek zerurlygy ýüze çykýar. Bu mesele sanly bilim ulgamynda-da uly ähmiýete eýe bolup durýar. Ony amal etmegiň tärleriniň biri usulyýet barlaglaryny geçirmek bilen birlikde, edilen işleri birek-bi-

rek bilen alşyp-çalyşmakdyr. Şu nukdaýnazardan, döwrüň talaplary esasynda taýýarlanylan «Taryhy okatmagyň nazaryýeti we usulyýeti dersini shemalar, tablisalar we şekiller arkaly öwretmek» atly okuw gollanmasy dersiň mazmunyny döwrebap beýan etmäge mümkinçilik berýär. Bu gollanma taryh hünäriniň talyplarynyň, mekdep mugallymlarynyň okatmagyň usullaryny ýeňil we çalt özleşdirmeklerine, durmuşda ulanyp bilmeklerine kömek eder, şeýle-de, häzirki zaman okuw-tehniki serişdeleri bilen işlemek başarnyklarynyň ösmegine, endikleriniň kämilleşmegine, okuw maglumatlarynyň çalt hem-de düşünilip özleşdirilmegine ýardam eder.

Tekst arkaly beýan edilýän okuw maglumatlarynyň grafiki çyzgylar, shemalar we şekiller arkaly şöhlelendirilmegi hem-de suratlandyrylmagy, şol maglumatlaryň okatmagyň häzirki zaman tehniki serişdeleri arkaly özleşdirilmeginde özboluşly artykmaçlyklara eýedir. Çünki, şeýle edilende dersiň mazmunyny talyplara düşnükli bolar ýaly has ýönekeýleşdirip hem-de sadalaşdyryp beýan etmek mümkinçiligi döreýär. Şonuň üçin hem şu okuw gollanmasy «Taryhy okatmagyň nazaryýeti we usulyýeti» dersinde berilýän okuw maglumatlaryny netijeli özleşdirmäge hem-de has çuňňur öwrenmäge itergi berer. Talyplar umumy okuwyň mazmunyny ýazmak ýa-da söhbet sapaklary geçilende ýazgylary okamak bilen bir hatarda, çyzgylara daýanyp, temalaryň mazmunyny aňsat we ýatda galyjy görnüşde özleşdirip hem-de beýan edip bilerler. Beýleki bir tarapdan, bu gollanma mugallymlara talyplaryň okuw maglumatlaryny nähili özleşdirýändiklerine talabalaýyk gözegçilik etmäge mümkinçilik berer. Okuw gollanmasy talyplar synaglara taýýarlananlarynda hem ýakyndan ýardam eder.

Gollanmada dersiň her bir temasynyň maglumatlary, ýagny taryh dersi boýunça okuw maksatnamasyndan we kitabyndan peýdalanmagyň usullary, okuwçylaryň özbaşdak işleri, olarda taryhy göz öňüne getirmeleri we düşünjeleri döretmegiň hem-de kämilleşdirmegiň usullary shemalarda düşnükli ýagdaýda berilýär. Taryh mugallymy, onuň sapaga taýýarlanmagy, taryh otagy we ony abzallaşdyrmagyň tärleri, taryh sapaklarynyň görnüşleri, ders boýunça okuwçylaryň bilimlerini barlamagyň we bahalandyrmagyň, geçilenleri gaýtalamagyň usullary-da çyzgylarda görkezilýär. Gollanmada taryh dersini okatmagyň nusgawy we häzirki zaman işjeň usullary, taryh okadylanda dilden

beýan etmek, resminamalardan we çeper edebiýatdan peýdalanmak, dürli görnüşli okuw-görkezme esbaplardan, kartadan peýdalanmagyň ýollary gysgadan mazmunly görnüşde dürli tablisalardyr çyzgylar arkaly beýan edilýär.

Mälim bolşy ýaly, taryh dersi boýunça mekdep okuwçylaryna döwrebap bilim-terbiýe bermek işi synpdan daşary işleriň hem dürli görnüşlerini ulgamlaýyn geçirmekligi talap edýär. Gollanmada okuw maksatnamasy esasynda geçilýän sapaklar bilen birlikde sapaklardan daşary geçirilýän ýekebara, toparlaýyn we köpçülikleýin işleri guramagyň usullary-da ýönekeý shemalar, çyzgylardyr tablisalar arkaly berilýär.

Okuw gollanmasynda sapakda okuw maglumatlarynyň has çuňňur özleşdirilmegini gazanmak we bilimleri barlamak üçin temalar boýunça testler hem berilýär. Testler talyplaryň bilimini barlamagyň iň giň ýaýran we ygtybarly usullarynyň biridir. Gollanmada testler birnäçe jogabyň arasyndan dogrusyny saýlamak şerti bilen ýönekeý tekst görnüşinde berildi. Testler bilen işlemegiň tärleri-de dürli-dürlüdir. Olar köpçülikleýin, toparlaýyn, ýekeleýin işlemek üçin niýetlenilendir.

Gollanmada mugallyma sapagy gyzykly hem-de täsirli edip geçirmäge, okuw maglumatlaryny çuňňur özleşdirmäge we berkitmäge, şeýle-de, geçilenleri gaýtalamaga mümkinçilik berýän krosswordlar hem ýerleşdirildi.

Okuw gollanmasy bilim portalynda ýerleşdirilende sanly bilim bermegiň toplanan tejribesini birek-birek bilen alyşmaga mümkinçilik dörär. Gollanmany peýdalanmak bilen birlikde, mugallymlar, bilim işgärleri öz alyp barýan okuw-terbiýeçilik işleriniň many-mazmunyny çyzgylar, shemalar, tablisalar arkaly okuwçylara täsirli ýetirmegiň usullaryny işläp taýýarlap bilerler.

«Taryhy okatmagyň nazaryýeti we usulyýeti» dersi boýunça şeýle okuw gollanmasy türkmen dilinde ilkinji gezek neşir edilýär.

# GIRIŞ

1. «Usulyýet (metodika)» düşünjesiniň aňladýan manysyny alymlaryň düşündirişi




2. Taryhy okatmagyň nazaryýeti we usulyýeti dersiniň maksady hem wezipeleri



3. Taryhy okatmagyň nazaryýetiniň we usulyýetiniň beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygy




4. Usulyýet barlaglarynyň gözegçilik etmek usuly arkaly geçirilişi




5. Usulyýet barlaglarynyň tejribe usuly arkaly geçirilişi



# I BÖLÜM

## TARYH DERSINI OKATMAGYŇ USULYÝETI

### 1-nji tema: Umumy orta bilim berýän mekdeplerde taryh dersini okatmagyň usullarynyň kämilleşmegi

#### 1.1 Umumy orta bilim berýän mekdeplerde taryh dersini okatmagyň usullarynyň kämilleşmegi bilen bagly seneler

| | |
|---|---|
| **1917-nji ýylyň oktýabr wakasyndan soň** | – Ýurdumyzyň mekdepleriniň öňünde bilim we terbiýeçilik ulgamyna täzeden düýpli seretmek meselesi goýuldy. |
| **1920-nji ýylda** | – Okuw maksatnamasynda okuwçylara halk köpçüliginiň durmuşyny, öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň ösüşini, synplar we synpy göreş ýaly meseleleri öwrenmek öňe sürüldi. |
| **XX asyryň 20-nji ýyllarynda** | – Sowet mekdepleriniň okuw maksatnamalarynda öňki patyşa döwrüniň mekdeplerindäkä garanyňda has giň jemgyýetçilik-syýasy gözýetim berlip, umumy ösdüriji meseleler göz öňünde tutuldy. |
| **XX asyryň 30-njy ýyllarynyň başlarynda** | – Medeni rewolýusiýanyň meseleleriniň güýçli çözülmäge başlanmagy bilen orta mekdepde okadylýan taryh dersiniň mazmunyndaky kemçilikler ýüze çykdy. |
| **1934-nji ýylyň 15-nji maýynda** | – «SSSR-iň mekdeplerinde raýat (graždan) taryhyny okatmak hakynda» diýen karar kabul edildi. |
| **XX asyryň 30-njy ýyllarynda** | – III-IV synplar üçin, soň IV synp üçin, V-VII synplar hem-de VIII-IX synplar üçin okuw maksatnamalary işlenilip düzüldi. |
| **1940-njy ýylda** | – VIII-IX synplar üçin SSSR taryhy, Gadymy dünýä taryhy, Orta asyrlar taryhy, Täze taryh boýunça okuw kitaplary çap edildi. |
| **1945-nji ýylda** | – Täze taryh boýunça okuw kitaby (II döwür) neşir edildi. |
| **1959-njy ýylyň 8-nji oktýabrynda** | – «Mekdeplerde taryhy okatmaklykda käbir üýtgeşmeler hakynda» diýen karar kabul edildi. |
| **1962–1963-nji okuw ýylynda** | – «Jemgyýeti öwreniş» dersi girizildi. |

| | |
|---|---|
| **1965-nji ýylyň 14-nji maýynda** | – «Mekdeplerde taryhy okatmaklygyň tertibini üýtgetmek hakynda» diýen karar kabul edildi. |
| **1975–1976-njy okuw ýylynda** | – VIII synplarda «Döwletiň we hukugyň esaslary» dersi girizildi. |
| **1980-nji ýylda** | – Taryh boýunça okuw maksatnamasy kämilleşdirildi. |
| **1993-nji ýylyň 3-nji maýynda** | – «Täze bilim syýasaty» yglan edildi. |
| **1997-nji ýylda** | – Türkmenistanyň Milli bilim instituty döredildi. |
| **2007-nji ýylyň 15-nji fewralynda** | – «Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Perman kabul edildi. |
| **2007-nji ýylyň 4-nji martynda** | – «Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda» Karara gol çekildi. |
| **2007-nji ýylyň maýynda** | – «Türkmenistanda bilim işgärleriniň iş haklarynyň we talyp haklarynyň möçberlerini köpeltmek hakynda» Karar kabul edildi. |
| **2013-nji ýylyň 10-njy martynda** | – «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Perman kabul edildi. |
| **2013-nji ýylyň 4-nji maýynda** | – «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. |
| **2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda** | – «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» tassyklandy. |

## 1.2 Häzirki wagtda umumy orta bilim berýän mekdeplerde öwrenilýän taryh dersiniň atlary

| **Synplar** | **Taryh dersiniň atlary** |
|---|---|
| **1** | **2** |
| V | Türkmenistanyň taryhy (Bir okuw ýylynda 68 sagat, hepdede 2 sagat) |
| VI | Türkmenistanyň taryhy. (Iň gadymy döwürden – b.e. III asyrynyň başlaryna çenli) (Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat)<br>Gadymy dünýä taryhy. (Iň gadymy döwürden – b.e. V asyry)<br>(Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat) |
| VII | Türkmenistanyň taryhy. (dowamy) (b.e.öňki IV asyr – b.e VII asyrlary,<br>(Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat)<br>Orta asyrlar taryhy. (III – XVI asyrlar)<br>(Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat) |
| VIII | Türkmenistanyň taryhy. Türkmenistan orta asyrlar döwründe<br>(VII asyryň II ýarymy – XI asyryň I ýarymy.<br>(Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat)<br>Täze taryh (XVII asyryň ortalaryndan – XIX asyryň ortalaryna çenli)<br>(Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat) |

| 1 | 2 |
|---|---|
| IX | Türkmenistanyň taryhy. Türkmenistan orta asyrlar döwründe (dowamy). (XI asyryň ortalary – XVI asyr)<br>(Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat)<br>Täze taryh (dowamy). (XIX asyryň II ýarymy)<br>(Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat) |
| X | Türkmenistanyň taryhy. Türkmenistan täze taryh döwründe. (XVII – XIX asyryň ahyrlary) (Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat)<br>Dünýa taryhy. (XX asyryň I ýarymy) (Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat) |
| XI | Türkmenistanyň taryhy. Türkmenistan Russiýa imperiýasynyň we SSSR-iň düzüminde (1886–1991ý.)<br>(Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat)<br>Dünýa taryhy. (dowamy) (1946–1999 ý.)<br>(Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat) |
| XII | Türkmenistanyň taryhy. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan.<br>(Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat)<br>Dünýa taryhy. (dowamy) (XXI asyr)<br>(Bir okuw ýylynda 34 sagat, hepdede 1 sagat) |

## 2-nji tema: Umumy orta bilim berýän mekdepleriň taryh dersi boýunça okuw maksatnamalary

### 2.1 Okuw maksatnamasynyň mazmuny



## 2.2 Okuw maksatnamasy boýunça özleşdirilýän okuw maglumatlary




## 2.3 Okuw maksatnamasynyň mazmunynda öz beýanyny tapýan meseleler



## 2.4 Okuw maksatnamasynyň taýýarlanylyşy

| | |
|---|---|
| 1 | Okuw maksatnamasy taryh mugallymlary, usulyýetçiler we alymlar tarapyndan düzülýär. |
| 2 | Ara alyp maslahatlaşmak üçin hödürlenýär. |
| 3 | Mugallymlar metbugatda çap edilenden soň, onuň mazmuny bilen tanşyp, öz tekliplerini ýazmaça görnüşde iberýärler. |
| 4 | Mugallymlar maksatnamany düzüjiler bilen duşuşýarlar. |
| 5 | Taryh dersi boýunça okuw maksatnamasy Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanýar. |
| 6 | Şulardan soň maksatnama güýje girýär. |

## 2.5 Okuw maksatnamasynyň mazmuny

| **Okuw maksatnamasynda şu aşakdakylar öz beýanyny tapýar:** |
|---|
| Düşündiriş haty |
| V–XII synplarda öwrenilmeli okuw maglumatlarynyň mazmuny |
| Umumylaşdyryjy sapaklar |
| Dersara baglanyşyk |
| Taryhyň her döwrüniň mazmuny boýunça okuwçylarda kemala getirilmeli esasy düşünjeler |
| V–XII synp okuwçylarynda kemala getirilmeli esasy başarnyklar we endikler |
| Mugallymlara hödürlenilýän edebiýat |
| Esasy usulyýet edebiýaty |
| Okuw görkezme esbaplary |
| Okuwçylaryň bilimlerine we başarnyklaryna endiklerine baha bermegiň mysaly ölçegleri |

## 2.6 Okuw maksatnamasyna bildirilýän talaplar




# 3-nji tema: Umumy orta bilim berýän mekdepleriň taryh dersi boýunça okuw kitaplary

## 3.1 Taryh dersi boýunça okuw kitaplarynyň ähmiýeti




2. Sargyt № 2583

## 3.2 Taryh dersi boýunça okuw kitaplarynyň usulyýet gurluşyna bildirilýän talaplar




## 3.3 Okuw kitabynda şöhlelenmeli soraglar we ýumuşlar

| **Okuw kitabynda şöhlelenmeli soraglar we ýumuşlar:** | |
|---|---|
| 1 | Okuwçylaryň beýleki çeşmelerden taryhy bilimleri alyşlaryna gözegçilik etmäge mümkinçilik berýän; |
| 2 | Karta bilen işlemekligi guramaga niýetlenilen; |
| 3 | Maksatnamada görkezilen dersara we temara baglanyşygy amala aşyrmaga mümkinçilik berýän; |
| 4 | Döwürleýin metbugatyň maglumatlaryny peýdalanmagy guramaga mümkinçilik berýän; |
| 5 | Internet, radio we teleýaýlym boýunça okuwçylaryň alan maglumatlaryny peýdalanmagy talap edýän we ş.m. |

## 3.4 Okuw kitabynda suratlaryň ýerleşdiriliş usullary

**Okuw kitabynda suratlary ýerleşdirmegiň esasy maksady:**

1. Okuw kitabynyň tekstinde beýan edilýän wakalar gönüden-göni suratlar arkaly berilýär.
2. Surat okuw kitabynyň tekstinde berilýän maglumatlaryň üstüni ýetirýär we ony anyklaşdyrýar.
3. Tekstde berilmedik okuw maglumatlary bilen tekstiň üstüni doldurýar we ş.m.

## 3.5 Okuw kitabynda ýerleşdirilen suratlar bilen işlemegiň usullary

**Okuw kitabynda ýerleşdirilen suratlar bilen işlemegiň esasy usullary:**

- Deňeşdirmek
- Synpda köpçülikleýin iş geçirmek
- Anyk düşündiriş ýa-da gürrüň bermek
- Söhbetdeşlik guramak
- Soraglar arkaly surat boýunça derňew geçirmek
- Surat derňelenden soň, kitabyň tekstini okamak

## 3.6 Taryh sapagynda suratlardan peýdalanmagyň maksady

**suratlardan peýdalanylýar**

- Täze bilimleri almagyň çeşmesi hökmünde
- Okuw kitabynyň tekstinde berilýän maglumatlary anyklaşdyrmagyň serişdesi hökmünde
- Bilimleri berkitmek we jemlemek üçin
- Täze düşünjeleri özleşdirmek üçin

## 4-nji tema: Taryh dersi boýunça okuwçylaryň özbaşdak iş usuly we onuň ähmiýeti

### 4.1 Okuwçylar bilen özbaşdak işler guralanda ugur alynmaly talaplar

**Özbaşdak işler guralanda ugur alynmaly talaplar şulardyr:**

Özbaşdak işleriň mazmuny okuw maksatnamasynyň mazmuny bilen gös-göni baglanyşykly bolmaly.

Özbaşdak işleriň mazmuny okuwçylarda erkliligi, erjelligi, düzgün-nyzamlylygy, her bir hadysa oýlanyşykly we döredijilikli çemeleşmegi terbiýeleýän, alan bilimlerini durmuşda ýerlikli ulanyp bilmäge kömek edýän ýumuşlardan ybarat bolmalydyr.

Özbaşdak işleriň mazmuny we häsiýeti okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna, bilim derejelerine, umumy taýýarlyklaryna laýyk gelmelidir.

### 4.2 Täze okuw maglumatlary beýan edilende we berkidilende gürrüň usulynyň elementleri bilen utgaşykly özbaşdak işleri guramagyň ähmiýeti

| Täze okuw maglumatlary beýan edilende we berkidilende gürrüň usulynyň elementleri bilen utgaşykly özbaşdak işler guralanda: | |
|---|---|
| **1** | Mugallymyň düşündirişini okuwçylaryň yzygiderli we üns berip, dykgat bilen diňlemeklerini üpjün etmäge; |
| **2** | Täze temanyň mazmunyna degişli wakalaryň we hadysalaryň arasyndaky sebäp-netije baglanyşyklaryna düýpli düşünmäge, netije çykarmaga; |
| **3** | Täze öwrenilen okuw maglumatlaryny berkitmäge we onuň mazmunyny okuwçylaryň özleşdirişlerini anyklamaga; |
| **4** | Okuwçylaryň okuw maglumatlaryny aňly-düşünjeli özleşdirmeklerine; |
| **5** | Synpyň hemme okuwçysynyň sapaga işjeň gatnaşmagyna, öwrenilýän meseleleri köpçülik bolup çözmeklerine; |
| **6** | Okuwçylara geçilen okuw maglumatlary bilen täze maglumatlaryň arasyndaky arabaglanyşygy yzarlamaga we tapmaga kömek edýär. |

## 4.3 Täze okuw maglumatyny söhbet görnüşli sapaklarda özbaşdak işleri guramak arkaly öwretmegiň ähmiýeti

Täze okuw maglumatynyň söhbet görnüşli sapaklarda özbaşdak işleriň guralmagy arkaly öwrenilmegi:

| | |
|---|---|
| – Okuwçylaryň temanyň mazmunyna has oňat düşünmeklerini üpjün edýär. | – Okuwçylaryň pikir alyşmak, özbaşdak netije çykarmak ýaly endikleriniň we başarnyklarynyň kämilleşmegine kömek edýär. |

## 4.4 Okuw kitabynyň teksti we onda ýerleşdirilen suratlar boýunça özbaşdak işleri guramagyň usullary

| **Okuw kitabynyň teksti we onda ýerleşdirilen suratlar boýunça özbaşdak işleri guramagyň usullary aşakdakylardyr:** | |
|---|---|
| **1** | Orta atylan soraglara okuw kitabynyň tekstinden jogap tapmak. |
| **2** | Okuw kitabynyň tekstiniň mazmuny boýunça ýönekeý we çylşyrymly meýilnama düzdürmek |
| **3** | Okuw kitabynyň teksti bilen onuň mazmunyna degişli ýerleşdirilen surat, karta we ş.m. maglumatlary özbaşdak deňeşdirmek |
| **4** | Okuw kitabynda ýerleşdirilen suratlaryň, portretleriň mazmuny boýunça okuwçylaryň dilden we ýazuw üsti bilen jogap bermeklerini guramak |
| **5** | Okuwçylaryň taryh dersi boýunça düşünjeleriniň artmagyna, olaryň özbaşdak netije çykaryp bilmek ukyplarynyň kämilleşmegine kömek edýän anyk taryhy maglumatlar we hadysalar esasynda shemalary we tablisalary, meýilnamalary özbaşdak düzdürmek |

## 4.5 Shema arkaly deňeşdirme usulynyň peýdalanylyşy

| 1925 – 1927-nji ýyllaryň ýer-suw özgertmesi | Gürrüňi edilýän döwre çenli dowam eden ýer-suw eýeçiligi |
|---|---|
| 1. 1925 – 1927-nji ýyllaryň ýer-suw özgertmesiniň maksady. | Gürrüňi edilýän döwre çenli dowam eden ýer-suw eýeçiliginiň maksady. |
| Daýhanlar köpçüligini kolhoz gurluşygyna taýýarlamak. Ýerden-suwdan peýdalanmagyň zähmet ýörelgesini durmuşa ornaşdyrmak. Iri ýer eýeçiligini ýok etmek | Diňe özi işlemän kesekiniň güýjünden peýdalanyp, giň ekin meýdanlaryna, suwa eýeçilik etmek |

| | |
|---|---|
| 2. 1925 – 1927-nji ýyllaryň ýer-suw özgertmesini geçirmegiň usullary. | Gürrüňi edilýän döwre çenli dowam eden ýer-suw eýeçiliginiň usullary. |
| Mümkin bolan ýerlerde ýer-suw özgertmesini, beýleki ýerlerde ýer gurluşyk işlerini mejburylyk, zorluk esasynda-da bolsa amala aşyrmak | Il-günüň içindäki abraýyna (harby taýdan ukyplylygy, akyl-paýhaslylygy, din bilen baglanyşykly işleri ýerine ýetirýänligi we ş.m.), mümkinçiliklerine görä ýere-suwa eýeçilik etmek |

## 4.6 Tablisalaryň görnüşleri




## 4.7 Hronologik tablisanyň görnüşi

**Türkmenistanda 1916-njy ýylda bolan milli azat edijilik hereketi**

| Wagty | Gozgalaň-çylaryň sany | Gozgalaň eden dolandyryjy gatlagyň wekilleriniň sany | Milli azat edijilik hereketleriniň görnüşleri |
|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** |
| 1916-njy ýylyň ýanwar aýy | 10 müňe golaýlaýar | - | Adamlaryň köpçülikleýin gozgalaňlary, olaryň Hywa hanynyň goşunlary bilen çaknyşmagy, gozgalaňyň başlanmagy |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| 1916-njy ýylyň fewral aýy | Köpçülik-leýin häsiýetde | - | Hywa hanlygynyň köp etraplarynda gozgalaňlaryň bolmagy, general Galkin bilen güýçli çaknyşyklaryň başlanmagy. Gozgalaňçylaryň ýeňilmegi |
| 1916-njy ýylyň awgust-oktýabr aýlary | Köpçülik-leýin häsiýetde | Gozgalaňlaryň ählumumy gozgalaňa öwrülmegi. Etrek--Gürgen sebitlerinde köp adamly gozgalaňlaryň bolmagy. Tejende bolan gozgalaň | Päleçilige adam bermezlik maksady bilen päleçilige gitmelileriň sanawyny düzmekligi amala aşyrtmazlyk, äkidilip barýanlaryň otlularyny saklamak ýaly usullar bilen gozgalaň edilmegi |
| 1916-njy ýylyň dekabr aýy | Etrek--Gürgen sebitleriniň ilaty | 2 | General Madritowyň jeza beriji otrýadynyň gozgalaňy basyp ýatyrmagy |
| 1916-njy ýylyň oktýabr aýy | 2500 | 2 | Tejende Alty Sopy bilen Eziz hanyň baştutanlygynda gozgalaňyň başlanmagy |
| 1916-njy ýylyň oktýabr aýy | | 2 | Gozgalaňyň ýeňilmegi |

### 4.8 Sinhronik tablisanyň görnüşi

| Uruşlaryň we gozgalaňlaryň bolan ýerleri | Uruşlaryň we gozgalaňlaryň bolan wagty | Uruşlara we gozgalaňlara ýolbaşçylyk (serkerdelik) edenler | Uruşlaryň we gozgalaňlaryň esasy maksatlary |
|---|---|---|---|
| Sarahs sebiti | 1855 | Gowşut han | Hywa hanynyň süteminden azat bolmak |
| Hywa hanlygy | 1855–1867 | Atamyrat han | Hywa hanynyň eden-etdiligini ýok etmek |
| Garrygala sebiti | 1858 | Nurberdi han, Durdy han, Ýagşy mergen, Mahmyt işan, Tuwakmyrat, Taraş | Eýranlylaryň süteminden azat bolmak |
| Mary sebiti | 1861 | Gowşut han | Gajarlaryň süteminden azat bolmak |

## 5-nji tema: Okuwçylarda taryhy göz öňüne getirmeleri we düşünjeleri döretmegiň hem-de kämilleşdirmegiň usullary

### 5.1 Taryhy göz öňüne getirmeleriň görnüşleri

| Taryhy göz öňüne getirmeleriň esasy görnüşleri: | | |
|---|---|---|
| Jemgyýetçilik durmuşynyň ähli taraplaryny öz içine alýan | Taryhy wagt barada | Taryhy giňişlik barada |

## 5.2 Taryhy düşünjeleriň görnüşleri




## 5.3 Düşünjeleriň umumylygynyň derejesi boýunça toparlara bölünişi




## 5.4 Aýratyn we umumy düşünjeleriň kemala getirilişiniň usullary

Aýratyn we umumy düşünjeleriň baglanyşykly kemala getirilişi



## 5.5 Döwlet düşünjesiniň kemala getirilişi



# II BÖLÜM

## TARYH MUGALLYMYNYŇ SAPAGA TAÝÝARLYK DEREJESI

### 1-nji tema: Taryh mugallymy

### 1.1 Taryh mugallymynyň şahsyýetinde jemlenmeli sypatlar




### 1.2 Taryh mugallymynyň işiniň görnüşleri



## 1.3 Okatmaklyga mugallymyň öňünden umumy taýýarlanyşy

**Okatmaklyga mugallym öňünden umumy taýýarlanýar**

↓

Derse laýyklykda mekdep maksatnamasyny, okuw kitaplaryny we okuw gollanmalaryny, ýörite hem-de usulyýet edebiýatlaryny öwrenýär;

↓

Taryhyň ol ýa-da beýleki döwürlerini okatmak üçin zerur bolan maglumatlary toplaýar we ulgamlaşdyrýar;

↓

Okuw işinde peýdalanmak teklip edilýän görkezme esbaplar, enjamlar we serişdeler bilen tanyşýar;

↓

Synpyň ýagdaýy, okuwçylaryň aýratynlyklary, gyzyklanmalary, islegleri hem-de höwesi bilen, ýaňy işe başlaýan mugallymlar bolsa mekdep bilen tanyşýarlar, tematik meýilnama düzýärler we ş.m

## 1.4 Mugallymyň her bir sapaga taýýarlanyşynyň usullary

**Mugallym her bir sapaga taýýarlananda:**

| Geçilen sapagyň netijesini derňeýär | Sapagyň maksadyny anyklaýar | Sapagyň görnüşini we gurluşyny gutarnykly kesgitleýär | Sapagyň okuw maglumatlaryny, okatmagyň usullaryny we tärlerini anyklaýar | Sapakda ulanyljak didaktiki materiallary taýýarlaýar | Sapagyň meýilnamasyny düzýär we ýazgysyny ýazýar |
|---|---|---|---|---|---|

## 1.5 Taryh mugallymynyň gündelik işiniň mazmunyna sapaga taýýarlykdan başga girýän işler

**Taryh mugallymynyň gündelik işiniň mazmunyna sapaga taýýarlykdan başga aşakdaky işler degişli:**

- Synaglary guramak;
- Synagdan öň geçilenleri gaýtalamagy guramak;
- Synag üçin dürli görnüşli we derejeli ýumuşlary taýýarlamak;
- Synag geçirmegiň usullaryny kesgitlemek;
- Goşmaça soraglary işläp taýýarlamak;
- Okuwçylaryň taryh depderlerini we ýazuw işlerini barlamak;
- Taryh otagyny taýýarlamak;
- Okuw gollanmalaryny, didaktiki materiallary, görkezme esbaplary ýygnamak;
- Okatmagyň häzirki zaman tehniki serişdelerini peýdalanmak üçin taýýarlyk geçmek;
- Taryh otagyny hem-de onda ýerleşdirilen materiallary sapak we synpdan daşary çäreler geçirilende peýdalanmak;
- Taryh dersi boýunça synpdan daşary işleriň dürli görnüşlerini meýilleşdirmek, taýýarlamak, geçirmek we jemlemek;

## 1.6 Taryh mugallymynyň usulyýet işleriniň mazmuny




# 2-nji tema: Taryh mugallymynyň sapaga taýýarlanmagy

## 2.1 Taryh mugallymy sapaga taýýarlananda ýerine ýetirýän ilkinji işleri




## 2.2 Sapagyň tapgyrlarynyň meýilleşdirilişi

| **Sapagyň tapgyrlaryny meýilleşdirmek** | |
|---|---|
| **I.** Soramak: | *1.Öý işini barlamak.*<br>*2.Esasy soraglar.*<br>*3.Goşmaça soraglar.*<br>*4.Soralanda ulanyljak usullar.* |
| **II.** Okuwçylary täze okuw maglumatyny kabul etmäge taýýarlamak: | *1. Temany öňki sapaklar bilen baglanyşdyrmak.*<br>*2. Temany öňki synplarda geçilen taryh dersi bilen baglanyşdyrmak.* |

| | |
|---|---|
| **III.** Täze okuw maglumatyny beýan etmek: | *1. Meýilnamanyň soraglary.*<br>*2. Her soragyň öňünde goýlan meselesi.*<br>*3. Okuw maglumatlary.*<br>*4. Beýan etmegiň, düşündirmegiň usullary.* |
| **IV.** Sapakda öwrenilenleri berkitmek we jemlemek: | *1. Sapagyň maksadyna laýyklykda berkitmek we jemlemek.*<br>*2. Möhüm faktlary berkitmek.* |
| **V.** Öý işi: | *1. Täze okuw maglumatyna düşünişi boýunça.*<br>*2. Faktlary özleşdirişi boýunça.*<br>*3. Usullary boýunça* |

## 2.3 Sapagyň ýazgysynyň düzümi

**Sapagyň temasy**

↓

Sapagyň maksady, bilim, terbiýe berijilik we ösdürijilik meseleleri

↓

Sapagyň usullary

↓

Sapagyň görnüşi

↓

Sapagyň okuw görkezme esbaplary, sapaga degişli goşmaça edebiýat

↓

Sapagyň guramaçylyk döwri

↓

Okuwçylaryň bilimlerini barlamak we bahalandyrmak

↓

Okuwçylary täze temany kabul etmäge taýýarlamak

↓

Mugallymyň gürrüň bermeli okuw maglumatlarynyň beýany

↓

Öýe iş tabşyrmak

↓

Okuwçylary bahalandyrmak

# 3-nji tema: Taryh otagy we onuň abzallaşdyrylyşy

## 3.1 Mekdebiň taryhy ülkäni öwreniş muzeýi bilen taryh otagynyň tapawutly taraplary

- **Taryh otagynda bolmaly esbaplar**
  - Döwlet tarapyndan neşir edilen ýa-da elde taýýarlanylan okuw-görkezme esbaplar
  - Esasan okuw maksatnamasynda görkezilen okuw maglumatlaryny öwrenmek üçin zerur görkezme esbaplaryň toplumy ýerleşdirilýär
- **Muzeýde ýerleşdirilýän eksponatlar**
  - Muzeý eksponatlary, esasan, okuwçylar tarapyndan ýygnalýar we synpdan daşary geçirilýän toplumlaýyn işleriň netijesinde üsti ýetirilýär
  - Muzeý eksponatlary synpdan daşary işler guralanda, has köp peýdalanylýar

## 3.2 Taryh otagynyň kitap tekjesinde jemlenilmeli kitaplar

**Taryh otagynyň kitap tekjesinde jemlenilmeli esasy kitaplar**

- Döwlet baştutanynyň ömri-durmuşy we işi bilen baglanyşykly kitaplar
- Hökümetiň we Mejlisiň resminamalary
- Ylmy-köpçülik we çeper-taryhy edebiýatlar
- Maglumat berýän edebiýatlar (sözlükler–filosofiki, syýasy, ykdysady, daşary ýurt dilleriniň sözlügi, maglumat berýän ýygyndylar)
- Usulyýet boýunça edebiýatlar: «Türkmenistanda ylym we tehnika», «Bilim» žurnallary, «Mugallymlar gazeti»

### 3.3 Taryh otagynda bolmaly esasy zatlar

| | |
|---|---|
| 1 | Ýurduň Prezidentiniň portreti, döwlet nyşanlary – döwlet senasy, kasam, tugra. |
| 2 | Interaktiw synp tagtasy. |
| 3 | Multimedia okuw enjamlary. |
| 4 | Mugallymyň göwrümli görkezme esbaplaryny görkezmeklige taýýarlamagy  üçin stol. |
| 5 | Okuwçylar üçin partalar, oturgyçlar, mugallym üçin stol, stul. |
| 6 | Elektrik energiýasy bilen işleýän enjamlary işletmek üçin tok çeşmesi (rozetka). |

## 4-nji tema: Taryh sapaklarynyň esasy görnüşleri

### 4.1 Sapagyň bir-biri bilen özara aýrylmaz baglanyşykly we şertlendirilen taraplary

Sapagyň bir-biri bilen özara aýrylmaz baglanyşykly we şertlendirilen üç tarapy:




### 4.2. Sapakda amala aşyrylýan işler

**Sapakda şu işler amala aşyrylýar:**

Okuwçylaryň taryh dersi boýunça ulgamlaşdyrylan bilim almaklaryna we şoňa laýyk gelýän başarnyklary hem-de endikleri edinmeklerine gönükdirilen, mugallym bilen okuwçylaryň arasyndaky köp taraply iş;

Mugallymyň ýolbaşçylygynda synpdaky okuwçylaryň köpçülikleýin işi we her bir okuwçynyň özbaşdak işlemegi;

Sapakda okuwçylara edep-terbiýe bermek işleriniň amal edilmegi.

## 4.3. Sapaklaryň arabaglanyşygy




## 4.4. Taryhy okatmak prosesiniň özara biri-birleri bilen baglanyşykly esasy düzüm bölekler




## 4.5. Taryh sapaklarynyň esasy görnüşleri



## 4.6. Anyk sapagyň aýratyn özüne mahsus didaktiki maksadyna laýyklykda sapagyň teklip edilýän görnüşleri

**Sapagyň teklip edilýän esasy görnüşleri:**

- Giriş sapagy
- Çylşyrymly taryhy düşünjäniň kemala getirilýän sapagy
- Okuw maglumaty bilen birinji gezek tanyşdyrylýan sapak
- Täze düşünjeleriň özleşdirilýän sapagy
- Alnan bilimi durmuşda peýdalanmak sapagy
- Berkitmek, gaýtalamak we jemlemek sapagy
- Barlag sapagy
- Garyşyk ýa-da utgaşdyrylan sapak, ýagny okuw prosesiniň ähli böleklerinden düzülen sapak

## 4.7. Sapagy geçirmegiň usullaryna laýyklykda teklip edilýän sapagyň görnüşleri

**Sapagy geçirmegiň usullaryna laýyklykda teklip edilýän sapagyň görnüşleri aşakdakylardyr:**

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Gürrüň ýa-da mugallymyň umumy okuwy | Söhbetdeşlik sapagy | Okuwçylaryň okuw kitaby ýa-da taryhy resminamalar bilen özbaşdak işleýän sapaklary | Kino sapagy | Çeper edebiýatdan peýdalanmagyň guralýan sapagy | Okuwçylaryň nutuklary esasynda guralýan sapak | Okuw gezelençleriň maglumatlary esasynda geçirilýän sapak |

### 4.8. Utgaşdyrylan (ýagny okuw işiniň ähli esasy düzüm bölekleriniň utgaşan) sapagyň mysaly gurluşy

| Utgaşdyrylan sapagyň mysaly gurluşynyň tertibi: |
|---|
| • Sapagyň temasyny aýtmak we meselesini düşündirmek.<br>• Soramak (okuwçylaryň öý işlerini ýerine ýetirişlerini we bilimlerini barlamak, çuňlaşdyrmak, jemlemek hem-de berkitmek).<br>• Täze okuw maglumatyny öwretmäge geçmek.<br>• Täze okuw maglumatyny öwretmek.<br>• Sapakda öwrenilenleri berkitmek (bu, köplenç, sapagyň ahyrynda däl-de, täze okuw maglumatynyň öwredilýän wagtynda geçirilýär).<br>• Öý işini tabşyrmak (öý işiniň mazmunyny we ýerine ýetirilişiniň usullaryny düşündirmek arkaly). |

### 4.9. Täze okuw maglumatlary öwrenilýän sapagyň mysaly gurluşy

| Täze okuw maglumatlary öwrenilýän sapagyň mysaly gurluşy aşakdaky gornüşde alnyp barylýar: |
|---|
| • Sapagyň temasyny mälim etmek. Täze okuw maglumaty öwrenilende zerur bolan bilimleri okuwçylar bilen söhbetdeşlikde ýa-da mugallymyň giriş sözi arkaly gysgaça gaýtadan dikeltmek. Okuwçylary temanyň meýilnamasy bilen tanyşdyrmak.<br>• Temany dürli görnüşli usullary we tärleri peýdalanmak arkaly öwretmek. Täze okuw maglumatyny sapagyň gidişinde ýa-da onuň ahyrynda berkitmek we jemlemek.<br>• Öýe iş tabşyrmak. |

### 4.10. Jemleýji – gaýtalamak sapaklarynyň mysaly gurluşy

| Jemleýji – gaýtalamak sapaklarynyň mysaly gurluşy aşakdaky ýalydyr: |
|---|
| • Sapagyň temasyny we onuň meselesini mälim etmek.<br>• Ähli okuwçylary esasy meseleleri derňemäge işjeň çekmek bilen söhbetdeşlik, resminamany derňemek, çeper edebiýatdan bölekleri peýdalanmak we beýleki usullar arkaly dersiň bölümi ýa-da aýratyn meselesi boýunça temalary gaýtalamak we jemlemek.<br>• Mugallymyň jemlemesi. (tema boýunça netijesi), bellik etmek (eger söhbetdeşlik usuly peýdalanylan bolsa).<br>• Öýe iş tabşyrmak. |

### 4.11. Bilimleri barlamak we bahalandyrmak sapaklarynyň mysaly gurluşy

| Okuwçylaryň bilimlerini barlamak we bahalandyrmak sapagynyň mysaly gurluşy: |
|---|
| • Sapagyň maksadyny we barlanylýan bilimleriň temasyny mälim etmek.<br>• Okuwçylaryň bilimlerini dürli tärler bilen barlamak we bahalandyrmak;<br>• a) Okuwçyny giňişleýin jogap bermek üçin synp tagtasynyň ýanyna çagyrmak we berlen jogabyň üstüni okuwçylara duran ýerlerinden goşmaça jogap berdirmek bilen ýetirtmek;<br>• b) Okuwçylara duran ýerlerinden gysga jogap berdirmek;<br>• ç) Synp tagtasyny peýdalanmak bilen soramak;<br>• d) Ýazmaça jogaplar we öýe iş tabşyrmak. |

## 5-nji tema: Taryh dersi boýunça okuwçylaryň bilimlerini barlamak we bahalandyrmak

### 5.1. Psiholog alymlaryň adama ýaşaýyş üçin zerur hasap edýän işleriniň görnüşleri




### 5.2. Okuwçylaryň bilimlerini kadaly barlamak üçin berjaý edilmeli düzgünler

**Okuwçylaryň bilimlerini kadaly barlamak üçin berjaý edilmeli düzgünler indikilerdir:**

Mugallym öz bilýänlerini okuwçylara öwretmegi başarmaly;

Mugallym bilim barlaýyş usullaryny baýlaşdyryp durmaly;

Öýde ýerine ýetirmek üçin tabşyrylan ýumuşlar oýlanyşykly, maksatly düzülen bolmaly;

Täze öwrenilýän okuw maglumatlarynyň synpda özleşdirilmegini gazanmaly;

Okuwçylara öýde işlemek üçin tabşyrylan ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin ýeterlik wagty göz öňünde tutmaly (5,6,7-nji synplarda iki-iki ýarym we 8-nji synplarda üç, galan synplarda dört sagada çenli);

Öýe tabşyrylan ýumuşlary ýerine ýetirmegiň usullaryny okuwçylaryň ählisine doly we dogry düşündirmeli.

## 5.3. Soramaklyk guralanda berjaý edilmeli düzgünler

| **Soramaklyk guralanda şu düzgünler berjaý edilmeli:** |
|---|
| Soramaklyga mugallymyň okuwçylara sapagy düşündirýän usulyndan tapawutlanýan, başga usullar bilen synpda ähli okuwçylaryň öwrenýän prosesi hökmünde garamaly; |
| Sapagyň bütin dowamynda synpyň ähli okuwçylarynyň gyzyklanma bilen işlemeklerini gazanmaly; |
| Her bir okuwçynyň jogap berýäniň jogabyny diňläp oturmagyny gazanmaly; |
| Okuwçylaryň diňleýän okuw maglumatlary barada pikirlenip, islendik wagtda berilýän jogaba goşmaçalar aýtmaga, jogabyň üstüni ýetirmäge, düzedişler girizmäge taýýar bolmaklaryny guramaly; |
| Mugallymyň özi mümkin boldugyndan az geplemeli; |
| Mugallym berlen jogapdaky ýalňyşy bellemeli; |
| Okuwçylaryň arasynda töweregindäkileriň ünsüni özüne çekýäni bar bolsa, mugallym el-ýüz hereketi bilen duýduryş berip, onuň öňüni almaly, ýerine düşmese, söz arkaly duýduryp, tertip-düzgüniň kadaly bolmagyny üpjün etmeli; |
| Synp tagtasynda ýazmaça işlemek üçin ýumuş tabşyrmaly; |
| Berlen jogabyň üstüni ýerlikli ýetirendikleri we düzedişler girizendikleri üçin, okuwçylaryň baha almaklaryny endik etdirmeli; |
| Mugallym sözleri we hereketleri arkaly käbir çekinjeň, ýygra, öz bilimine ynamy gowşak okuwçylarda özüne ynam döretmegi başarmaly; |

| |
|---|
| Okuwçylaryň bilimlerini söz üsti bilen aňlatmaklary arkaly, olaryň sözleýiş medeniýetini, pikirlenmelerini ösdürmek maksady bilen, sorag-jogap we beýleki usullardan yzygiderli peýdalanmaly; |
| Mugallym okuwçylaryň her biriniň indiwidual (şahsy) aýratynlyklaryny bilmeli we nazarda tutmaly; |
| Sapak soralýan wagty okuwçylaryň ünsüniň synpyň köpçülik işinden sowulmaz ýaly, okuw kitaby partanyň üstünde ýapyk görnüşde bolmaly; |
| Mugallym soraglary bütin synpyň öňünde goýmaly; |
| Giňişleýin jogap bermek üçin okuwçylar stoluň, synp tagtasynyň, kartanyň, suratyň ýanyna çykarylmaly; |
| Okuwçy bütin synpa we mugallyma jogap bermeli; |
| Mugallym okuwçylaryň bilimlerini barlamaklyga öňünden taýýarlanmak üçin, okuwçylaryň sanawy ýazylan we baha goýlan ýörite depder ýöretmeli we gerekli bellikleri etmeli; |

## 5.4. Okuwçylara öý işi tabşyrylanda göz öňünde tutmak maslahat berilýän düzgünler




## 5.5. Öýe iş tabşyrmak maslahat berilmeýän günler



## 5.6. Soramaklygyň ähmiýeti




## 5.7. Mugallymyň okuwçylaryň bilimlerini barlamak üçin soraglar taýýarlanda göz öňünde tutmaly esasy meseleleri



## 5.8. Soraglaryň görnüşleri

**Soraglaryň görnüşleri:**

- Gürrüň bermekligi talap edýän soraglar;
- Düşündirmek arkaly jogap bermekligi talap edýän soraglar;
- Delillendirilmegini talap edýän soraglar;
- Oýlanyp, jemläp we netijä gelip jogap bermeklik talap edilýän soraglar;
- Subut etmäni talap edýän soraglar;
- Täze temany öň öwrenilenler bilen baglanyşdyrmagy talap edýän soraglar;
- Ugrukdyryjy we gözükdiriji soraglar;
- Logiki yzygiderlikde goýlan soraglar topary we umumy hadysa akyl ýetirmeklik netijesinde esasy fakty saýlap, anyklap, jogap bermeklik talap edilýän soraglar.

## 5.9. Sapagyň dürli görnüşlerinde okuwçylardan soralýan wagtlar

**Soramak mümkin:**

- Okuwçylaryň täze okuw maglumatyny özleşdirmäge taýýarlanýan wagtlary
- Täze tema öwrenilende we öwrenilenleriň berkidilýän wagty
- Öý işiniň ýerine ýetirilişi barlanylanda
- Gaýtalamagyň dürli görnüşlerinde

## 5.10. Okuwçylaryň bilimlerini barlamagyň we bahalandyrmagyň görnüşleri

**Okuwçylaryň bilimlerini barlamagyň we bahalandyrmagyň esasy görnüşleri:**

- Dilden giňişleýin jogap bermek.
- Dilden duran ýerinden gysga jogap bermek.
- Synp tagtasynda ýazmaça we grafiki iş boýunça jogap bermek.
- Köpçülikleýin ýazmaça we grafiki işi ýerine ýetirmek.
- Utgaşdyrylan jogaplary bermek.

## 5.11. Soramaklygyň görnüşiniň we dowamlylygynyň sapagyň görnüşine baglylygy

**Soramaklygyň görnüşi we dowamlylygy sapagyň görnüşine-de bagly bolýar:**

Utgaşdyrylan sapakda täze öwreniljek okuw maglumatynyň möçberine baglylykda soramaklyk 15-20 minuda çekip biler

Utgaşdyrylan sapakda esasy soramaklyk sapagyň başynda amala aşyrylýar

Utgaşdyrylan sapakda soramaklyk käte temanyň mazmuny bilen baglanyşykly sapagyň ahyrynda geçirilip bilner

Geçilenleri gaýtalamak sapaklarynda öwrenilýän tema şony etmäge mümkinçilik berýän bolsa, gaýtalamagyň soraglary temalaryň ählisiniň içinden geçýän bolmaly we dürli usullar arkaly geçilenler gaýtalanylyp, okuwçylaryň bilimleriniň üsti ýetirilmeli, berkidilmeli hem-de bahalandyrylmaly

## 5.12. Okuwçylaryň bilimlerini barlamak we bahalandyrmak bilen baglanyşykly mugallymlary gyzyklandyrýan meseleler

**Mugallymlary gyzyklandyrýan soraglar:**

Okuwçy jogap berýän wagty onuň jogabyna düzedişler girizmek mümkinmi?

Jogap berýän okuwça mugallymyň ugrukdyryjy kömek bermegi gerekmi?

Gaýtalamak bilen gündelik soramaklyga başlamak bolýarmy?

## 5.13. Jogap berýän wagty okuwçynyň jogabynyň arasyny bölmek bolýar

**Okuwçynyň jogabynyň arasyny şu ýagdaýlarda bölmek bolýar:**

- Okuwçy soraga jogap bermän, eýsem, öz okan, bilýän zatlaryny gürrüň berip başlasa;
- Okuwçy ikinji derejeli maglumatlary çuňlaşdyryp gürrüň berip, öz jogabyny uzaga çekdirse;
- Okuwçy jogabynda gödek ýalňyş goýberende.

## 5.14. Baha ölçegleriniň kesgitlenilişi

| Baha ölçegleri: | |
|---|---|
| **5-lik** | • Okuwçy öň öwrenilen, şeýle-de, şu günki (täze öwrenilen) sapaga-da taýýarlanyp, taryhy wakalary taryhy-hronologik yzygiderlikde beýan edende;<br>• Okuw kitabynda ýerleşdirilen hronologik tablisadaky seneleri pugta bilende we ýalňyşsyz beýan edende;<br>• Taryhy faktlary beýan edeninde, taryhy şahsyýetleriň atlaryny dogry aýdanda we olaryň taryhda tutýan ornuna dogry häsiýetnama berende; |

| | |
|---|---|
| | • Maksatnamada talap edilişi ýaly dürli belgileri peýdalanyp, taryhy-geografik ýerleri we serhetleri kesgitli bilse hem-de çalt tapsa;<br>• Taryhy wakalara dogry düşünen we olaryň döremeginiň sebäplerini hem-de ösüşini, olar barada synpda gelnen netijeleri we jemlemeleri anyk beýan etmegi başaran halatynda;<br>• Jogap berýän wagtynda duş gelýän taryhy düşünjeleri düşündirip peýdalanan we doly düşündirmegi başaran ýagdaýynda;<br>• Taryhy suratlara, synpda ýerleşdirilen diwar suratlaryna dogry teswirleme berende;<br>• Okuw maglumatyny edebi dilde beýan etmegi başaranda; |
| **4-lük** | • Taryhy wakalary dogry beýan edende, ýöne olary taryhy--hronologik yzygiderlilikde beýan etmekde sähelçe ýalňyşlyk goýberip, ony hem mugallymyň duýduryşy bilen çalt we özbaşdak düzedende;<br>• Okuw kitabynda ýerleşdirilen hronologik tablisadaky seneleri takyk bilende we ýalňyşsyz aýdanda;<br>• Taryhy maglumatlary beýan edýän wagtynda şahsyýetleriň atlaryny dogry aýdyp, olaryň işlerine häsiýetnama berende sähelçe ýalňyşlyk goýberende;<br>• Maksatnamada talap edilýän karta boýunça bilimlere laýyklykda bilimi bolan, ýöne gerekli ýerleri tapmadyk ýa-da taryhy-geografik serhetleri we ýerleri ýeterlik derejede anyk görkezip bilmedik halatynda;<br>• Taryhy wakalara dogry düşünen we olaryň döremeginiň sebäplerini hem-de ösüşini, olar barada synpda gelnen netijeleri we jemlemeleri anyk beýan etmegiň hötdesinden gelende;<br>• Taryhy düşünjeleri doly düşündirip aýdyp bilen ýagdaýynda;<br>• Okuw kitabynda ýa-da synp diwarynda ýerleşdirilen suratlardaky taryhy wakalara dilden teswirleme bermegi özbaşdak başaran, ýöne käbir böleklerinde uly bolmadyk ýalňyşlyk goýberen ýagdaýynda;<br>• Öz bilimini edebi dilde düşnükli beýan etmegi başaranda; |

| | |
|---|---|
| **3-lük** | • Taryhy wakalary, umuman, dogry beýan edende, ýöne möhüm taryhy wakalary taryhy-hronologik yzygiderlilikde beýan edende ýalňyşlyk goýberip, üstesine-de, goýberen ýalňyşlygyny diňe mugallymyň kömegi bilen düzedende;<br>• Okuw kitabyndaky taryhy-hronologik tablisada ýatlanylýan seneleri ýeterlik derejede bilmeýän halatynda;<br>• Taryhy şahsyýetleriň atlaryny aýdanynda kämahal ýalňyşlyk goýberende;<br>• Geografik ýerleriň we serhetleriň atlaryny aýdanda kämahal ýoýlan (nädogry) görnüşde aýdanda ýa-da olary kartadan tapmaklygy başarmadyk halatynda;<br>• Wakalaryň döremeginiň we ösmeginiň şertlerini beýan edende, taryhy wakalary jemlemekde we netijeleriň goýluşynda doly däl ýa-da anyk däl jogap berende;<br>• Taryhy düşünjeleri ulananda we düşündirende ýalňyşlyk goýberip, öz ýalňyşyny diňe mugallymyň kömegi bilen düzedende;<br>• Taryhy suratlary ýeterlik derejede we doly hem-de anyk derňew edip bilmedik halatynda;<br>• Okuwçynyň öz bilimini beýan ediş dili garyp bolup, beýan ediş yzygiderliligi ýeterliksiz bolsa, edebi taýdan dogrudygynda we gepleýşiniň (sözleýşiniň) arassalygynda bozulmalar duş gelende; |
| **2-lik** | • Maksatnamada ýerleşdirilen maglumatlaryň uly bölegini bilmeýänligi we oňa gowşak düşünýänligi ýüze çykanda;<br>• Düzgün bolşy ýaly, diňe ugrukdyryjy soraglar arkaly jogap berip, munda-da gödek ýalňyşlar goýberende; |
| **1-lik** | • Okuwçynyň öwrenilýän okuw maglumatlaryny doly bilmeýänligi belli bolan ýagdaýynda. |

# 6-njy tema: Taryh dersi boýunça geçilenleri gaýtalamak

## 6.1 Geçilenleri gaýtalamagyň ähmiýeti

**Gaýtalamak kömek edýär:**

| | | |
|---|---|---|
| Okuwçylaryň ýadynda öwrenilen okuw maglumatlaryny berkitmäge; | Taryhy prosesiň kanunalaýyklygyna ylmy taýdan düşünmekligiň kämilleşmegine; | Okuwçylarda pikirlenmäni we özbaşdak işlemek üçin zerur bolan başarnyklaryň we endikleriň ösmegine; |

## 6.2. Geçilenleri gaýtalamagyň görnüşleri

| | | |
|---|---|---|
| Öwrenilen okuw maglumaty bilen baglanyşykly gaýtalamak | Taryhyň mekdep dersiniň aýratyn temasy we bölümi boýunça jemleýji gaýtalamak | Ýarym ýylyň ýa-da bütin okuw ýylynyň dowamynda öwrenilenleri gaýtalamak |

# III BÖLÜM

## TARYH DERSINI OKATMAGYŇ HÄZIRKI ZAMAN USULLARY

### 1-nji tema: Umumy orta bilen berýän mekdeplerde taryh dersini okatmagyň usullarynyň ulgamy

### 1.1. Okuwçylaryň bilimleri özleşdirişleriniň birmeňzeş bolmaýandygynyň sebäpleri

Gürrüň, düşündiriş we ş.m. usullar (dil üsti bilen beýan etmek) arkaly düşündirilende, okuwçylaryň okuw maglumatlaryny özleşdiriş derejesiniň birmeňzeş bolmaýanlygynyň sebäpleriniň hataryna şulary goşmak bolýar:

→ Okuwçylaryň ünsüniň tebigy taýdan üýtgäp durmagyny;

→ Pikirlenmek üçin wagty talap edýän we mugallymyň gürrüňine düşünmekligi kynlaşdyrýan adalgalaryň, sözleriň ulanylmagyny;

→ Mugallymyň okuwçylaryň ýadamagyna sebäp bolýan adatdan daşary gaty geplemegini:

→ Soraglar, aýratyn hem, çylşyrymly soraglar düşündirilende çalt beýan etmekligi we ş.m. goşmak bolar.

### 1.2. Kabul etmek bilen ýatda saklamagyň arabaglanyşygy

Kabul etmeklik → ← Ýatda saklamaklyk

## 1.3. Okuw maglumatyny görüp kabul etmäge mümkinçilik berýän görkezme esbaplar




## 1.4. Pedagogik edebiýatda taryhy okatmagyň usullaryny toparlara bölmek boýunça edilýän teklipler



## 1.5. Taryhy okatmagyň usullary

**Taryhy okatmagyň esasy usullary:**

- Gürrüň we mugallymyň mekdep umumy okuwy;
- Dilden beýan etmek usuly;
- Görkezme esbaplylyk usuly;
- Okuw kitaby bilen işlemek usuly;
- Taryhy resminamalar bilen işlemek usuly;
- Taryh okadylanda çeper edebiýatdan peýdalanmagyň usuly;
- Nusgawy we häzirki zaman işjeň usuly.

## 1.6. Taryhy okatmagyň usullaryna mahsus alamatlar

**Okatmagyň usullaryna indikiler mahsus:**

- Her bir usulyň öz nobatynda dürli böleklerden durmagy;
- Okatmagyň usullarynyň öz aralarynda örän berk baglanyşykda bolmagy;
- Her bir usulyň özüne mahsus aýratynlygynyň bolmagy;
- Taryhy okatmagyň usullarynyň örän çalt üýtgäp durmagy;

4. Sargyt № 2583

## 2-nji tema: Taryh dersinde häzirki zaman işjeň usullardan peýdalanmak

### 2.1. Interaktiw tagtasynyň mümkinçilikleri




### 2.2. Multimedia ulgamynyň mümkinçilikleri




### 2.3. Interaktiw tagta arkaly ýerine ýetirilýän ýumuşlaryň görnüşleri



## 2.4. Interaktiw sözüniň aňladýan manysy

INTERAKTIW → iňlisçe - Interact → Özara baglanyşmak → Özara gatnaşykda bolmak → Birek-birege täsir etmek

## 2.5. Interaktiw okuwyň mugallyma okuwçylar bilen dürli görnüşlerde iş guramaga berýän mümkinçilikleri

**Interaktiw okuwyň netijeli bolmagy üçin mugallym oňaýly ýagdaýy döretmek arkaly okuwçylar bilen iş geçirýär:**

- Aýratynlykda;
- Iki-ikiden;
- Toparlaýyn we ş.m. görnüşlerde.

## 2.6. Interaktiw okuwyň netijeli bolmagy üçin mugallym dürli görnüşlerde iş geçirýär

**Interaktiw okuwyň netijeli bolmagy üçin mugallymdan şular talap edilýär:**

- Kompýuter we beýleki maglumat berýän çeşmeler bilen işjeň ýagdaýda iş geçirilmeli
- Ýazmaça we dilden beýan edilýän okuw maglumatlary esasynda
- Sapakda dürli hili döredijilikli ýumuşlar, görkezme esbaplar, köpdürli oýunlar arkaly

## 2.7. Taryh sapaklaryny interaktiw usulda geçirmegiň ähmiýeti

Taryh sapaklary interaktiw usulynda geçilende: → Okuwçylar sapagy çalt özleşdirýärler; → Okuwçylary sapaga doly çekmäge mümkinçilik berýär; → Çekinjeň, ýuwaş we dymma okuwçylary sapaga has işjeň gatnaşdyrmaga oňat mümkinçilik bolýar;

## 2.8. Test usulyndan peýdalanmagyň usullary

- Köpçülikleýin
- Toparlaýyn
- Şahsy

## 2.9. Testiň görnüşleri

**Testiň görnüşleri:**

- Tekst
- Çekilen surat

# 3-nji tema: Taryh dersi okadylanda dilden beýan etmek usulyndan peýdalanmak

## 3.1. Dilden beýan etmek usulynyň esasy görnüşleri

**Sapakda janly söz iki görnüşde bolýar:**

- Monolog
- Söhbetdeşlik

## 3.2. Dilden beýan etmek usulynyň wezipeleri

**Dilden beýan etmek usulynyň monolog we söhbetdeşlik görnüşleriniň ýerine ýetirýän wezipeleri:**



## 3.3. Dilden beýan etmegiň görnüşleri

**Dilden beýan etmegiň esasy görnüşleri**

- Gürrüň
- Teswirleme (beýan etme)
- Häsiýetnama (häsiýetlendirme)
- Düşündirmek
- Mekdep umumy okuwy
- Söhbetdeşlik

## 3.4. Mugallymyň maglumaty gürrüň görnüşinde beýan edýän pursatlary

**Mugallym maglumaty gürrüň görnüşinde şu ýagdaýlarda beýan edýär:**

- Bilim we terbiýe berijilik ähmiýeti uly bolan taryhy wakalar öwrenilende;
- Mugallymyň gürrüňi okuwçylary möhüm netijelere we jemlemelere eltýän taryhy faktlar, derňew bilen ýaraglandyranda;
- Okuwçylar üçin täze bolan hadysa hakynda anyk obrazly göz öňüne getirmekligi döretmek zerurlygy ýüze çykanda;

## 3.5. Söhbetdeşlik usulynyň görnüşleri

**Söhbetdeşligiň görnüşleri:**

- Giriş söhbetdeşligi;
- Ewristik söhbetdeşlik;
- Jemleýji gaýtalamak söhbetdeşligi;
- Barlag söhbetdeşligi;
- Berkidiji söhbetdeşlik;

## 3.6. Söhbetdeşlik usulyna  bildirilýän talaplar

Söhbetdeşlik usuly ulanylanda bildirilýän talaplar:

Soraglar  okuwçylaryň pikirleniş ukyplaryny ösdürýän, öwrenilýän faktlaryň we hadysalaryň sebäp-netije arabaglanyşygyny hem-de ähmiýetini açmaga höwes döredýän, taryha ylmy taýdan düşünmäge  mümkinçilik berýän sowallar bolmaly;

Söhbetdeşlik okuwçylaryň ünsüni we işjeňligini, öwrenilýän tema, sapaga  bolan gyzyklanmalaryny ösdürýän bolmaly;

Soraglar öz manysy boýunça anyk we düşnükli, gysga, grammatik we stil taýdan dogry bolmaly.

## 3.7. Söhbetdeşlik wagtynda okuwçylara berilýän soraglaryň häsiýeti

**Söhbetdeşlik wagtynda okuwçylara berilýän soraglaryň häsiýeti:**

Taryhy faktlary derňemäge, olaryň sebäp-netije arabaglanyşyklaryny açmaga, olary düşündirmäge gönükdirilen bolmaly

Taryhy faktlara, wakalara, taryhy şahsyýetlere häsiýetnama, baha berilmegini talap edýän soraglar bolmaly

Taryhy faktlary we hadysalary deňeşdirmegi, birmeňzeş taryhy faktlaryň we hadysalaryň umumy häsiýetlerini we tapawutlaryny deňeşdirmegi talap edýän soraglar bolmaly.

Öwrenilen faktlary we hadysalary derňemegi we ulgamlaşdyrmagy talap edýän soraglar bolmaly

## 4-nji tema: Taryh dersi okadylanda resminamalardan peýdalanmak

### 4.1. Taryh dersi okadylanda resminamalardan peýdalanmagyň ähmiýeti

**Taryh dersi okadylanda resminamalardan peýdalanmak şulara kömek edýär:**

Okuwçylarda anyk göz öňüne getirmeleri döretmäge;

Okuwçylaryň gyzyklanmalaryny we ünslüligini ýokarlandyrmaga;

Okuw maglumatlaryny has oňat özleşdirmäge;

Okuwçylaryň pikirlenmelerini ösdürmäge;

Öwrenilen maglumatlaryň okuwçylaryň ýatlarynda mäkäm galmagyna;

Mugallyma soraglar ýa-da giňişleýin söhbetdeşlik arkaly resminama bilen iş guramaga, resminamanyň mazmunyny bilelikde derňemäge, synpda uly bolmadyk ýatdan ýa-da ýazmaça ýumşy ýerine ýetirmekleri arkaly okuwçylaryň akyl işini ýokary derejede işjeňleşdirmäge;

Okuw işinde we durmuşda zerur bolan dürli görnüşli resminamalary tertibe salmaga, resminama maglumatlaryny deňeşdirmäge we ulgamlaşdyrmaga, dürli görnüşli ýazgylary alyp barmaga, resminama esasynda netije çykarmak başarnyklaryny we endiklerini kemala getirmäge hem-de kämilleşdirmäge.

### 4.2. Mekdepde taryh dersi geçilende peýdalanylýan taryhy resminamalaryň toparlary

**Mekdepde işlemek üçin peýdalanylýan taryhy resminamalar iki topara bölünýärler:**

Hekaýawy we beýan ediji häsiýetdäki edebi resminamalar. Bulara ýatlamalar, wakalaryň ýazgylary, ýyl ýazgylary, ömür ýazgylary girýär. Bu topara eýýamyň çeper edebiýaty golaý bolýar. Resminamalaryň bu görnüşi, esasan, taryhy maglumatlary anyklaşdyrmak üçin peýdalanylýar.

Akt resminamalary. Bulara hukuk, syýasy, maksatnama, hojalyk resminamalary girýär. Resminamalaryň bu topary, esasan, derňew, netije we jemleme üçin maglumat hökmünde peýdalanylýar. Şeýle-de, ýokary synplarda işlemek üçin giňden peýdalanylýar.

## 4.3. Hekaýawy we beýan ediji häsiýetdäki edebi hem-de akt resminamalarynyň görnüşleri

**Mekdepde işlemek üçin peýdalanylýan taryhy resminamalar**

- Hekaýawy we beýan ediji häsiýetdäki edebi resminamalar
  - Ýatlamalar
  - Wakalaryň ýazgylary
  - Ýyl ýazgylary
  - Ömür beýanlar
  - Döwrüň çeper edebiýaty
- Akt resminamalary
  - Hukuk resminamalary
  - Syýasy resminamalar
  - Maksatnama resminamalary
  - Hojalyk resminamalary

## 4.4. Taryhy resminamalar bilen işlemegiň usullary

**Resminamalar bilen işlemegiň usullary:**

- Resminama maglumatyny mugallymyň sapakda beýan edişine girizmek.
- Resminamanyň teksti bilen, ony derňemek bilen okuwçylaryň işini guramak.

## 4.5. Mugallymyň sapakda beýan edişine uly bolmadyk resminama bölegini girizmeginiň maksadalaýyklygy

**Mugallymyň sapakda beýan edişine uly bolmadyk resminama bölegini girizmek maksadalaýyk bolýar, haçan-da:**

- bölek uly bolman, ýeňil kabul edilýän bolsa;
- ýönekeý we mugallym goşmaça düşündiriş bermezden okuwçylara düşnükli bolsa;
- täsirliligi güýçlendirmäge ýa-da beýan etmä anyklyk berýän bolsa;
- okuwçylarda gyzyklanma döredýän bolsa;
- taryhy şahsyýetiň aýdanlaryndan (pikirlerinden) düzülen, beýan edişiň göni gepleşigini, açyk häsiýetnamany janlandyrmaga kömek edýän bolsa;

## 4.6. Resminama maglumatlary seçilip alnanda göz öňünde tutulmaly talaplar

**Resminama maglumatlary seçilip alnanda, şu talaplar göz öňünde tutulmaly:**

- Resminama maglumatlarynyň mazmuny okuwçylary watançylyk, agzybirlik, dostluk ruhunda terbiýelemäge, olarda ylmy dünýägaraýşyň kemala gelmegine kömek etmelidir.
- Resminama maglumatlary okuw maksatnamasynyň mazmunyny anyklaşdyrmak üçin, goşmaça maglumat bolup hyzmat etmelidir.
- Resminama maglumatlary okatmagy durmuş bilen baglanyşdyrmaga ýardam etmelidir.
- Okuwçylaryň has önjeýli, has döredijilikli işlemek ukybyny ösdürmäge kömek etmelidir.
- Okuw we synpdan daşary işleri utgaşykly alyp barmaga ýardam etmelidir.

## 4.7. Sapakda resminama maglumatlary boýunça okuwçylar bilen özbaşdak işleri guramagyň ýollary

**Sapakda resminama maglumatlary boýunça okuwçylar bilen özbaşdak işleri guramagyň esasy ýollary:**

- Täze okuw maglumatlary beýan edilende resminama maglumatlaryndan bölekler okamak we netije çykarmak;
- Täze okuw maglumatyny gös-göni resminama maglumaty esasynda öwretmek;
- Okuw maksatnamasyna laýyklykda käbir resminama maglumatlaryny okuwçylara gös-göni özbaşdak öwrenmegi tabşyrmak.

## 4.8. Taryhy resminamanyň tekstiniň üstünde işlemegi guramagyň usullary

**Taryhy resminamanyň tekstiniň üstünde işlemeklik guralanda aşakdaky usullardan peýdalanylýar:**

- Resminamany mugallymyň özüniň derňemegini;
- Resminamany okuwçylaryň mugallymyň gönüden-göni ýolbaşçylygynda derňemeklerini;
- Mugallymyň ýumşy boýunça sapakda okuwçylaryň resminama boýunça özbaşdak işlerini;
- Mugallymyň ýumşy esasynda resminama boýunça okuwçylaryň özbaşdak öý işlerini;

## 4.9. Mugallymlara resminamalardan peýdalanylanda göz öňüne tutmak maslahat berilýän meseleler

**Mugallymlara resminamalardan peýdalanylanda, aşakdakylary göz öňünde tutmak maslahat berilýär:**

Mugallymyň özüniň okuwçylar bilen işlemek üçin saýlap alýan resminama maglumatlarynyň mazmunyny doly öwrenmegi;

Okuwçylaryň bilim derejesine, olaryň umumy taýýarlyklaryna, ýaş aýratynlyklaryna we akyl ýetiriş mümkinçiliklerine üns bermegi.

## 4.10. Taryh dersi okadylanda resminamalardan peýdalanmagyň okuwçylaryň okuw maglumatlaryny özleşdirmeklerine edýän kömegi

**Taryh dersi okadylanda resminamalardan peýdalanmak:**

↓

okuwçylarda anyk göz öňüne getirmeleri döretmäge;

↓

okuwçylaryň gyzyklanmalaryny we ünslerini ýokarlandyrmaga;

↓

okuw maglumatlarynyň has oňat özleşdirilmegine;

↓

okuwçylaryň pikirlenmeleriniň ösmegine;

↓

öwrenilen maglumatlaryň okuwçylaryň ýadynda  mäkäm galmagyna;

↓

mugallymyň soraglaryň ýa-da giňişleýin söhbetdeşligiň esasynda resminama bilen iş guramagy, resminamanyň mazmunyny okuwçylar bilen bilelikde derňemegi, sapakda uly bolmadyk ýatdan ýa-da ýazmaça ýumşy ýerine ýetirmek arkaly okuwçylaryň akyl işiniň ýokary derejede işjeňleşmegine;

↓

okuw işinde zerur bolan dürli görnüşdäki resminamalary tertibe salmak, resminama maglumatlaryny deňeşdirmek we ulgamlaşdyrmak, dürli görnüşdäki ýazgylary ýöretmek arkaly, resminama esasynda netije çykarmak başarnyklaryny we endiklerini kemala getirmäge hem-de kämilleşdirmäge kömek edýär.

# 5-nji tema: Taryh dersi okadylanda çeper edebiýatdan peýdalanmagyň usullary

## 5.1. Taryh sapaklarynda çeper edebiýatdan peýdalanmagyň ähmiýeti

**Taryh sapaklarynda çeper edebiýatdan peýdalanmak:**

↓

ozaly bilen okuwçylar üçin beýan edilýän taryhy maglumaty anyklaşdyrmaga, okuwçylarda geçmişiň anyk keşbini, ýagny taryhy göz öňüne getirmeleri döretmäge;

↓

Watanymyzyň ýerlerindäki binagärlik desgalary hakyndaky göz öňüne getirmäni döretmäge;

↓

gürrüňi edilýän döwrüň taryhy şahslarynyň keşbi baradaky göz öňüne getirmäni döretmäge;

↓

öwrenilýän taryhy hadysanyň düýp mazmunyny açmaga, öwrenilýän eýýam üçin häsiýetli bolan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny, kanunalaýyklyklary açmaga;

↓

öwrenilen maglumatlaryň okuwçylaryň ýadynda mäkäm galmagyna;

↓

çeper edebiýatda janlandyrylýan keşpler öwrenilýän taryhy hadysanyň häsiýetli alamatlaryny has gysga we täsirli ýollar bilen aýan etmäge kömek edýär.

## 5.2. Taryh sapaklarynda peýdalanylýan çeper edebiýatyň toparlary

**Çeper edebiýatyň toparlary**

| Öwrenilýän döwür hakynda soňraky döwürde, esasan-da, biziň döwürdeşlerimiz tarapyndan ýazylan eserler. | Wakanyň bolup geçýän döwründe şol eýýamyň awtorlary tarapyndan ýazylan eserler. |
|---|---|

## 5.3. Taryh sapagynda öwrenilýän eýýamyň edebi ýadygärlikleri hökmünde peýdalanylýan çeper edebiýatyň görnüşleri




## 5.4. Taryh sapaklarynda çeper edebiýatdan peýdalanylanda üns berilmeli meseleler



## 5.5. Çeper edebiýatdan peýdalanmak üçin taýýarlygyň usullary




## 5.6. Çeper edebiýatdan peýdalanmagyň usullary



## 6-njy tema: Umumy orta bilim berýän mekdeplerde taryh dersi okadylanda peýdalanylýan okuw-görkezme esbaplary, olaryň ähmiýeti we görnüşleri

### 6.1. Görkezme esbaply okatmagyň ähmiýeti

**Görkezme esbaply okatmaklyk şulara kömek edýär:**

- Halklaryň ýaşap geçen geografik gurşawy hakynda anyk göz öňüne getirmeleri döretmäge;
- Okuwçylary köp asyr mundan öň ýaşap geçen adamlaryň daşky keşpleri bilen tanyşdyrmaga;
- Jemgyýetdäki dürli durmuşy toparlar – daýhanlar, işçiler, şäherliler we beýlekiler hakynda göz öňüne getirmeleri döretmäge;
- Gurluşyk işleriniň nähili alnyp barlandygy, dürli döwürlerde binagärçiligiň häsiýetli aýratynlyklary, ol ýa-da beýleki döwürde ösüşiň şertlendirilen durmuş-ykdysady aýratynlyklary hakynda göz öňüne getirmeleri ýüze çykarmaga;
- Taryhy prosesde halk köpçüliginiň ornuny aýan etmek ýaly möhüm bilim-terbiýe berijilik meseleleri çözmekligi amala aşyrmaga;
- Okuwçylara terbiýe bermegiň bütin ulgamynda watançylyk, dostluk-doganlyk duýgularyny kemala getirmäge we ösdürmäge.

### 6.2. Görkezme esbaplaryndan peýdalanmagyň umumy düzgünleri

| **Görkezme esbaplaryndan peýdalanmagyň umumy düzgünleri aşakdakylardyr:** |
|---|
| 1. Sapakda görkezme esbaplaryny hetdenaşa köp peýdalanmak maslahat berilmeýär. Olaryň adatdan daşary köp bolmagy okuwçylaryň ünsüni sapagyň esasy mazmunyndan sowýar, bu bolsa onuň çuň özleşdirilmegine zyýan ýetirip biler. Şonuň üçin, bir ýa-da iki surat, bir-iki diagramma we ş.m. görkezme esbap ulanylsa, ýerlikli bolýar. |

2. Sapaga degişli görkezme esbap maglumatlaryny saýlamak üçin oňat oýlanmaly. Akyl ýetirijilik we ideýa-terbiýeçilik taýdan iň zeruryny, iň gymmatlysyny saýlamaly. Maglumat mazmun taýdan okuwçylar üçin güýçýeterli we kabul etmek üçin amatly bolmaly.
3. Görkezme esbap maglumatlaryny kabul etmeklige okuwçylary taýýarlamagyň hem düýpli ähmiýeti bar. Ol, adatça, görkezme esbabyň görkezilişine laýyklykda gürrüňiň ýa-da beýan etmäniň gidişinde amala aşyrylýar.
4. Görkezme esbaplaryny ýerlikli ulanmak zerurdyr.
   Mugallymyň sözi görkezme esbap boýunça kabul etmäni ýeňilleşdirýär, tertipleşdirýär, gönükdirýär, okuwçylaryň aňynda olaryň keşplerini baýlaşdyrýar we anyklaşdyrýar.

## 6.3. Okuw-görkezme esbaplarynyň mazmuny we görnüşi boýunça toparlara bölünişi

**Okuw-görkezme esbaplaryny mazmuny we görnüşi boýunça alymlaryň birnäçesi iki topara bölýärler:**

- Çekilen (Şekillendirilen)
- Şertli-grafiki (okuw maglumatlaryny şertli görnüşde grafiki usulda beryän)

## 6.4. Okatmagyň dürli serişdeleriniň toparlara bölünişiniň beýleki bir görnüşi

**Usulyýetçileriň beýleki bir topary, okatmagyň dürli serişdelerini aşakdaky ýaly toparlara bölýär:**

↓

Görkezme esbaplarda peýdalanylýan maglumatyň häsiýeti boýunça (resminama ýa-da çeper);

↓

Kabul edilişiniň görnüşi boýunça (görüş, görüş-eşidiş, eşidiş);

↓

Maglumat bermegiň usullary boýunça (tehniki apparatlaryň kömegi bilen ýa-da olarsyz – däp bolan nusgawy usul bilen, hereketsizlikde ýa-da hereketiň barşynda);

↓

Görkezme esbaplar bilen işiň guralyşy boýunça (görkezilýän esbaplar esasynda köpçülikleýin iş we paýlanylýan surat maglumatlary esasynda toparlaýyn ýa-da aýratynlykda iş);

## 6.5. Okuw görkezme esbaplarynyň toparlary




# 7-nji tema: Taryh sapaklarynda şertli-grafiki okuw--görkezme esbaplaryndan peýdalanmagyň usullary

## 7.1. Taryh sapagynda şertli-grafiki görkezme esbaplaryndan peýdalanmagyň ähmiýeti




## 7.2. Şertli-grafiki görkezme esbaplaryň görnüşleri



## 7.3. Sarahs söweşiniň meýilnamasy

**SARAHS SÖWEŞI (1855)**




## 7.4. Çekilen-şekillendirilen okuw-görkezme esbaplary

**Çekilen-şekillendirilen okuw-görkezme esbaplarynyň görnüşleri:**

- Wakalaýyn suratlar
- Tipiki suratlar
- Taryhy peýzaž
- Taryhy portretler

## 7.5. Taryhy şahsyýetleriň portretleri bilen işlemegiň usullary

**Taryhy portretler bilen işlemegiň usullarynyň meýilnamasynda şulary tapawutlandyrmak zerur:**

- Sýužetli portret şekillendirmesi şol şahsyýetiň durmuşy ýa-da işi üçin häsiýetli bolýar
- Toparlaýyn portret taryhy portretleriň bir görnüşidir

## 8-nji tema: Sapakda taryhy kartalardan peýdalanmak

### 8.1. Taryhy kartalaryň görnüşleri

**Kartalaryň esasy görnüşleri:**

- Umumy karta
- Tematik karta
- Çäkleýin-syn kartasy (Territorial-obzor karta)

### 8.2. Taryhy kartalardan peýdalanmagyň ähmiýeti

**Kartalar bilen işlemeklik şulara kömek edýär:**

- Okuwçylaryň akyl ýetirijilik mümkinçiliklerini, özbaşdak işlemek ýaly endiklerini ösdürmäge;
- Taryhy wakalaryň sebäplerine gowy düşünmäge;
- Wakalary düşündirmäge, olaryň arasyndaky arabaglanyşygy dikeltmäge;
- Taryhy wakanyň bolan ýerini görkezmäge we wakanyň bolup geçen wagty nähili tebigy şertleriň bolandygyny seljermäge;
- Geçilen maglumatlary oňat özleşdirmäge.

### 8.3. Taryhy kartalary okamagy öwretmegiň usullary

**Taryhy kartalary okamagy öwretmegiň esasy usullary**

- Öwrenilýän ýurtlaryň ýarym şarlaryň niresinde ýerleşýändigini hek bilen daşyny aýlap, çyzyp görkezmek
- Deňizleriň, ýarym adalaryň we beýlekileriň nähilidir bir şekiliniň bardygyny nämedir bir zada meňzetmek arkaly öwretmek
- Haýsydyr bir zady belläp, şol zady tapmak usuly
- Taryhy kartalarda şertli belgileriň okalyş usullaryny peýdalanyp bilmegi öwretmek

## 8.4. Taryhy kartalarda ulanylýan şertli belgiler

**Taryhy kartalarda ulanylýan şertli belgiler aşakdakylardyr:**

- Ykdysady ýagdaýlary görkezýän şertli belgiler (gury ýer we suw söwda ýollary, mis we daş gazylyp alynýan ýerler, dürli gurluşyklar we ş.m);
- Gozgalaňlaryň bolan ýerlerini görkezýän şertli belgiler;
- Ugur görkeziji çyzyklar;
- Zähmetkeşler köpçüliginiň çykyşlaryny, azat edijilik hereketini aňladýan şertli belgiler;
- Ugur görkeziji tutuşlaýyn ýa-da arasy bölünýän dürli reňkdäki çyzyklar;
- Içe eglibräk, bir zadyň daşyna aýlanyp duran ýaly edilip görkezilen taýajyklar;
- Ok-ýaýyň, ýaraglaryň sepleşýän ýerleriniň, tigirli topuň, ýaragyň çekilmegi;
- Käbir halklaryň, döwletleriň atlarynyň tutuş liniýa bilen däl-de, arasy kesilýän harplar bilen ýazylmagy;
- Ýeke ýa-da iki çyzyk bilen töweregine aýlanan, käwagt ortasynda nokat ýa-da reňkli tegelejik, iki tegelejik goýlan şertli belgiler;
- Ýaşyl reňk;
- Arasy kesilýän ýa-da tutuşlaýyn inçe çyzyklar;

# IV BÖLÜM

## UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERDE TARYH DERSI BOÝUNÇA SYNPDAN DAŞARY GEÇIRILÝÄN IŞLER

### 1-nji tema: Taryh dersi boýunça synpdan daşary geçirilýän işler, olaryň zerurlygy we ähmiýeti. Synpdan daşary okuw

### 1.1. Synpdan daşary geçirilýän işleriň esasy görnüşleri




### 1.2. Synpdan daşary geçirilýän işleriň görnüşleri




### 1.3. Synpdan daşary okuwy guramak üçin okuwçylara berilmegi teklip edilýän soraglar



## 1.4. Okuwçylaryň synpdan daşary wagtlarda özbaşdak okamaklaryny guramak üçin okalmaly kitaplary hödürlemegiň usuly

| T.b. | Temalar | Kitabyň, makalanyň awtory we ady | Neşir edilen ýyly | Kitabyň gysgaça mazmuny |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Köneürgenç türkmenleriniň döwleti | W.Ýan. «Jelaletdin» | 1992-nji ýyl | Bu kitapda, esasan, türkmen halkynyň orta asyrlar döwrüniň taryhyndan söhbet açylýar |
| 2 | Marynyň patyşa Russiýasyna mejbury birikmegi | Kulyýew G. «Güljemal han» | 1988-nji ýyl | Romanda Güljemal hanyň taryhy keşbi onuň parahatçylykly ýaşaýyş üçin alyp baran işleriniň esasynda çeper suratlandyrylýar |

## 1.5. Okuwçylaryň synpdan daşary wagtlarda özbaşdak okan kitaplaryny jemlemek üçin edilmeli belligiň nusgasy

| № | Awtoryň familiýasy, kitabyň ady, neşir edilen ýeri we ýyly | Okalan wagty | Kitabyň gysgaça mazmuny | Kitapdan alnan jümleler hem-de kitabyň täsiri baradaky bellikler |
|---|---|---|---|---|

## 1.6. Okuwçylara özbaşdak kitap okamaklyk tabşyrylanda berilmeli maslahatlar:



## 1.7. Okuwçylaryň bilimlerini berkitmek, giňeltmek maksady bilen bäsleşikler geçirilende peýdalanmak maslahat berilýän soraglar

**Şularyň üsti bilen aşakdaky ugurlar boýunça okuwçylaryň bilimlerini berkitmek, giňeltmek bolýar:**

Taryhy wakalaryň anyklygyna şaýatlyk edýän elementleriň biri hökmünde taryhy kartalar okuwçylarda anyk taryhy maglumatlaryň kemala gelmegine ýardam edýär.

Taryhy temada şekillendirilen suratlara düşünmeklerini gazanmak we bilim bermek maksady bilen geçirmek.

Wakalaryň yzygiderliligi boýunça soraglar bermek.

Bir ýeriň, ýurduň taryhy atlarynyň jemi bilen tanyşdyrmak üçin ýaryşlar guramak hem bolýar.

Enjamlar bilen, şol sanda, harby enjamlar bilen tanyşlygy öz içine alýan soraglar.

## 1.8. Bäsleşikler geçirilende peýdalanmak teklip edilýän ýumuşlaryň görnüşleri

**Okuwçylara teklip edilýän ýumuşlar**

- Öz ülkäň barada taryhy maglumatlary özünde jemleýän düzme ýazmak
- Depeleriň, gowaklaryň, taryhy wakalaryň bolan ýerleriniň, (hüjümleriň, goranyşlaryň) ýazgysyny taýýarlamak
- Çyzgy, karta, panorama, maket, surat ýaly görkezme esbaplaryny taýýarlamak
- Okuwçylaryň geçen zamanlarda peýdalanylan zähmet gurallary, gadymyýetiň tapyndylary bolan taryhy zat ýadygärlikleri baradaky düşünjelerini barlamak
- Köne teňňeleriň toplumyny ýygnamak

## 2-nji tema: Taryh gurnagy we ony ýöretmegiň usullary

### 2.1. Taryh gurnagynyň işini ýola goýmagyň usullary

- **Gurnak işleri okuwdan soňra we anyk tertip boýunça geçirilýär**
- Okuwçylaryň her birine ikiden köp gurnaga gatnaşmaga rugsat berilmeýär
- Gurnak agzalarynyň sany 9-10 okuwçydan az bolmaly däldir
- Gurnak, adatça, bir deň ýaşdaky bir ýa-da birnäçe synplaryň okuwçylaryny özünde jemleýär
- Emma oňa dürli ýaşdaky okuwçylary hem çekmek bolýar
- Gurnagyň ähli agzalary bildirilýän talaplary doly ýerine ýetirmäge borçludyrlar
- Okuwçy bildirilýän talaplary ýerine ýetirmese, onda ol gurnakdan çykarylýar
- Käbir halat-larda gurnaga gowşak ýetişýän okuwçylary hem kabul etmek bolýar
- Gurnaga agza bolmak isleýän her bir okuwçy gurnakda näme iş bilen meşgul bolmalydygyny, onda nähili bilim hem endik öwrenýändigini bilmelidir

### 2.2. Taryh gurnagynyň temasyny saýlap almagyň ugurlary

**Gurnagyň temasy hökmünde saýlanyp alnyp bilner:**

- Harby taryh
- Döwletleriň we döwlet dolandyrylyşyň taryhy
- Medeniýetiň taryhy
- Sungatyň taryhy
- Taryhy ülkäni öwreniş boýunça temalar we ş.m

## 2.3. Taryh gurnagynda taýýarlanylýan nutuklaryň görnüşleri




# 3-nji tema: Taryh agşamy, ony taýýarlamagyň we geçirmegiň usullary

## 3.1. Taryh agşamynyň maksady we meseleleri



## 3.2. Taryh agşamyna taýýarlanmagyň düzgüni

| Taryh agşamyna taýýarlanmagyň ilkinji basgançagy | |
|---|---|
| | Taryh mugallymy tomus dynç alşy döwründe täze okuw ýylynda nähili temalarda agşamlaryň geçiriljekdigi hakynda oýlanmaly |
| | Okuw ýylynyň başynda mugallym işjeň okuwçylar bilen maslahatlaşyp, olaryň taryh boýunça nähili temalarda agşam geçirmek isleýändiklerini anyklamaly |
| | Mugallym olara agşamyň mysaly temalarynyň mazmunyny gysgaça aýdyp berip, ara alyp maslahatlaşmak üçin teklip etmeli |
| | Işjeň okuwçylara maglumat ýygnamak boýunça ýumuş tabşyrmaly |

## 3.3. Taryh agşamyny taýýarlamak boýunça iş toparynyň düzümi

**Taryh agşamyny taýýarlamak boýunça iş toparynyň düzümi:**

| Taryh, surat, aýdym-saz, zähmet, türkmen dili we edebiýaty mugallymlary | Synp ýolbaşçysy | Işjeň okuwçylaryň topary | Taryh gurnagynyň agzalary |
|---|---|---|---|

## 3.4. Taryh agşamynyň geçiriljek synp otagy taýýarlanylanda üns berilmeli zatlar

**Taryh agşamy taýýarlanylanda synp otagynda aşakdakylara üns bermeli:**

- Agşamyň temasynyň ady uly, owadan edilip, ündew kagyzyna ýazylmaly;
- Taryhy şahsyýetleriň, serkerdeleriň portretleri, çekme suratlar, taryhy albomlardan alnan suratlar, söweşleriň çyzgylary, meýilnamalary ýerleşdirilmeli;
- Agşamyň temasyna bagyşlanylan aýratyn synplaryň taýýarlan ýa-da umumy mekdep boýunça taýýarlanylan maglumatlar goýulmaly;
- Agşamyň temasy boýunça çeper-taryhy we ylmy-populýar edebiýatlaryň sergisini guramaly;
- Okuwçylaryň agşama taýýarlan albomlarynyň, žurnallarynyň, portretleriniň, suratlarynyň, maketleriniň ýerleşdirilmegine üns bermeli;

Kagyzdan taýýarlanylan dürli bezegleri görnükli ýerde goýmaly;

Agşamda çykyş edýänleriň familiýasy, ady görkezilen bolmaly. Çeper ýerine ýetirilen maksatnamanyň taýýarlanylmagyny ünsden düşürmeli däl;

Agşamyň myhmanlar hem mekdep ýolbaşçylary üçin niýetlenilen suratlar bilen bezelen maksatnamasy-da taýýarlanylmaly.

## 4-nji tema: Taryh dersi boýunça okuw gezelençlerini guramagyň we geçirmegiň usullary

### 4.1. Okuw gezelençleriniň biri-birinden mazmuny we guralyşy boýunça tapawutlandyrylýan esasy üç görnüşi:

1. Ýerli ülkä we uzak ýerlere guralýan ülkäni öwreniş okuw gezelenji.

2. Muzeýlere guralýan okuw gezelenji.

3. Toplumlaýyn (beýleki dersler boýunça-da maglumat berýän) okuw gezelenji.

### 4.2. Taryhy ülkäni öwreniş okuw gezelenjiniň görnüşleri

**Taryhy ülkäni öwreniş okuw gezelenjiniň esasy görnüşleri**

- Taryhy okuw gezelenji;
- Arheologik gezelenç;
- Şähere, oba guralýan okuw gezelenji;
- Önümçilik kärhanasyna okuw gezelenji;
- Taryhy-medeni okuw gezelenji;
- Sungaty öwreniş boýunça okuw gezelenji;
- Taryhy şahsyýetleriň öý muzeýlerine okuw gezelenji
- Harby-taryhy okuw gezelenji

## 4.3. Okuw gezelençlerinde peýdalanylýan usullar

**Okuw gezelençlerinde peýdalanylýan esasy usullar**

- Görkezmek
- Gürrüň bermek
- Söhbetdeşlik

*1-nji krossword*

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | **B** | ä | s | l | e | ş | i | k | l | e | r |
| m | u | l | t | **I** | m | e | d | i | a | | | | | |
| | | | y | **L** | m | y | l | y | k | | | | | |
| | | | t | **I** | p | i | k | | | | | | | |
| | | | | **M** | a | k | s | a | t | n | a | m | a | |

**Keseligine:**

1. Synpdan daşary geçirilýän işleriň görnüşleriniň biri.
2. Şol bir wagtyň özünde ses, grafika, wideoşekil, tekst ulanmagy üpjün edýän ulgam.
3. Taryh boýunça okuw kitaplaryndan edilýän talaplaryň biri.
4. Öwrenilýän eýýam üçin häsiýetli bolan taryhy hadysalary şöhlelendirýän suratlaryň bir görnüşi.
5. Taryh mugallymlary, usulyýetçiler we alymlar tarapyndan düzülýän okuw resminalarynyň biri.

*2-nji krossword*

| | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | **S** | i | n | h | r | o | n | i | k |
| u | t | g | **A** | ş | d | y | r | y | l | a | n |
| | a | p | **P** | a | r | o | w | i | ç | | |
| | | | **A** | k | t | | | | | | |
| | | | **K** | a | r | t | a | | | | |

**Keseligine:**

1. Tablisalaryň bellibir döwrüň içinde birnäçe ýerlerde, birnäçe ýurtlarda bolup geçen taryhy wakalaryň we hadysalaryň mazmunyny açyp görkezýän görnüşi.
2. Sapagyň bir görnüşi.
3. Görkezme esbaply okatmak meselesini öwrenen alymlaryň biri.
4. Taryhy resminamalaryň bir görnüşi.
5. Okuw-görkezme esbaplarynyň bir görnüşi.

*3-nji krossword*

| | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | **G** | ö | r | k | e | z | m | e | k | |
| | | n | **U** | s | g | a | w | y | | | | |
| | e | w | **R** | i | s | t | i | k | | | | |
| h | r | o | **N** | o | l | o | g | i | k | | | |
| | | | **A** | r | h | e | o | l | o | g | i | k |
| | | y | **K** | d | y | s | a | d | y | | | |

**Keseligine:**

1. Okuw gezelençlerinde peýdalanylýan esasy usullaryň biri.
2. Taryhy okatmagyň esasy usullarynyň biri.
3. Söhbetdeşlik usulynyň görnüşi.
4. Taryhy tablisalaryň görnüşleriniň biri.
5. Taryhy ülkäni öwreniş okuw gezelenjiniň görnüşleriniň biri.
6. Shemalaryň bir görnüşi.

## Taryhy okatmagyň nazaryýeti we usulyýeti dersi boýunça geçilenleri test usuly arkaly barlamak

Öwrenilen okuw maglumatlarynyň has çuň özleşdirilmegini gazanmak üçin olaryň özleşdirilişini dürli görnüşli usullary peýdalanmak arkaly barlamaklyk oňat netije berýär. Bilimleri barlamagyň häzirki zaman we işjeň hem-de netijeli usullarynyň biri test usulydyr. Sebäbi test arkaly bilim barlanylanda, gysga wagtda, birbada birnäçe okuwçynyň ýa-da talybyň bilimini barlamaga mümkinçilik bolýar. Şonuň üçin, hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamynyň işgärleriniň öňünde goýan wezipelerini çözmekde dürli görnüşli testlerden peýdalanylsa, has ýerlikli bolar.

Bilşimiz ýaly, testler birnäçe sowalyň arasyndan dogry jogaby saýlamaly ýönekeý ýazgy-tekst görnüşinde, şeýle-de çekilen ýa-da şekillendirilen surat görnüşlerinde-de bolup bilýär.

Gollanmada berlen testler Taryhy okatmagyň nazaryýeti we usulyýeti dersiniň okuw kitabynyň bölümleri boýunça, ýagny her bölümde berilýän temalaryň her biriniň mazmunyna laýyklykda, temalar boýunça düzülip taýýarlanyldy. Gollanmada ýerleşdirilen testler talyplar bilen aýyň dowamynda öwrenilenleriň özleşdirilişini barlamak niýeti bilen geçirilýän aralyk jemlemelerde, temalaryň mazmunynyň özleşdirilişini anyklamak üçin söhbet, amaly sapaklarda toparyň talyplary bilen, şeýle-de birnäçe ýa-da belli-belli talyplar bilen hem geçirilip bilner.

Gollanmada berlen testleriň her birinde dört sany jogap bar. Jogaplaryň ýeke biri dogry. Testleri dogry çözüp, oňat netije gazanmak üçin jogaplaryň arasyndan haýsy dogry bolsa şonuň daşyny tegeläp çyzmak bilen bellemeli.

Testleriň netijeleri 50-lik ball bilen çykarylýar ýa-da kesgitlenilýär. Testleriň 50 %-niň jogabyny bilmedik talyplar test synagyndan geçip bilmedik hasaplanylýar. Test sowallarynyň 51–74 %-ni bilen talyp 3-lük, 75–84 %-ni bilenler 4-lük, 85–100 %-ni bilen talyplar bolsa, 5-lik baha bilen bahalandyrylýar.

## TESTLER

### Giriş boýunça testler

**1. Usulyýeti ähli dersler üçin birmeňzeş, ýörelgeleri umumy bolan pedagogik ylym diýip ykrar edýän usulyýetçiler?**

a) A.Stražew, A.A.Wagin, P.W.Gora;
b) P.S.Leýbengrub, F.P.Korowkin;
ç) W.N.Bernadskiý, N.W.Andreýewskaýa;
d) N.G.Daýri, D.N.Nikiforow.

**2. Usulyýeti ýörite pedagogik ylym diýip ykrar edip, okatmagyň we şahsyýeti terbiýelemegiň meselelerini dersiň mazmunynyň üsti bilen çözýär diýip hasap edýän usulyýetçiler?**

a) A.I.Stražew, A.A.Wagin, P.W.Gora;
b) P.S.Leýbengrub, F.P.Korowkin;
ç) W.N.Bernadskiý, N.W.Andreýewskaýa;
d) N.G.Daýri, D.N.Nikiforow.

**3. Usulyýeti ylym däl-de, ol "bu ugurdan hödürnamalary, usuly maslahatlary taýýarlamagyň ýollaryny salgy berýär, usulyýetde işiň tejribe tarapy agdyklyk edýär" diýen garaýşy öňe sürýän alymlar?**

a) A.I.Stražew, A.A.Wagin, P.W.Gora;
b) P.S.Leýbengrub, F.P.Korowkin;
ç) W.N.Bernadskiý, N.W.Andreýewskaýa;
d) N.G.Daýri, D.N.Nikiforow.

**4. Taryhy okatmagyň nazaryýeti we usulyýeti dersiniň öwrenýän predmeti?**

a) Mugallymyň okadyşy we okuwçylaryň taryhy öwrenýän pedagogik prosesi;
b) Okatmagyň pedagogik serişdeleri;
ç) Okuw işiniň guralyşy;
d) Esasy taryhy wakalaryň saýlanylyp alnyşy we mekdep dersiniň mazmunyna girizilişi.

**5. Taryhy okatmagyň nazaryýeti we usulyýeti dersi bilen arabaglanyşykly ylymlar?**

a) Pedagogika, psihologiýa, filosofiýa, sosiologiýa;
b) Geografiýa, kartografiýa, botanika, zoologiýa;
ç) Arheologiýa, gadymy dünýä taryhy, orta asyrlar taryhy, etnografiýa;
d) Muzeý öwreniş, ülkäni öwreniş, täze taryh, iň täze taryh.

**6. Mugallym bilen okuwçynyň arasyndaky okuw işiniň häsiýeti?**

a) Gyzykly;
b) Kyn;
ç) Çylşyrymly we köptaraply;
d) Täsin.

**7. Taryhy okatmagyň nazaryýeti we usulyýeti dersiniň öwrenýän meselesi?**

a) Taryhy nähili okatmaly diýen meseläni öwrenýär;
b) Taryhy okatmagyň kanunalaýyklygyny öwrenýär;
ç) Taryhy okatmagyň usullaryny öwrenýär;
d) Taryh dersi boýunça sapakdan daşary işleri geçirmegiň usullaryny öwrenýär.

**8. Usulyýet barlaglary näme esasynda guralýar?**

a) Dersara baglanyşyk;
b) Orta atylan çaklamalary barlamak we maglumat alynýan mekdepleriň tejribesini öwrenmek;
ç) Okuw işine gözegçilik etmek;
d) Öňdebaryjy iş tejribäni öwrenmek.

**9. Usulyýet boýunça barlag, esasan, näçe usul arkaly alnyp barylýar?**

a) 1;
b) 2;
ç) 3;
d) 4.

**10. Okatmagyň tejribesini barlamaklyga haýsylar girýär?**

a) Mugallymlaryň nutuklary we habarlary, sapaklaryň ýazgylary, okuwçylaryň ýazuw işleri;

b) Derňelen sapaklaryň beýany;

ç) Geçirilen anketalar;

d) Pedagogik neşirlerde açylyp görkezilýän tejribäni, okatmagyň netijeleri açylyp görkezilýän resminamalary öwrenmek we okuw işine gönüden-göni gözegçilik etmek.

6. Sargyt № 2583

# I BÖLÜM

## TARYH DERSINI OKATMAGYŇ USULYÝETI

### I

**1. Ýurdumyzyň mekdepleriniň öňünde bilim we terbiýeçilik ulgamyna täzeden düýpli seretmek meselesiniň goýlan wagty?**

a) 1917-nji ýylyň Oktýabr wakasyndan soň;
b) 1920-nji ýylyň sentýabr aýy;
ç) 1934-nji ýylyň 15-nji maýy;
d) XX asyryň 30-njy ýyllary.

**2. 1917-nji ýylyň Oktýabr rewolýusiýasyndan soň mekdeplerde okatmagyň mazmunyny we usullaryny üýtgetmegiň öňe sürlen esasy ugry?**

a) Has irki döwürleri gysgaldyp öwrenmek;
b) Esasan, täze döwri öwrenmek;
ç) Okatmagy durmuş bilen baglanyşdyrmak;
d) Halk köpçüliginiň durmuşyny öwrenmek.

**3. 1920-nji ýylyň okuw maksatnamasynda okuwçylara öwretmek üçin öňe sürlen meseleler?**

a) Halk köpçüliginiň durmuşy, öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň ösüşi, synplar we synpy göreş;
b) Watanymyzyň taryhynyň täze döwrüni öwretmek;
ç) Watanymyzyň taryhyny dünýä taryhy bilen baglanyşdyryp öwretmek;
d) Taryhy wakalary hronologik yzygiderlikde öwretmek.

**4. Ýurduň mekdeplerinde taryhy okatmagyň ýagdaýyny düýpli üýtgeden karar?**

a) «Mekdeplerde taryhy okatmaklygyň tertibini üýtgetmek hakynda»;

b) «Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda»;
ç) «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda»;
d) «SSSR-iň mekdeplerinde graždan taryhyny okatmak hakynda».

**5. Ýurduň mekdeplerinde taryhy okatmagyň ýagdaýyny düýpli üýtgeden kararyň kabul edilen wagty?**
a) 1917-nji ýylyň 15-nji dekabry;
b) 1920-nji ýylyň 14-nji maýy;
ç) 1930-njy ýylyň 17-nji noýabry;
d) 1934-nji ýylyň 15-nji maýy.

**6. Taryh dersinden III–X synplar üçin ilkinji maksatnamalarynyň işlenilip düzülen wagty?**
a) XX asyryň 20-nji ýyllary;
b) XX asyryň 30-njy ýyllary;
ç) XX asyryň 30-njy ýyllarynyň ortalary;
d) XX asyryň 40-njy ýyllary.

**7. «SSSR Konstitusiýasy» dersiniň öwrenilip başlanan wagty?**
a) 1936-njy ýyl;
b) 1937-nji ýyl;
ç) 1938-nji ýyl;
d) 1939-njy ýyl.

**8. Başlangyç synplar bilen birlikde ýokary synplarda we ýokary okuw mekdeplerinde SSSR taryhy dersi üçin ýörelgäni işläp taýýarlamakda möhüm ähmiýete eýe bolan taryh kitabyny taýýarlan awtorlar toparynyň ýolbaşçysy?**
a) A.W.Mişulin;
b) A.M.Pankratowa;
ç) A.E.Kosminskiý;
d) A.W.Şestakowa.

**9. Heniz taryh dersinden okuw kitaplary ýazylyp neşir edilmänkä, sapagy guramagyň we ony geçirmegiň haýsy usullaryndan peýdalanylypdyr?**

a) Taryhy okatmagyň usullaryndan peýdalanylyşy dürli-dürli bolup, her mugallym öz bilýän usullary boýunça okadypdyr;

b) Taryhy okatmagyň usullaryndan peýdalanylyşynyň köp aýratynlyklary bolup, her mugallym öz tapan maglumatlaryny öwredipdir;

ç) Taryhy okatmagyň usullaryndan peýdalanylyşy birmeňzeş bolup, mugallymlar temanyň mazmunyny beýan edipdirler, okuwçylar öz mümkinçilikleri boýunça ýazyp alypdyrlar, indiki sapakda bolsa, eşidenlerini gaýtalapdyrlar;

d) Mugallymlar öz mümkinçiliklerine görä taryhy okatmagyň usullaryndan peýdalanyp, sapaklary gurapdyrlar.

**10. «Mekdeplerde taryhy okatmaklykda käbir üýtgeşmeler hakynda» diýen kararyň kabul edilen wagty?**

a) 1934-nji ýylyň 15-nji maýy;

b) 1936-njy ýylyň 5-nji sentýabry;

ç) 1959-njy ýylyň 8-nji oktýabry;

d)1965-nji ýylyň 14-nji maýy.

**11. Mekdeplerde SSSR taryhy bilen berk baglanyşykly soýuz respublikalaryň taryhyny öwrenmeklik bellenilen karar?**

a) «Mekdeplerde taryhy okatmaklykda käbir üýtgeşmeler hakynda»;

b) «Mekdeplerde taryhy okatmaklygyň tertibini üýtgetmek hakynda»;

ç) «Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda»;

d) «SSSR-iň mekdeplerinde graždan taryhyny okatmak hakynda».

**12. Taryh dersi bilen berk baglanyşykly Jemgyýeti öwreniş dersiniň öwrenilip başlanan wagty?**

a) 1960–1961-nji okuw ýylynda;

b) 1962–1963-nji okuw ýylynda;

ç) 1963–1964-nji okuw ýylynda;

d) 1965–1966-njy okuw ýylynda.

**13. «Mekdeplerde taryhy okatmaklygyň tertibini üýtgetmek hakynda» diýen kararyň kabul edilen wagty?**
a) 1934-nji ýylyň 15-nji maýy;
b) 1936-njy ýylyň 5-nji sentýabry;
ç) 1959-njy ýylyň 8-nji oktýabry;
d) 1965-nji ýylyň 14-nji maýy.

**14. «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Permanyň kabul edilen wagty?**
a) 2007-nji ýylyň 15-nji fewraly;
b) 2007-nji ýylyň 4-nji marty;
ç) 2007-nji ýylyň maýy;
d) 2007-nji ýylyň iýuny.

## II

**1. Taryhy okatmagyň mazmunyny we meselesini kesgitleýän ders boýunça okuw maksatnamasy nähili resminama?**
a) Ýöriteleşdirilen mekdepler üçin niýetlenilen resminama;
b) Aýry-aýry mekdepler üçin niýetlenilen resminama;
ç) Hususy mekdepler üçin niýetlenilen resminama;
d) Hemme mekdepler we mugallymlar üçin hökmany bolan döwlet resminamasy.

**2. Okuw maksatnamasynda haýsy zatlar görkezilýär?**
a) Özleşdirmäge degişli bolan bilimiň göwrümi, başarnyklaryň we endikleriň sanawy;
b) Okatmagyň düzgünleri;
ç) Okatmagyň usullary;
d) Okatmagyň tärleri.

**3. Sapakda hökmany we çuň özleşdirilmeli, derňelmeli esasy taryhy faktlary, düşünjeleri we ş.m. mugallymlar nähili anyklap bilýärler?**
a) Okuw kitabynda berlişi boýunça;
b) Usulyýet edebiýatlarynda berlişi boýunça;

ç) Usulyýet gollanmalarynda berlişi boýunça;
d) Okuw maksatnamasynda berlişi boýunça.

**4. Okuw maksatnamasynda dersara we temara baglanyşyk göz öňünde tutulýarmy?**
a) Tutulmaýar;
b) Tutulýar;
ç) Düzgün boýunça tutulmaly däl;
d) Käte tutulýar.

**5. Mugallymlaryň gollanmaklary üçin okuwçylaryň bilimlerini bahalandyrmagyň ölçeglerini häsiýetlendirýän goşmaça we esasy usulnama edebiýatynyň berilýän ýeri?**
a) Okuw kitaby;
b) Usulnama edebiýaty;
ç) Okuw meýilnamasy;
d) Okuw maksatnamasy.

**6. Öwrenilmäge degişli dersler, olaryň okuw ýyly boýunça bölünişiniň yzygiderliligi, ýylyň dowamynda, çärýekde, hepdede okalmaly okuw sagatlarynyň mukdary haýsy resminamada görkezilýär?**
a) Okuw maksatnamasynda;
b) Ýyllyk žurnallarda;
ç) Okuw meýilnamasynda;
d) Bilim minisrtliginiň ugrukdyryjy resminamalarynda.

**7. Mugallym okuw meýilnamasyndan peýdalananda nämä salgylanmaly?**
a) Iş tejribesine;
b) Okuw kitabyna;
ç) Okuw maksatnamasyna;
d) Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň ugrukdyryjy görkezmelerine.

**8. Okuw maksatnamasy düzülenden soň, ilki bilen nähili iş geçirilýär?**
a) Güýje girýär;
b) Mekdeplerde peýdalanyp başlaýarlar;
ç) Ara alyp maslahatlaşmak üçin taryh mugallymlaryna hödürlenilýär;
d) Çap edilip ýaýradylýar.

**9. Okuw maksatnamasy haçan tassyklanylýar?**
a) Düzülenden soň;
b) Synagdan geçenden soň;
ç) Ulanylyp görlenden soň;
d) Mugallymlar onuň mazmuny bilen tanşyp, öz tekliplerini beýan edenlerinden soň.

**10. Okuw maksatnamasy haçan güýje girýär?**
a) Düzülip tamamlanandan soň;
b) Metbugatda taslamasy çap edilenden soň;
ç) Mugallymlar ulanyp görenlerinden soň;
d) Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanandan soň;

**11. Okuw maksatnamasynyň başynda onuň haýsy bölegi ýerleşdirilýär?**
a) Teksti;
b) Usulyýet edebiýatlary;
ç) Mugallymlar üçin goşmaça edebiýatyň sanawy;
d) Düşündiriş haty.

## III

**1. Mekdep okuwçylarynyň durmuşynda okuw kitabynyň tutýan orny?**
a) Taryh dersi boýunça esasy we gündelik okalýan;
b) Taryh dersi boýunça gymmatly we özüne çekiji;
ç) Taryh dersi boýunça tapylgysyz we gyzykly;
d) Taryh dersi boýunça birinji we esasy, käte bolsa ýeke-täk.

**2. Taryh dersinden okuw kitaplary ýazylanda, olaryň usulyýet taýdan gurluşyna bildirilýän talaplar?**

a) Ylmylyk, güýçýeterlilik, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary, hronologik yzygiderlilik, dürli okuw-görkezme esbaplaryň we uly bolmadyk maglumat beriji materialyň we beýlekileriň bolmagy;

b) Okuw kitaplarynyň edebi eserler ýaly gyzykly bolmagy, okuwçylaryň kitaby ýadaman okamaklaryna mümkinçilik bermegi;

ç) Okuw kitaplaryndan okuwçylaryň islän maglumatlaryny tapyp bilmekleri, ellerinden düşürmän okamaklaryny üpjün etmegi;

d) Okuw kitaplarynyň okuwçylary özüne çekijiliginiň güýçli bolmagy, terbiýeleýjilik mümkinçilikleriniň ýokary bolmagy.

**3. Okuw kitabynda taryhy faktlaryň berlişine bildirilýän talaplar?**

a) Anyk beýan edilmegi;

b) Düşnükli, anyk we ýeterlik derejede beýan edilmegi;

ç) Düşnükli beýan edilmegi;

d) Gysga görnüşde beýan edilmegi.

**4. Okuw kitabynda taryhy faktlar az bolanda ýüze çykýan ýagdaý?**

a) Netijeleri subut etmek kyn bolýar, okuwçylar düşünjeleri ýeterlik derejede özleşdirip bilmeýärler;

b) Okuwçylara geçilen okuw maglumatlaryny özleşdirmek ýeňil bolýar;

ç) Öwrenilýän maglumatlar okuwçylaryň ýadynda uzak wagtlap saklanýar;

d) Öwrenilýän okuw maglumatlaryny gürrüň bermek aňsat bolýar.

**5. Okuw kitabynda taryhy faktlar, atlar köp bolanda ýüze çykýan ýagdaý?**

a) Öwrenilen okuw maglumatlaryny ýatda saklamak okuwçylara kyn düşýär;

b) Taryhy maglumatlaryň çalt özleşdirilmegine ýardam edýär;

ç) Köp taryhy faktlary, atlary öwrenmeklik okuwçylaryň esasy ünsüni özüne çekýär, öwrenilýän wakalaryň arasyndaky ara-

baglanyşygy we aragatnaşygy okuwçylaryň düşünip özleşdirmeklerine päsgel berýär;
d) Okuwçylaryň köp maglumatlary özleşdirmeklerine getirýär.

**6. Köp ýyllyk iş tejribesi bolan usulyýetçiler belleýärler:**
a) Taryh boýunça okuw kitabynyň gysgalygynyň işi ýeňilleşdirmän, eýsem, kynlaşdyrýandygyny;
b) Taryh kitaplarynyň gysga beýan edilmeginiň zerurdygyny;
ç) Taryhy şahsyýetleriň häsiýetleriniň rowaýatlaryň üsti bilen açylyp görkezilmeginiň gerekdigini;
d) Taryhy şahsyýetleriň bitiren işlerini beýan etmekligi gürrüň bilen amala aşyrmagyň zerurdygyny.

**7. Okuw kitaplarynda ýumuşlaryň has güýçli we ortaça okaýan okuwçylar üçin tapawutlandyrylmagynyň mugallymdan edýän talaby?**
a) Okuw kitabyndaky soraglaryň we ýumuşlaryň haýsy okuwçylara niýetlenendigini anyklamagy;
b) Her bir okuwçynyň özbaşdak aýratynlygyny bilmegi;
ç) Okuw kitaplaryndaky maglumatlary doly bilmegi;
d) Goşmaça köp okamagy.

**8. Goşmaça maglumatlary girizip we soraglaryň goýluşyny üýtgedip, okuw kitabyndakydan başga sorag düzüp, okuwça bermek bolýarmy?**
a) Bolýar;
b) Bolanok;
ç) Az-kem üýtgetmek bolýar;
d) Diňe okuw kitabyndaky soraglardyr ýumuşlardan peýdalanmak bolýar.

**9. Okuw kitaplaryna mekdep okuwçylarynyň beýleki çeşmelerden taryhy bilimleri alyşlaryna gözegçilik etmäge mümkinçilik berýän soraglar we ýumuşlar nähili girizilýär?**
a) Köplenç;
b) Esasan;
ç) Seýrek;
d) Ortaça mukdarda.

**10. Taryh boýunça okuw kitaplaryna karta bilen işlemeklige niýetlenilen soraglary we ýumuşlary girizmek gerekmi?**

a) Gerek;

b) Gerek däl;

ç) Çyzykly karta bilen işlemeklige niýetlenilen soraglar we ýumuşlar bolsa ýeterlik bolýar;

d) Kartada görkezilýän şertli belgileri öwretmek bilen baglanyşykly ýumuşlar bolsa ýeterlik bolýar.

**11. Okuw kitaplarynda okuwçylaryň döwürleýin metbugatdan, internet, radio we teleýaýlym boýunça alan maglumatlaryny peýdalanmaklygy talap edýän ýumuşlary almak bolýarmy?**

a) Bolýar;

b) Bolanok;

ç) Seýrek almak bolýar;

d) Zerur bolsa almak bolýar.

**12. Okuw kitabynyň tekstinde näme hakynda gürrüň edilýän bolsa, şony suratlar arkaly beýan edýän surat boýunça mugallym okuwçylar bilen nähili iş geçirýär?**

a) Okuwçylara surat boýunça özbaşdak işlemekligi tabşyrýar;

b) Okuwçylara öz pikirlerini ýazmaça beýan etmegi tabşyrýar;

ç) Okuwçylar bilen söhbetdeşlik geçirýär;

d) Okuwçylar bilen derňeýär.

**13. Okuw kitabynyň tekstiniň üstüni ýetirýän we ony anyklaşdyrýan surat boýunça mugallym okuwçylar bilen nähili iş geçirýär?**

a) Okuwçylar bilen derňeýär;

b) Söhbetdeşlik geçirýär ýa-da synpda uly bolmadyk özbaşdak iş guraýar;

ç) Surat esasynda meýilnama düzdürýär;

d) Surat boýunça sorag-jogap alyşýar.

**14. Okuw kitabynyň tekstinde berilmedik okuw maglumatlary bilen tekstiň üstüni dolduryan surat bilen mugallym nähili iş geçirmeli?**

a) Surat boýunça sorag-jogap alyşmaly;
b) Synpda uly bolmadyk özbaşdak iş guramaly;
ç) Okuwçylar bilen suraty derňemeli;
d) Okuwçylara surat esasynda tema degişli jikme-jik maglumatlary bermeli.

**15. V–VII synp mekdep okuwçylary suratlar bilen işlänlerinde has köp peýdalanylýan usul?**

a) Tema taýdan golaý bolan iki ýa-da birnäçe suraty deňeşdirmek;
b) Söhbetdeşlik;
ç) Sorag-jogap alyşmak;
d) Özbaşdak iş.

**16. Okuw kitabynda ýerleşdirilen suratlaryň hemmesinden peýdalanmak hökmanmy?**

a) Zeruryny paýdalanmak ýeterlik bolýar;
b) Hemmesi sapakda ýa-da öý işinde hökman peýdalanylmaly;
ç) Hökman däl;
d) Mümkin bolanyndan peýdalanylmaly.

**17. Suratlar boýunça baş we esasy iş nirede ýerine ýetirilmeli?**

a) Synpda;
b) Öý işi hökmünde bermek hem bolýar;
ç) Synpda özbaşdak;
d) Synpda köpçülikleýin.

## IV

**1. Okuwçylaryň gowşak ýetişmekleriniň sebäpleriniň biri?**

a) Sapakda köp usullardan peýdalanylmaýandygy;
b) Okuwçylaryň okuw kitaby, onuň teksti bilen işlemegi, okuw maglumatlaryny öz sözleri bilen beýan etmegi, özbaşdak pikirlenmegi başarmaýandyklary;

ç) Sapakda okuw görkezme esbaplaryndan ýeterlik peýdalanylmaýandygy;
d) Sapakda häzirki zaman usullaryndan az peýdalanylýandygy.

**2. Okuwçy mugallymyň goýan ýumşuna özbaşdak jogap gözlemegi we kynçylygy ýeňip geçmegi başaranynda terbiýelenýän endigiň görnüşi?**
a) Zähmet düzgünlerini berjaý etmek hem-de oýlanyşykly işlemek;
b) Köpçülikde işläp bilmek;
ç) Köpçüligiň zähmetine hormat goýmak;
d) Zähmet adamlaryny sylamagy başarmak.

**3. Synpda okuwçylar bilen guralýan özbaşdak işleriň mazmunyny düzýän ýumuşlaryň häsiýeti?**
a) Okuwçylarda özbaşdak işlemäge höwes döredýän;
b) Okuwçylaryň özbaşdak çözüp biläýjek;
ç) Okuwçylarda özbaşdak işlemek endigini ösdürýän;
d) Okuwçylarda erkliligi, erjelligi, düzgün-nyzamlylygy, her bir hadysa oýlanyşykly we döredijilikli çemeleşmegi terbiýeleýän, alan bilimlerini durmuşda ýerlikli ulanyp bilmäge kömek edýän.

**4. Okuw kitabynyň teksti boýunça özbaşdak işleri guramagyň usullary?**
a) Orta atylan soraglara okuw kitabynyň tekstinden jogap tapmak, okuw kitabynyň tekstiniň mazmuny boýunça ýönekeý we çylşyrymly meýilnama düzdürmek we ş.m.;
b) Okuw kitabynyň tekstini bilelikde okamak;
ç) Okuw kitabynyň tekstini köpçülikleýin derňemek;
d) Okuw kitabynyň tekstiniň mazmuny boýunça sorag-jogap alyşmak.

**5. Okuw kitabynyň teksti boýunça ýönekeý meýilnamanyň düzüliş aýratynlygy?**
a) Öwrenilýän temanyň esasy bölümlerini öz içine alýar;

b) Öwrenilýän temanyň doly mazmunyny öz içine alýar;
ç) Öwrenilýän tema bilen baglanyşykly beýleki temalaryň mazmunyny hem öz içine alýar;
d) Öwrenilýän temanyň ýa-da onuň bir böleginiň esasy bölümlerini öz içine alýar.

**6. Okuw kitabynyň teksti bilen onuň mazmunyna degişli ýerleşdirilen surat, karta, we ş.m. maglumatlary okuwçylara özbaşdak deňeşdirtmek usulynyň peýdalanylyşy?**
a) Mugallym okuw kitabynyň tekstiniň onuň mazmunyna degişli ýerleşdirilen surat, karta, we ş.m. materiallar bilen deň gelşini okuwçylara özbaşdak yzarlamagy, deňeşdirmegi teklip edýär;
b) Mugallym okuwçylara öz beren gürrüňinde getiren mysallary bilen okuw kitabynyň tekstiniň deň gelşini deňeşdirmegi tabşyrýar;
ç) Okuwçylara öz jogaplarynda deňeşdirme usulyndan peýdalanmagy tabşyrýar;
d) Okuwçylaryň jogap berenlerinde deňeşdirme usulyndan peýdalanyşlaryna gözegçilik edýär.

**7. Anyk taryhy maglumatlar we hadysalar esasynda düzülýän shemalary we tablisalary okuwçylara özbaşdak çyzdyrmak bolýarmy?**
a) Bolýar;
b) Bolanok;
ç) Käte çyzdyrmak bolýar;
d) Özbaşdak çyzdyrmak düýbünden bolanok.

**8. Hronologik tablisalar nähili düzülýär?**
a) Haýsy hem bolsa bellibir ýurtda bolup geçen taryhy wakalaryň we hadysalaryň mazmunyna laýyklykda;
b) Haýsy hem bolsa bir temanyň ýa-da bir meseläniň düýp mazmuny esasynda;
ç) Birnäçe ýerlerde, ýurtlarda bolup geçen taryhy wakalaryň we hadysalaryň mazmunyna laýyklykda;
d) Tema laýyklykda.

**9. Sinhronik tablisalar nähili düzülýär?**

a) Haýsy hem bolsa bellibir ýurtda bolup geçen taryhy wakalaryň we hadysalaryň mazmunyna laýyklykda;
b) Haýsy hem bolsa bir temanyň ýa-da bir meseläniň düýp mazmuny esasynda;
ç) Bellibir döwrüň içinde birnäçe ýerlerde, ýurtlarda bolup geçen taryhy wakalaryň we hadysalaryň mazmunyna laýyklykda düzülýär;
d) Waka laýyklykda düzülýär.

**10. Temalaýyn tablisalar nähili düzülýär?**

a) Bellibir döwrüň içinde birnäçe ýerlerde, ýurtlarda bolup geçen taryhy wakalaryň we hadysalaryň mazmunyna laýyklykda;
b) Haýsy hem bolsa bir temanyň ýa-da bir meseläniň düýp mazmuny esasynda;
ç) Taryhy wakalara laýyklykda;
d) Okuw maglumatyna laýyklykda.

## V

**1. Okuwçylarda geçmişiň faktlary hakyndaky taryhy göz öňüne getirme nähili döredilýär?**

a) Diňe mugallymyň janly sözi we görkezme esbap serişdeleriniň kömegi bilen döredilmän, san maglumatlaryny peýdalanmak ýoly bilen hem döredilýär;
b) Diňe mugallymyň janly sözi we görkezme esbap serişdeleriniň kömegi bilen döredilýär;
ç) Görkezme esbap serişdeleriniň kömegi bilen döredilýär;
d) Geçmişiň faktlary hakyndaky taryhy göz öňüne getirme san maglumatlaryny peýdalanmak ýoly bilen döredilýär.

**2. Mekdep okuwçylarynda taryhy wagt baradaky göz öňüne getirmeleriň döredilip başlanýan synpy?**

a) V;
b) VI;

ç) VII;
d) VIII.

**3. Taryhy wagt hakyndaky göz öňüne getirmeleri döretmek üçin okuwçylaryň nähili düşünjeleri özleşdirmekleri gerek?**
a) Wakalaryň ýyllarda bolup geçýändigini;
b) Wakalaryň asyrlar bilen senelenýändigini;
ç) Wakalaryň eýýamlar bilen ölçelýändigini;
d) Wagt düşünjesini (ýyl, asyr, müňýyllyk, döwür, eýýam).

**4. Okuwçylarda taryhy wakalar hakyndaky göz öňüne getirmäni döretmegiň usullarynyň biri?**
a) Diňe dilden gürrüň bermek usuly;
b) Geçmişden galan ýadygärlikleri, jemgyýetçilik durmuşynyň kartinalary we beýlekileriň üsti bilen görüp kabul etmek usuly;
ç) Söhbetdeşlik usuly;
d) Sorag-jogap usuly.

**5. Okuwçylarda taryhy giňişlik baradaky göz öňüne getirmeleri döretmeklik nähili ýagdaýda başlanýar?**
a) Okuwçylary taryhy kartanyň daşky görnüşleri bilen tanyşdyrmakdan, şertli aňlatmalara, kartanyň reňkine we olaryň geografik kartalardan tapawudyna üns bermeklerinden;
b) Hiç zat ulanmazdan, mugallymyň gürrüňi bilen;
ç) Mugallymyň düşündirmesi bilen;
d) Okuwçylaryň bilesigelijiligi bilen.

**6. Haýsy synpdan başlap, öwrenilýän ýurtlarynyň suduryny (şekilini) karta applikasiýa berkitmeklik arkaly tapawutlandyrmak başarnyklary kemala getirilýär?**
a) V;
b) VI;
ç) VII;
d) VIII.

**7. Okuwçylarda taryhy göz öňüne getirmeleriň döredilmegi we düşünjeleriň kemala getirilmegi nähili wagtda bolup geçýär?**

a) Dürli wagtda;
b) Bir wagtda;
ç) Sapagyň ahyrynda;
d) Täze tema düşündirilenden soň.

**8. Okuwçylarda taryhy düşünje, köplenç, nämäniň esasynda kemala gelýär?**

a) Mugallymyň gürrüňiniň;
b) Görkezme esbaplaryň;
ç) Sapagyň oňat berkidilmeginiň;
d) Göz öňüne getirmeleriň.

**9. Taryhy göz öňüne getirme bir synpdaky okuwçylarda nähili bolup bilýär?**

a) Birmeňzeş;
b) Dürli hili;
ç) Okuwçylaryň ýaşlaryna bagly bolýar;
d) Okuwçylaryň şahsy aýratynlyklaryna bagly bolýar.

**10. Okuwçylarda taryhy düşünje nähili kemala gelýär?**

a) Ähli okuwçylarda birmeňzeş, kesgitli;
b) Okuwçylaryň häsiýetine we psihologik aýratynlyklaryna baglylykda dürli-dürli;
ç) Mugallymyň düşündirişine görä;
d) Görkezme esbaplar arkaly.

**11. Okuwçylarda taryhy göz öňüne getirmäniň döremegine täsir edýän zatlar?**

a) Diňe sapakda öwrenilen maglumatlar;
b) Sapakda öwrenilen maglumatlar, teleýaýlym, kino, çeper edebiýat we beýleki köpçülikleýin maglumat berýän serişdeler;
ç) Psihologik täsirler;
d) Görkezme esbaplar.

**12. Bir-iki sapagyň maglumatlarynda açylyp bilinýän taryhy düşünjeler?**

a) Aýratyn taryhy;
b) Umumy taryhy;
ç) Sosiologik;
d) Jemlenilen ýeke-täk.

**13. Dersiň birnäçe sapaklarynda ýa-da taryhyň birnäçe döwrüniň dowamynda açylýan taryhy düşünjeler?**

a) Aýratyn taryhy;
b) Umumy taryhy;
ç) Sosiologik;
d) Jemlenilen alamatly.

**14. Taryhyň ähli döwrüniň dowamynda okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyklykda açylýan taryhy düşünjeler?**

a) Aýratyn taryhy;
b) Umumy taryhy;
ç) Sosiologik;
d) Jemlenilen alamatly.

**15. Esasan, haýsy synplarda aýratyn taryhy we umumy taryhy düşünjeleriň özleşdirilmegi utgaşdyrylýar?**

a) VI-VII;
b) VIII-IX;
ç) IX-X;
d) XI-XII.

7. Sargyt № 2583

# II BÖLÜM

## TARYH MUGALLYMYNYŇ SAPAGA TAÝÝARLYK DEREJESI

### I

**1. Mugallymyň ýaş nesli kemala getirmek meselesini üstünlikli çözmekde rol oýnaýan esasy sypatlary?**

a) Ideýa ynamlylygy, professional ussatlygy, her taraplaýyn bilimliligi, medeniýetliligi;
b) Millilige sarpa goýýanlygy, özüňi alyp barmagyň edeplerini berjaý edýänligi;
ç) Adamlar bilen özara gatnaşyklary ýola goýmak, arassa zähmet çekmek;
d) Öz üstünde yzygider işlemek, täze usullary öwrenmek we işinde peýdalanmak.

**2. Taryh mugallymy nähili gylyk-häsiýetleri bilen okuwçylara görelde bolmalydyr?**

a) Ýerlikli;
b) Tapawutlanýan;
ç) Saýlanyp duran;
d) Oňat.

**3. Terbiýe meselesinde mugallymyň sözüni nähili gurala meňzetmek bolar?**

a) Inçeden näzik;
b) Gurat;
ç) Ajaýyp;
d) Zerur.

**4. Okuwçynyň terbiýelenmegi üçin maşgala bilen mekdep nähili iş alyp barmaly?**

a) Uzak wagtyň dowamynda takatlylyk we paýhaslylyk bilen;
b) Her hepdede synp sagadyny geçirmeli;
ç) Synpdan daşary işleri geçirmeli;
d) Ata-eneler bilen işlemeli.

**5. Mugallymyň şahsyýetiniň kämilleşişiniň dowamlylygy?**

a) Sapak we synpdan daşary işleri geçirýän wagtynda;

b) Institutlarda we uniwersitetlerde başlanýar hem-de onuň zähmet işinde dowam edýär;

ç) Mugallymyň ukybyna baglylykda bellibir wagtyň dowamynda;

d) Okuwçylar bilen işleýän wagtynda.

**6. Taryh mugallymynyň işine işiň nähili görnüşleriniň jemi hökmünde garamak bolýar?**

a) Yzygiderli;

b) Gutarnykly;

ç) Özara baglanyşykly;

d) Arakesmeli.

**7. Mugallymyň okuw işlerini – sapagy geçirmekligi üçin ondan edilýän talap?**

a) Köp maglumaty bilmeklik;

b) Öňünden taýýarlyk;

ç) Öňünden meýilleşdirmek;

d) Öz wagtynda ýazgylaryny ýöretmek.

**8. Mugallymyň sapaga taýýarlygyna girýän işler haýsylar?**

a) Öňki sapagyň netijesini derňemek, sapagyň maksadyny anyklamak we onuň görnüşini hem-de gurluşyny kesgitlemek, okatmagyň usullaryny, okuw-görkezme esbaplaryny, serişdelerini anyklamak, sapagyň meýilnamasyny düzmek, ýazgysyny ýazmak;

b) Sapagyň ýazgysyny ýazmak;

ç) Sapagyň ýazgysyny ýazmak, okuw-görkezme esbaplaryny taýýarlamak, usullaryny kesgitlemek;

d) Sapagyň ýazgysyny ýazmak, okuw-görkezme esbaplaryny taýýarlamak, usullaryny kesgitlemek, okuwçylaryň bilimlerini barlamagyň meýilnamasyny düzmek.

**9. Taryh mugallymynyň synaglary guramak üçin geçirýän işleri?**

a) Synagdan öň geçilenleri gaýtalamak, dürli derejedäki ýumuşlary we soraglary taýýarlamak, synag geçirmegiň usullaryny kesgitlemek;
b) Soragnamalary, barlagnamalary taýýarlamak;
ç) Goşmaça sapaklar geçirmek;
d) Okuwçylary synagyň düzgünleri we soraglary bilen tanyşdyrmak.

**10. Taryh mugallymynyň usulyýet işleri?**

a) Beýleki mugallymlaryň sapaklaryna gatnaşmak, mekdep we etrap usulyýet birleşmeleriniň işine gatnaşmak, öz tejribesini ýazyp beýan etmek, görkezme esbaplary taýýarlamak, makala ýazmak, gollanma taýýarlamaga gatnaşmak we ş.m.;
b) Fakultatiw sapaklary geçirmek, ylmy maslahatlarda çykyş etmek üçin nutuk taýýarlamak we ş.m.;
ç) Okuwçylaryň dynç alyş döwründe ylmy makalalary ýazyp taýýarlamak we ş.m.;
d) Öz iş tejribesini ýazyp beýan etmek arkaly beýleki kärdeşleri bilen usulyýet taýdan maslahatlaşyp işlemek we ş.m.

## II

**1. Taryh mugallymy her bir nobatdaky sapaga taýýarlananda ilki bilen nähili işi ýerine ýetirýär?**

a) Okuw kitabyndaky maglumatlar bilen tanyşýar;
b) Okuw-görkezme esbaplaryny taýýarlaýar;
ç) Okuwçylaryň bilimlerini barlamak üçin soraglar taýýarlaýar;
d) Fakt maglumatlaryny we usulyýet gollanmalaryny öwrenýär.

**2. Taryh mugallymynyň nobatdaky sapaga taýýarlyk işleriniň yzygiderliginde ikinji we üçünji ýerde durýan işler?**

a) Sapagyň maksadyny we meselesini, görnüşini kesgitlemek;
b) Sapakda ulanyljak usullary kesgitlemek, goşmaça maglumatlary öwrenmek;

ç) Fakt maglumatlaryny beýan etmeklige taýýarlamak, okuw-görkezme esbaplaryny taýýarlamak;
d) Sapagyň maksadyny we okuwçylaryň bilimlerini barlamagyň usullaryny kesgitlemek.

**3. Sapagyň meýilnamasynda okuwçylar bilen aragatnaşygyň, okuwçylara öý işini tabşyrmagyň usullaryny nazarda tutmak gerekmi?**
a) Gerek däl;
b) Gerek;
ç) Bellenilmese-de bolýar;
d) Bellenilse-de bolýar.

**4. Taryh sapagynyň islendik görnüşi näme bilen häsiýetlendirilýär?**
a) Sapak geçirilende peýdalanylýan usullar bilen;
b) Mugallymyň sapagy geçiriş ussatlygy bilen;
ç) Okuwçylaryň sapaga gatnaşyşlarynyň derejesi bilen;
d) Dürli görnüşli serişdelerden peýdalanylyşy bilen.

**5. Anyk okuw maglumatyna baglylykda sapagyň meýilnamasynyň bölekleriniň ýerini üýtgetmek bolýarmy?**
a) Bolýar;
b) Bolanok;
ç) Hiç-hili üýtgetmek bolanok;
d) Az-kem üýtgetmek bolýar.

**6. Utgaşdyrylan sapagyň okuwçylaryň bilimlerini barlamak tapgyrynyň esasy düzüm bölekleri haýsylardan ybarat?**
a) Öý işini barlamak, esasy we goşmaça soraglar soralanda ulanyljak usullar;
b) Okuwçylaryň öý işlerini taryhy kartalar we resminamalar arkaly soramak;
ç) Öý işini ýazuw işi, resminamalar, sorag-jogap arkaly barlamak;
d) Öý işini barlagnamalar arkaly soramak we okuwçylary bahalandyrmak.

**7. Utgaşdyrylan sapagyň okuwçylary täze okuw maglumatyny kabul etmäge taýýarlamak tapgyrynyň esasy bölekleri haýsylar?**

a) Dürli usullardan peýdalanmak, geçilenleri gaýtalamak;
b) Geçilenleri täze tema bilen baglanyşdyrmak, utgaşdyrmak;
ç) Temany öňki sapaklar hem-de öňki synplarda geçilen taryh dersi bilen baglanyşdyrmak;
d) Öý işini täze öwreniljek tema bilen baglanyşdyrmak, sorag-jogap alyşmak.

**8. Sapakda täze okuw maglumatyny beýan etmegiň esasy bölekleri?**

a) Dil üsti bilen beýan etmek, okuwçylar bilen sorag-jogap alyşmak;
b) Täze temany beýan etmegiň meýilnamasynyň soraglary, her soragyň öňünde goýlan meselesi, okuw maglumatlary, beýan etmegiň, düşündirmegiň usullary;
ç) Täze temany gürrüň bermek, berkitmek;
d) Dürli usullar arkaly düşündirmek, berkitmek, jemlemek.

**9. Sapagyň öwrenilenleri berkitmek we jemlemek tapgyrynyň esasy bölekleri?**

a) Sapagyň maksadyna laýyklykda berkitmek we jemlemek, möhüm faktlary berkitmek;
b) Öwrenilenleri gaýtalamak, öý işini tabşyrmak;
ç) Sapagyň meselesine laýyklykda sorag-jogap alyşmak;
d) Sapagyň öňünde goýlan meselelerine laýyklykda berkitmek, netijä gelmek.

**10. Öý işini tabşyrmak sapagyň nähili tapgyrlarynyň biri?**

a) Derwaýys;
b) Gyzykly;
ç) Yzygider;
d) Möhüm.

**11. Täze işe başlan mugallym nähili görnüşde sapak ýazgysyny ýazsa, maksada laýyk bolýar?**

a) Gysga görnüşde;
b) Sapagyň esasy elementlerini görkezip;
ç) Sapakda beýan ediljek okuw maglumatlarynyň ähli bölekleri şöhlelendirilen jikme-jik sapak ýazgysyny ýazsa;
d) Sapakda ulanjak usullary we okuw görkezme esbaplaryny görkezip.

**12. Mugallymyň sapakda öz sapak ýazgysyndan peýdalanyşynyň usullary.**

a) Okamak;
b) Esasy ýerlerini okamak;
ç) Gürrüň bermek;
d) Öz islegine laýyklykda peýdalanmak.

**13. Okuw maglumatlaryny sapak ýazgysynda sözme-söz ýazmaklygyň ähmiýeti.**

a) Okuwçylar üçin tema düşünmek ýeňil bolýar;
b) Özüňi erkin alyp barmaklyga we özüne çekiji beýan etmeklige taýýar bolmaga kömek edýär;
ç) Mugallymy okuwçylaryň öňünde okuw kitabyndan okap durmakdan halas edýär;
d) Ýatdan çykan zatlary görüp, peýdalanyp bolýar.

**14. Mugallyma sapak ýazgysyny jikme-jik ýazman, onda gerek faktlar barada gysgaça bellikler etmek bilen oňmaga rugsat berilýän wagt?**

a) Mugallym ýeterlik derejede okuw-görkezme esbaplaryny taýýarlanyndan soň;
b) Mugallym sapak geçirmegiň usullaryny öwrenenden soň;
ç) Mugallym bäş ýyl işläninden soň;
d) Mugallymyň dersiň mazmunyny ele almagy, özleşdirmegi bilen.

## III

**1. Taryh otaglarynyň peýda bolan wagty?**
a) XX asyryň başlary;
b) XX asyryň 20-nji ýyllary;
ç) XX asyryň 30-njy ýyllary;
d) XX asyryň 40-njy ýyllary.

**2. Taryh otagynda okatmagyň häzirki zaman usullaryndan doly peýdalanmak üçin bolmaly zerur zatlar?**
a) Okuw görkezme esbaplary;
b) Okuw proýektory;
ç) Kitaphanasy;
d) Interaktiw tagta, kompýuter we beýleki enjamlar.

**3. Taryh otagynda ýerleşdirilýän esbaplar, esasan, nähili maglumatlary öwrenmeklige niýetlenilýär?**
a) Synpdan daşary geçirilýän çäreleriň maglumatlaryny;
b) Okuw maksatnamasyndaky maglumatlary;
ç) Taryh gurnagynda jemlenilýän maglumatlary;
d) Taryh hepdeligi geçirilende jemlenilýän maglumatlary.

**4. Taryh otagynda, esasan, nähili esbaplar ýerleşdirilýär?**
a) Okuwçylaryň taýýarlan;
b) Synpdan daşary ulgamly işiň netijesinde ýygnalan;
ç) Okuwçylar tarapyndan ýygnalýan;
d) Döwlet tarapyndan neşir edilen, mekdepde peýdalanmak üçin niýetlenilen esbaplar, çeper edebiýatlar we beýlekiler.

**5. Mekdep muzeýiniň işi, esasan, näme bilen baglanyşykly?**
a) Sapak geçirmek bilen;
b) Synpdan daşary çäreleri geçirmek bilen;
ç) Döwlet maksatnamasyndaky maglumatlaryň özleşdirilmegini gazanmak bilen;
d) Geçilenleri gaýtalamaklyk bilen.

**6. Okuw otagynda kitaphananyň bolmagynyň ähmiýeti nämeden ybarat?**

a) Ähli okuw-terbiýeçilik işiniň guralyşyny oňatlaşdyrmakdan;
b) Synpdan daşary okuwy guramakdan;
ç) Synpdan daşary işleri geçirmekden;
d) Synpdan daşary okalan kitaplaryň maglumatlaryny sapak prosesinde baglanyşdyryp pepdalanmakdan.

**7. Taryh otagynyň kitaphanasynyň maglumat berýän edebiýatlar bölüminde nähili kitaplary ýerleşdirmek bolýar?**

a) Sözlükleri (filosofik, syýasy, ykdysady, daşary ýurt dilleriniň sözlügi), maglumat berýän ýygyndylary;
b) Usulyýet edebiýatlaryny;
ç) Çeper edebiýatlary;
d) Okuw kitaplaryny.

**8. Taryh otagynyň diwarlarynda şol günki sapaga degişli, onuň bilen baglanyşykly bolmadyk esbaplary goýmak bolýarmy?**

a) Bolýar;
b) Bolmaýar;
ç) Esbaplaryň zerurlygyna görä goýulsa-da bolýar;
d) Esbaplaryň göwrümi göz öňünde tutulyp goýulsa-da bolýar.

**9. Uzak wagt saklanmaly ekspozisiýalar, ýubileý sergileri we beýlekiler taryh otagynyň niresinde ýerleşdirilse, amatly bolýar?**

a) Taryh otagynyň yzky diwarynda;
b) Taryh otagynyň sag tarapky diwarynda;
ç) Taryh otagynyň çep tarapky diwarynda;
d) Taryh otagynyň ýakynynda, zalda.

**10. Interaktiw tagta mugallyma ýa-da çykyş edýän okuwça nämäni peýdalanmaklyga mümkinçilik berýär?**

a) Maglumatlary görkezmek üçin ekrany we adaty marker tagtany;

b) Dürli çyzgylary;
ç) Suratlary;
d) Kartalary we ş.m.

## IV

**1. Sapagyň özara biri-birleri bilen aýrylmaz baglanyşykly we özara şertlendirilen taraplary?**
a) Okuw dersiniň mazmuny, okatmagyň usullary we okuwçylaryň okuw işi;
b) Okatmagyň tapgyrlary, okatmagyň usullary;
ç) Dersara baglanyşyk, okatmagyň usullary, sapagyň görnüşleri;
d) Okuwçylar köpçüliginiň bilelikdäki işi, okatmagyň ýollary, okatmagyň serişdeleri.

**2. Taryh sapagynda nämä gönükdirilen iş amala aşyrylýar?**
a) Okuwçylaryň bilim almaklaryna;
b) Okuwçylaryň öwrenilýän okuw maglumatlaryny özleşdirmeklerine we gözýetimleriniň giňelmegine;
ç) Okuwçylarda öwrenilen tema boýunça düşünjeleriniň kemala gelmegine we özbaşdak pikirlenmek endikleriniň kämilleşmegine;
d) Okuwçylaryň taryh boýunça ulgamly bilim almaklaryna we şoňa laýyk gelýän başarnyklary we endikleri özleşdirmeklerine.

**3. Sapakda mugallym bilen okuwçylaryň arasynda nähili iş amala aşyrylýar?**
a) Ýekebara;
b) Toparlaýyn;
ç) Köp taraply;
d) Deňagramly.

**4. Sapakda okuwçylaryň nähili işlemekleri amala aşyrylýar?**
a) Köpçülikleýin işi we her bir okuwçynyň özbaşdak işlemegi;
b) Toparlaýyn işlemekleri;
ç) Kiçi toparlara bölünip işlemekleri;
d) Özbaşdak we ikileýin işlemekleri.

**5. Sapaklar biri-birleri bilen nähili baglanyşykly bolýar?**

a) Usullary boýunça;
b) Tapgyrlary boýunça;
ç) Serişdeleri, esbaplary boýunça;
d) Her bir sapak özünden öňki we soňky, şeýle-de, bölümler boýunça sapaklaryň ulgamy bilen.

**6. Taryhy okatmak prosesiniň özara biri-birleri bilen baglanyşykly düzüm bölekleriniň esasylary haýsylar?**

a) Işjeň we nusgawy usullardan peýdalanmak, berkitmek we jemlemek;
b) Täze okuw maglumatyny öwretmek, ony berkitmek, jemlemek we ulgamlaşdyrmak, okuwçylaryň bilimlerini barlamak hem-de bahalandyrmak;
ç) Öý işini soramak, okuwçylara baha goýmak, täze temany öwretmek;
d) Geçilenleri gaýtalamak, bilimleri barlamak we bahalandyrmak.

**7. Taryh sapaklarynyň esasy görnüşleri?**

a) Utgaşdyrylan, täze okuw maglumatlary öwrenilýän, jemleýji-gaýtalamak, okuwçylaryň bilimleri barlanylýan we bahalandyrylýan;
b) Giriş sapagy, çylşyrymly taryhy düşünjäniň kemala getirilýän sapagy, kesgitli başarnyklaryň, endikleriň we ş. m. ösdürilýän sapagy;
ç) Gürrüň ýa-da mugallymyň umumy okuwy, söhbetdeşlik sapagy, okuwçylaryň okuw kitaby ýa-da taryhy resminamalar bilen özbaşdak işleýän sapaklary, kino sapagy we ş.m.:
d) Işjeň usullardan peýdalanylýan sapak, adaty däl sapak, söhbetdeşlik sapagy we beýlekiler.

**8. Orta mekdeplerde peýdalanylýan taryh sapagynyň esasy görnüşi?**

a) Täze okuw maglumatlary öwrenilýän;
b) Jemleýji-gaýtalamak;
ç) Okuwçylaryň bilimleri barlanylýan we bahalandyrylýan;
d) Utgaşdyrylan.

**9. Mugallym täze okuw maglumatyny nähili zatlar bilen baglanyşdyryp berýär?**

a) Okuwçylara tanyş bolan faktlar we düşünjeler bilen;
b) Tanyş maglumatlar bilen;
ç) Özbaşdak okan maglumatlary bilen;
d) Gündelik durmuş bilen.

**10. Täze okuw maglumatyny berkitmeklik nämä kömek edýär?**

a) Öwrenilenleri berkitmäge;
b) Öwrenilenleriň ýatda galyjylygyny ýokarlandyrmaga;
ç) Öwrenilenleri öň geçilenler bilen baglanyşdyrmaga, okuwçylary öý işini ýerine ýetirmeklige taýýarlamaga;
d) Sapagyň ähmiýetini ýokarlandyrmaga.

**11. Öý işiniň ähmiýeti?**

a) Öý işi sapakda alnan bilimleri berkidýär we çuňlaşdyrýar, indiki sapaga geçmeklik üçin «köpri» gurýar;
b) Okuwçylaryň boş wagtlarynyň peýdaly işe sarp edilmegine mümkinçilik berýär;
ç) Okuwçylaryň özbaşdak işlemek başarnyklaryny ösdürýär;
d) Mugallymyň geçen temasynyň özleşdirilmegine ýardam edýär.

**12. Utgaşdyrylan sapagyň mysaly gurluşy?**

a) Sapagyň temasyny aýtmak we meselesini düşündirmek, soramak, täze okuw maglumatyny öwretmäge geçmek we öwretmek, sapakda öwrenilenleri berkitmek, öý işini tabşyrmak;
b) Sapagyň temasyny aýtmak, täze okuw maglumaty öwrenilende daýanmak zerur bolan bilimleri okuwçylar bilen gaýtalamak, temany dürli görnüşli usullary peýdalanmak bilen öwretmek, täze okuw maglumatyny berkitmek we jemlemek;
ç) Sapagyň temasyny we onuň meselesini aýtmak, dersiň bölümi ýa-da aýratyn meselesi boýunça temalary gaýtalamak we jemlemek, mugallymyň jemlemesi, öýe iş tabşyrmak;
d) Sapagyň maksadyny we temasyny aýtmak, okuwçyny giňişleýin jogap bermek üçin synp tagtasynyň ýanyna çagyrmak we onuň jogabynyň üstüni okuwçylara duran ýerlerinden goşmaça jogap berdirmek bilen ýetirtmek we öýe iş tabşyrmak.

**13. Okuwçylaryň bilimleri barlanylýan we bahalandyrylýan sapagyň mysaly gurluşy?**

a) Sapagyň temasyny aýtmak we meselesini düşündirmek, soramak, täze okuw maglumatyny öwretmäge geçmek, täze okuw maglumatyny öwretmek, öý işini tabşyrmak;

b) Sapagyň temasyny aýtmak we meýilnamasy bilen tanyşdyrmak, temany dürli görnüşli usullary peýdalanmak bilen öwretmek, täze okuw maglumatyny berkitmek we jemlemek, öýe iş tabşyrmak;

ç) Sapagyň temasyny we onuň meselesini aýtmak, dersiň bölümi ýa-da aýratyn meselesi boýunça temalary gaýtalamak we jemlemek, mugallymyň jemlemesi, öýe iş tabşyrmak;

d) Sapagyň maksadyny we barlanylýan bilimleriň temasyny aýtmak, okuwçylaryň bilimlerini barlamak we bahalandyrmak, okuwçyny giňişleýin jogap bermek üçin synp tagtasynyň ýanyna çagyrmak we onuň jogabynyň üstüni okuwçylara duran ýerlerinden goşmaça jogap berdirmek bilen ýetirtmek, okuwçylara duran ýerlerinden gysga jogap berdirmek, ýazmaça jogaplar we öýe iş tabşyrmak.

**14. Täze okuw maglumatlary öwrenilýän sapagyň mysaly gurluşy?**

a) Sapagyň temasyny aýtmak we meselesini düşündirmek, soramak, täze okuw maglumatyny öwretmäge geçmek, täze okuw maglumatyny öwretmek, sapakda öwrenilenleri berkitmek, öý işini tabşyrmak;

b) Sapagyň temasyny aýtmak, täze okuw maglumaty öwrenilende daýanmak zerur bolan bilimleri gysgaça gaýtadan dikeltmek, okuwçylary temanyň meýilnamasy bilen tanyşdyrmak, temany dürli görnüşli usullary we tärleri peýdalanmak bilen öwretmek, täze okuw maglumatyny berkitmek we jemlemek, öýe iş tabşyrmak;

ç) Sapagyň temasyny we onuň meselesini aýtmak, dersiň bölümi ýa-da aýratyn meselesi boýunça temalary gaýtalamak we jemlemek, mugallymyň jemlemesi, öýe iş tabşyrmak;

d) Sapagyň maksadyny we barlanylýan bilimleriň temasyny aýtmak, bilimleri dürli tärler bilen barlamak we okuwçylary bahalandyrmak, okuwçylara duran ýerlerinden gysga jogap berdirmek, ýazmaça jogaplar we öýe iş tabşyrmak.

**15. Jemleýji gaýtalamak sapagynyň mysaly gurluşy?**

a) Sapagyň temasyny aýtmak we meselesini düşündirmek, soramak, täze okuw maglumatyny öwretmek, berkitmek, öý işini tabşyrmak;

b) Sapagyň temasyny aýtmak we onuň meýilnamasy bilen tanyşdyrmak, temany dürli görnüşli usullary peýdalanyp öwretmek, öwrenilenleri berkitmek we jemlemek, öýe iş tabşyrmak;

ç) Sapagyň temasyny we onuň meselesini aýtmak, dersiň bölümi ýa-da aýratyn meselesi boýunça temalary gaýtalamak we jemlemek, mugallymyň jemlemesi, öýe iş tabşyrmak;

d) Sapagyň maksadyny we barlanylýan bilimleriň temasyny aýtmak, synp tagtasyny peýdalanmak bilen okuwçylaryň bilimlerini barlamak we bahalandyrmak, öýe iş tabşyrmak.

**16. Haçan soramaklygy berkitmeklik bilen bilelikde amala aşyrmak bolýar?**

a) Sapagyň mazmuny we meselesi dogry gelende;

b) Geçilenler gaýtalanylanda;

ç) Okuwçylar sapaga işjeň gatnaşanlarynda;

d) Adaty däl sapaklar geçirilende.

**17. Sapagyň V–VII synplarda esasy we has köp peýdalanylýan görnüşi?**

a) Täze okuw maglumatlary öwrenilýän;

b) Utgaşdyrylan;

ç) Jemleýji-gaýtalamak;

d) Okuwçylaryň bilimleri barlanylýan we bahalandyrylýan.

**18. Ýokary synplarda pedagogika ylmy sapagyň haýsy görnüşlerine köp üns berýär?**

a) Köplenç, okuw prosesiniň haýsydyr bir bölegi arkaly geçirilýän sapaklaryň mümkinçiliklerine we maksadalaýyklygyna;

b) Tehniki serişdelerden peýdalanylyp geçilýän sapaklara;

ç) Işjeň usullardan peýdalanylyp geçilýän sapaklara;

d) Resmina materiallaryndan peýdalanylyp geçilýän sapaklara.

**19. Ýokary synplarda sapagyň utgaşdyrylan görnüşi bilen birlikde beýleki görnüşlerinden hem peýdalanylmagynyň zerurlygy?**

a) Okuwçylaryň psihologik taýdan ösmeklerini gazanmak bilen baglanyşykly;
b) Okuwçylaryň köp başarnykdyr endikleri edinmeklerini gazanmak bilen baglanyşykly;
ç) Diňe bir öwrenilýän okuw maglumatlarynyň çylşyrymlylygy we göwrüminiň ululygy bilen şertlendirilmän, eýsem, ýokary synp okuwçylarynda kemala getirilmeli, durmuşda talap edilýän başarnyklary we endikleri kem-kemden, ulgamly ösdürmegiň zerurlygy bilen baglanyşykly;
d) Okuwçylaryň özbaşdak oňat işläp bilmeklerini gazanmak bilen baglanyşykly.

## V

**1. Psihologlaryň ýaşaýyş üçin zerur diýip görkezýän işleri?**

a) Oýun, okuw we zähmet işi;
b) Güýmenjeler netijesinde maddy önüm öndürilýän işler, akyl işi;
ç) Milli oýunlar, fiziki iş we akyl işi;
d) Oýun, döredijilik işi we fiziki iş.

**2. Okuwçylaryň bilimlerini barlamak üçin mugallym nämä düşünmeli?**

a) Özüniň köp okany, köp bileni bilen işiň gutarmaýandygyna, öz bilýänlerini okuwçylaryň aňyna, olaryň ýaş kalbyna ornaşdyrmagy-da başarmalydygyna;
b) Okuwçylaryň ýagdaýlaryna;
ç) Okuwçylara nämäni, nähili öwretmelidigine;
d) Okuwçylardan nähili soramalydygyna.

**3. Okuwçylaryň bilimlerini öýe tabşyrylan ýumuş boýunça barlamak üçin ilki bilen haýsy iş berjaý edilmeli?**

a) Okuwçylara düzgüne laýyklykda öýde işlemek üçin ýumuşlar tabşyrmaly;

b) Okuwçylarda isleg döretmeli;
ç) Okuwçylary öý işini ýerine ýetirmäge höweslendirmeli;
d) Okuwçylaryň isleglerini öwrenmeli.

**4. Öýde ýerine ýetirmek üçin tabşyrylýan ýumuşlar nähili bolmaly?**
a) Oýlanyşykly, maksatly;
b) Many-mazmunly;
ç) Geçilen temalardan;
d) Okuwçylaryň isleglerine laýyk.

**5. Okuwçylara öýe berlen iş agram salmaz ýaly mugallym näme etmeli?**
a) Öýde işlemek üçin tabşyrylýan ýumuşlary ýerine ýetirmegiň usullaryny öwretmeli;
b) Okuwçylarda öý işini ýerine ýetirmäge isleg döretmeli;
ç) Okuwçylaryň öýde okuw maglumaty bilen özbaşdak işlemeklerini gazanmaly;
d) Ilki bilen her bir täze öwrenilýän okuw maglumatlaryna okuwçylaryň hut sapakda doly düşünmeklerini gazanmaly.

**6. Öýe ýumuş tabşyranda mugallymyň üns bermeli esasy meseleleri haýsylar?**
a) Sapakda temanyň mazmunynyň nähili özleşdirilendigi;
b) Okuwçylaryň hal-ýagdaýlary;
ç) Okuwçylaryň beýleki dersleri okamagyna, şahsy, synpdan daşary işlere, öý hojalyk işlerine, dynç almaga hem wagtynyň galmalydygy;
d) Okuwçylaryň özbaşdak işläp biliş mümkinçilikleri.

**7. Öýe tabşyrylýan ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin bäşinji, altynjy we ýedinji synplarda berilýän wagt?**
a) Bir ýarym sagada çenli;
b) Iki ýarym sagada çenli;
ç) Üç ýarym sagada çenli;
d) Dört ýarym sagada çenli.

**8. Öýe tabşyrylýan ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin sekizinji synplarda berilýän wagt?**
a) Bir sagada çenli;
b) Iki sagada çenli;
ç) Üç sagada çenli;
d) Dört sagada çenli.

**9. Öýe tabşyrylýan ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin dört sagada çenli wagt berilýän synplar haýsylar?**
a) III-IV;
b) V-VI;
ç) VII;
d) IX-XII.

**10. Öýe iş tabşyrmak maslahat berilmeýän günler:**
a) Hepdäniň ortaky günleri;
b) Dynç we baýramçylyk günleri, dynç alyş möwsümi;
ç) Hepdäniň başyndaky günler;
d) Hepdäniň ahyrky günleri.

**11. Soramaklygyň öňünde goýulýan maksatlar?**
a) Okuwçylaryň bilimlerini barlamak we giňeltmek, soralýan temany logiki arabaglanyşyklylykda beýan etmeklerini gazanmak, okuw kitaby boýunça okuwçylaryň bilimlerini ýatlaryna salmak we ş.m;
b) Okuwçylaryň bilimlerini berkitmek we ş.m;
ç) Okuwçylarda terbiýäniň dürli görnüşleriniň berlişini kämilleşdirmek;
d) Temanyň mazmunyny logiki yzygiderlilikde beýan etmekligi, ondaky birinji derejeli we ikinji derejeli meseleleri saýlamagy öwretmek we ş. m.

**12. Mugallymyň sapakdaky düşündirişiniň netijesi we onuň öý işi baradaky görkezmeleriniň ýerlikliligi haçan açyk-aýdyň belli bolýar?**
a) Okuw maglumatlaryny giňişleýin we düşnükli edip beýan edende;

b) Okuwçylar sapaga taýýarlanyp gelenlerinde;
ç) Okuwçy çykyş edende, soralanda anyk talaplar bilen soralsa, okuwçynyň biliminiň derejesi takyk kesgitlense;
d) Okuwçylar höwes bilen sapaga gatnaşanlarynda.

**13. Soramaklyga nähili proses hökmünde garamaly?**
a) Okuwçylaryň öz pikirlerini aýtmaklygy öwrenýän prosesi;
b) Mugallymyň okuwçylara sapagy düşündirýän usulyndan tapawutlanýan, başga usullar bilen synpda ähli okuwçylaryň öwrenýän prosesi;
ç) Mugallymyň okuwçylar bilen işjeň iş geçirýän prosesi;
d) Mugallymyň işiniň netijesi anyklanylýan proses.

**14. Jogap berýän okuwçyny beýleki okuwçylaryň ünsli yzarlap oturmaklyga çalyşmaklaryna getirýän usullaryň biri?**
a) Okuwçylaryň berlen jogabyň üstüni üstünlikli ýetirendikleri we düzedişler girizendikleri üçin oňat baha almaklyga endik etmekleri;
b) Temanyň mazmunynyň gyzykly edilip açylmagyna getirýän usullaryň peýdalanylmagy;
ç) Mugallymyň okuwçylary ünsden düşürmezligi;
d) Mugallymyň okuwçylaryň jogaplaryndaky ýalňyşlary bellemegi.

**15. Okuwçynyň jogabynyň arasyny bölmek bolýan ýagdaýlar?**
a) Eger okuwçy gyzyksyz gürrüň berse, okuwçynyň dil baýlygy garyp bolsa, diňe surat arkaly gürrüň berýän bolsa;
b) Eger okuwçy arasyny bölüp gürrüň berse, okuwçynyň jogabynyň özüne çekijiligi bolmasa;
ç) Eger okuwçy ýat tutup gürrüň berýän bolsa, okuwçynyň jogabynyň gyzyklylygy pes bolsa, beýleki okuwçylar jogap berýäni diňlemeseler;
d) Eger okuwçy soraga jogap bermän, eýsem, öz okan, bilýän zatlaryny gürrüň berip başlasa, ikinji derejeli maglumatlary çuňlaşdyryp gürrüň berip, öz jogabyny uzaga çekdirse, şeýle-de, jogabynda gödek ýalňyş goýberse.

**16. Soramaklygyň esasy görnüşleri?**
a) Okuw kitaby, dürli görkezme esbaplar arkaly dilden soramak;
b) Häzirki zaman işjeň usullar bilen nusgawy usullary utgaşdyryp soramak;
ç) Dilden giňişleýin jogap, dilden duran ýerinden gysga jogap, synp tagtasynda ýazmaça we grafiki iş boýunça, şeýle-de, köpçülikleýin ýazmaça we grafiki, utgaşdyrylan jogaplar;
d) Resminama maglumatlary we çeper edebiýatdan salgylanmalar getirip, jogap bermek görnüşinde soramak.

**17. Soramaklyk utgaşdyrylan sapakda täze öwreniljek okuw maglumatynyň göwrümine baglylykda, takmynan, näçe minuda çekip biler?**
a) 15-20;
b) 25-30;
ç) 27-30;
d) 30-35.

**18. Geçilenleri gaýtalamak sapaklarynda okuwçylaryň bilimleri barlanylanda, okuwçylara jogap bermek üçin taýýarlanar ýaly, takmynan, näçe gün öňünden esasy soraglary bermeli?**
a) 4-5;
b) 5-7;
ç) 6-7;
d) 7-8.

**19. Okuwçylaryň bilimlerini köpçülikleýin barlamak we wagty tygşytlamak üçin esasy usullaryň biri?**
a) Işjeň usullar;
b) Sorag-jogap usuly;
ç) Okuwçylaryň bilimlerini ýazuw işi arkaly barlamak usuly;
d) Interaktiw tagtany ulanmak arkaly okuwçylaryň bilimlerini barlamak usuly.

**20. Ýazuw işi arkaly bilimler barlanylanda, takmynan, näçe minutyň dowamynda bütin synpyň okuwçylarynyň bilimini birbada barlamaga mümkinçilik bolýar?**

a) 10-15;

b) 15-20;

ç) 20-25;

d) 25-30.

**21. Okuwçylaryň bilimlerini barlamaklyk-soramaklyk sapagyň utgaşdyrylan görnüşinde, adatça, haçan amala aşyrylýar?**

a) Sapagyň başynda;

b) Sapagyň ortasynda;

ç) Sapagyň ahyrynda;

d) Sapagyň islendik tapgyrynda.

**22. Bilimleri barlamaklyk guralanda, hemme maglumatlary soramaklyk mümkinmi?**

a) Mümkin;

b) Mümkin däl;

ç) Mugallymyň usullaryna bagly bolýar;

d) Okuwçylaryň derejesine bagly bolýar.

**23. Bilim barlanylýan wagtda okuw kitaby nähili ýagdaýda saklanmaly?**

a) Stoluň üstünde ýapyk görnüşde durmaly;

b) Kitabyň tekstinden gerekli ýerlerini tapar ýaly açyk görnüşde durmaly;

ç) Okuwçylaryň özbaşdak işläp bilerleri ýaly açyk durmaly;

d) Okuwçynyň islegine görä ýagdaýda durmaly.

**24. 1917-nji ýyldan öň mekdeplerde okuwçylaryň bilimleri barlanylanda peýdalanylýan ball ulgamynyň ýatyrylan wagty?**

a) 1917-nji ýylyň 15-nji awgusty;

b) 1917-nji ýylyň 14-nji apreli;

ç) 1918-nji ýylyň 23-nji iýuny;

d) 1918-nji ýylyň 31-nji maýy.

**25. Mekdeplerde okuwçylaryň bilimlerini hasaba almagyň dürli görnüşleriniň saklanan ýyllary?**

a) 1917 – 1918-nji ýyllar;
b) 1918 – 1920-nji ýyllar;
ç) 1919 – 1921-nji ýyllar;
d) 1920 – 1922-nji ýyllar.

**26. Okuw prosesini kämilleşdirmekde okuwçylaryň ýetişiklerini hasaba almagyň meseleleri boýunça möhüm ähmiýetli işleriň edilen wagty?**

a) 1917 – 1920-nji ýyllar;
b) 20-nji ýyllaryň başlary;
ç) 1930-njy ýyllaryň başlary;
d) 1940-njy ýyllaryň başlary.

**27. Okuwçylaryň bilimlerini barlamak we bahalandyrmak üçin bahanyň tapawutlandyrylmadyk iki bally (kanagatlanarly, kanagatlanarsyz) we dört bally söz bilen beýan edilýän (kanagatlanarsyz, kanagatlanarly, oňat we örän oňat) ulgamynyň girizilen wagty?**

a) 1930-njy ýyl;
b) 1931-nji ýyl;
ç) 1932-nji ýyl;
d) 1933-nji ýylda.

**28. Mekdeplerde ýetişigi bahalandyrmagyň tapawutlandyrylýan söz arkaly beýan edilýän 5 bally (örän ýaramaz, ýaramaz, orta, ýagşy, örän ýagşy) ulgamy haýsy kararyň esasynda girizilýär?**

a) «SSSR-iň mekdeplerde graždan taryhyny okatmak hakynda»;
b) «Başlangyç, doly däl orta we orta mekdeplerde içki tertip-düzgüni we okuw işini guramak»;
ç) «Mekdeplerde taryhy okatmaklykda käbir üýtgeşmeler hakynda»;
d) «Mekdeplerde taryhy okatmaklygyň tertibini üýtgetmek hakynda».

**29. Mekdeplerde ýetişigi bahalandyrmagyň tapawutlandyrylýan söz arkaly beýan edilýän 5 bally (örän ýaramaz, ýaramaz, orta, ýagşy, örän ýagşy) ulgamynyň girizilen ýyly?**
a) 1933-nji ýyl;
b) 1934-nji ýyl;
ç) 1935-nji ýyl;
d) 1936-njy ýyl.

## VI

**1. Okuwçylara taryh dersi boýunça çuňňur we berk bilim bermegiň zerur şertleri?**
a) Sapakda mugallymyň özüniň köp gürlemegi;
b) Mugallymyň köp okuw maglumatlaryny bilmegi;
ç) Mugallymyň okuwçylar bilen ýakyn aragatnaşyk saklamagy;
d) Möhüm taryhy faktlary we düşünjeleri, taryhy şahsyýetleriň häsiýetnamalaryny, taryhy prosesiň ylmy taýdan döwürleşdirilişini, esasy hronologik seneleri okuwyň gidişinde ulgamly gaýtalamagy guramagy.

**2. Dogry guralan gaýtalamagyň ähmiýeti?**
a) Okuwçylaryň özbaşdak köp okamaklaryna kömek edýär;
b) Öwrenilen okuw maglumatlaryny berkitmeklige, taryhy prosesiň kanunalaýyklygyna ylmy taýdan düşünmekligiň kämilleşmegine, okuwçylarda pikirlenmäni we özbaşdak işlemek üçin zerur bolan başarnyklaryň we endikleriň ösmegine-de kömek edýär;
ç) Okuwçylaryň biri-birleri bilen ýakynlaşmaklaryna kömek edýär;
d) Sapak prosesinde öwrenilenler bilen synpdan daşary wagtda öwrenilenleri baglanyşdyrmaklaryna kömek edýär.

**3. Möhüm we çylşyrymly soraglaryň çuň özleşdirilmegi nähili gazanylýar?**
a) Olaryň düýpli öwrenilmegi arkaly;
b) Olara oňat düşünilmegi arkaly;
ç) Olary gaýtalamak arkaly;
d) Olaryň gowy derňelmegi arkaly.

**4. Berk, uzak wagt ýatda saklanmaly maglumatlar?**
a) Möhüm faktlar, düşünjeler, hronologik seneler;
b) Adalgalar;
ç) Taryhy düşünjeler;
d) Şahsyýetleriň atlary.

**5. Gaýtalamagyň üstünlikli bolmagy nämä bagly?**
a) Mugallymyň dürli synplaryň okuwçylarynyň ýaş we psihologik aýratynlyklaryny bilşine;
b) Mugallymyň öz okadýan dersini bilşine;
ç) Mugallymyň sapagy gurap bilşine;
d) Mugallymyň okuwçylary sapaga çekip bilşine.

**6. Haýsy synplarda okuwçylar ýatda saklamaklygyň ýörite tärlerini düşünjeli peýdalanmagy başarýarlar?**
a) V-VI synplarda;
b) VI-VII synplarda;
ç) VII-VIII synplarda;
d) IX-X synplarda.

**7. Haýsy synplaryň okuwçylarynda mehaniki ýatda saklamaklygyň ýerini, köplenç, logiki pikirlenip ýatda saklamaklyk eýeleýär?**
a) IV-V synplarda;
b) V-VI synplarda;
ç) VI-VII synplarda;
d) VIII-IX synplarda.

**8. Haýsy synplarda okuwçylaryň ýatlarynda saklaýan maglumatlarynyň göwrümi we ýatda saklamaklygyň çaltlygy artýar?**
a) VI-VII synplarda;
b) VIII-IX synplarda;
ç) IX-X synplarda;
d) XI-XII synplarda.

**9. Haýsy synplarda okuwçylar sapakda öwrenilenleri sözme-söz ýatdan aýtmaklygyň deregine okuw maglumatyny öz sözleri bilen beýan etmeklige çalyşýarlar?**

a) VI-VII synplarda;
b) VIII-IX synplarda;
ç) IX-X synplarda;
d) XI-XII synplarda.

**10. Gaýtalamak sapaklarynda mugallym tarapyndan peýdalanylan usullar nähili bolup biler?**

a) Nusgawy;
b) Söhbetdeşlik;
ç) Köp dürli;
d) Täze.

**11. Geçilenleri gaýtalamagyň esasy görnüşleri?**

a) Öwrenilen okuw maglumaty bilen baglanyşykly gaýtalamak, taryhyň mekdep dersiniň aýratyn temasy we bölümi boýunça jemleýji gaýtalamak, ýarym ýa-da bütin okuw ýylynyň dowamynda öwrenilenleri gaýtalamak;
b) Her sapakda mugallym okuwçylardan soralýan wagtda ýa-da özüniň giriş sözünde täze okuw maglumaty bilen gönüden-göni baglanyşykly we onuň özleşdirilmegini ýeňilleşdirýän, öň öwrenilen faktlary ýa-da düşünjeleri gaýtalamak;
ç) Täze okuw maglumatyna düşünmekligi we ýatda saklamaklygy ep-esli ýeňilleşdirýän, öňki öwrenilenleriň özleşdirilişiniň berkligini ýokarlandyrýan birnäçe öň öwrenilen meseleleri gaýtalamak;
d) Ýarym ýylda ýa-da okuw ýylynyň bütin dowamynda öwrenilen möhüm faktlary, düşünjeleri, nazary maglumatlary okuwçylaryň ýadynda has berkitmek üçin geçirilýän gaýtalamak.

**12. Taryhyň mekdep dersiniň aýratyn temasy we bölümi boýunça jemleýji gaýtalamagyň maksady?**

a) Sapakda öwrenilenleri ulgamlaşdyrmakdan, okuwçylarda umumy taryhy göz öňüne getirmäni döretmekden, aýratyn sa-

paklarda öwrenilen faktlaryň we hadysalaryň özara baglanyşygyna, taryhy ýagdaýyň kanunalaýyklygyna oňat düşünmeklerini gazanmakdan ybarat;
b) Okuwçylaryň öwrenilenlere düşünip ýa-da düşünmändiklerini anyklamakdan ybarat;
ç) Öwrenilenleri okuwçylaryň nähili özleşdirendiklerini anyklamakdan ybarat;
d) Okuwçylaryň ählisini geçilen ýerler, öwrenilen meseleler boýunça bahalandyrmakdan ybarat.

**13. Jemleýji gaýtalamak sapaklarynda mugallymyň we okuwçylaryň üns merkezinde bolmaly meseleler?**
a) Esasy taryhy maglumatlary jemlemek;
b) Taryhy wakalara we hadysalara baha bermek, sebäp we netijelerini dikeltmek, jemlemek we netijä gelmek;
ç) Esasy faktlaryň ýatda galmagyny gazanmak;
d) Okuwçylaryň hemmesiniň bahalandyrylmagyny gazanmak.

**14. Gaýtalamagyň haýsy görnüşinde mugallym olara beriljek esasy soraglary aýdýar we gaýtalanmaly zerur maglumatlary tabşyrýar?**
a) Öwrenilen okuw maglumaty bilen baglanyşykly gaýtalamakda;
b) Taryhyň mekdep dersiniň aýratyn temasy we bölümi boýunça jemleýji gaýtalamakda;
ç) Ýarym ýa-da bütin okuw ýylynyň dowamynda öwrenilenleri gaýtalamakda;
d) Meseleleýin gaýtalamakda.

**15. Jemleýji gaýtalamak sapaklaryny okuwçylaryň bilimleri barlanylýan we bahalandyrylýan sapaga öwürmek usulyýet taýdan dogrumy?**
a) Dogry;
b) Nädogry;
ç) Gaýtalamagyň meselesine laýyklykda dogry bolup biler;
d) Okuwçylaryň ýaş we psihologik aýratynlyklaryna görä dogry bolup biler.

# III BÖLÜM

## TARYH DERSINI OKATMAGYŇ HÄZIRKI ZAMAN USULLARY

### I

**1. Okuwçylarynyň taryh dersi boýunça her taraply bilim almaklaryny üpjün etmek üçin okatmagyň usullary nähili görnüşde peýdalanylsa talabalaýyk bolýar?**

a) Görkezme esbaplylyk usuly özbaşdak peýdalanylsa;
b) Resminamalardan peýdalanmak usuly toplumlaýyn peýdalanylsa;
ç) Çeper edebiýatdan peýdalanmak we işjeň usullar toplumlaýyn peýdalanylsa;
d) Okatmagyň dürli usullary toplumlaýyn peýdalanylsa.

**2. Mugallymyň gürrüň, düşündiriş we ş.m. arkaly öwretmegi bilen temalaryň mazmunynyň özleşdirilişiniň derejesiniň birmeňzeş bolmaýandygynyň sebäpleri?**

a) Okuwçylaryň ünsüniň derejesiniň tebigy taýdan üýtgäp durmagy, pikirlenmek üçin wagty talap edýän we çylşyrymly adalgalaryň, sözleriň ulanylmagyny, okuwçylary ýadadýan adatdan daşary gaty geplemegi, soraglar düşündirilende çalt beýan etmekligi;
b) Okuwçylaryň üns derejesiniň dürli-dürli bolýandygy, pikirlenmek üçin wagty talap edýän adalgalaryň ulanylmagy;
ç) Okuwçylaryň ýatlarynyň derejesiniň dürli-dürli bolýandygy, mugallymyň okuwçylary ýadadýan adatdan daşary gaty geplemegi;
d) Mugallymlaryň dürli-dürli usullardan peýdalanmaklary, okuwçylaryň bilimlerini barlamaklyga köp wagtyň sarp edilmegi.

**3. Pedagogik edebiýatda okatmagyň usullaryny toparlara bölmekligiň gabat gelýän görnüşleri?**

a) Dürli-dürli;
b) Didaktiki maksatlary;
ç) Passiw we işjeň usullar;
d) Nusgawy usullar.

**4. Okatmagyň usullarynyň didaktiki maksatlary boýunça toparlara bölünişi?**

a) Täze maglumaty öwretmegiň, berkitmegiň we bilimleri, başarnyklary, endikleri barlamagyň usullary;
b) Analiz, sintez, induksiýa, deduksiýa we ş.m.;
ç) Nusgawy we barlag, passiw hem işjeň usullar;
d) Utgaşdyrylan alamatlary boýunça usullar.

**5. Okatmagyň usullarynyň okuwda okuwçylaryň umumy işjeňliginiň derejesi boýunça toparlara bölünişi?**

a) Täze maglumaty öwretmegiň, berkitmegiň we bilimleri, başarnyklary, endikleri barlamagyň usullary;
b) Analiz, sintez, induksiýa, deduksiýa we ş.m.;
ç) Nusgawy we barlag, passiw hem işjeň usullar;
d) Utgaşdyrylan alamatlary boýunça usullar.

**6. Okatmagyň haýsy usulynda okuwçylaryň özbaşdak işleri uly orun tutýar?**

a) Islendik;
b) Dilden beýan etmek;
ç) Nusgawy;
d) Sorag-jogap.

**7. Gürrüň we mugallymyň umumy okuwy usulynda okuwçylaryň bilim almaklarynyň esasy çeşmesi?**

a) Mugallymyň sözi;
b) Görkezme esbaplar;
ç) Işjeň usullar;
d) Dürli usullar.

**8. Taryhy okatmagyň her bir usulyna hiç hili ütgemeýän we beýleki usullar bilen baglanyşyksyz usul hökmünde seretmek dogry bolarmy?**

a) Dogry bolar;
b) Nätakyk bolar;
ç) Nädogry bolar;
d) Bellibir dereje nädogry bolar.

**9. Taryhy okatmagyň usullarynyň her biriniň özüne mahsus aýratynlyklary barmy?**
a) Käbirlerinde bar;
b) Taryhy okatmagyň her bir usulynyň beýleki usullardan tapawutlanýan özüne mahsus aýratynlyklary bar;
ç) Taryhy okatmagyň her bir usulynyň beýleki usullardan tapawutlanýan özüne mahsus aýratynlyklary ýok;
d) Görkezme esbaplylyk usulynyň özüne mahsus aýratynlyklary bar.

**10. Taryhy okatmagyň usullarynyň üýtgeýiş derejesi?**
a) Örän çalt üýtgäp durýarlar;
b) Taryh ylmynyň ösüşi bilen baglanyşykly üýtgeýärler;
ç) Täze usullaryň peýda bolmagy bilen baglanyşykly üýtgeýärler;
d) Örän haýal üýtgeýärler.

**11. Okatmagyň usullarynyň arasynda özara baglanyşyk barmy ýa-da her usul özbaşdak ulanylýarmy?**
a) Okatmagyň usullarynyň her biri özbaşdak ulanylýar;
b) Okatmagyň usullarynyň arasynda baglanyşyk ýok;
ç) Zerurlyk ýüze çyksa, biri-birleri bilen baglanyşdyrylsa-da bolýar;
d) Okatmagyň usullary öz aralarynda örän berk baglanyşykly, biri-birine geçýärler, köplenç, ol ýa-da beýleki usul özüne beýleki usullaryň böleklerini girizýär.

**12. Mekdepde üstünlikli okatmaklygyň zerur şertleriniň biri?**
a) Okuwçylary işjeňleşdirýän usullardan peýdalanmak;
b) Nusgawy usullardan peýdalanmak;
ç) Okuwçylaryň özbaşdaklygyny ösdürmek;
d) Okuwçylaryň sazlaşykly ösmegi hem-de okatmagyň üstünlikli bolmagy üçin pikirlenmäni ösdürmek.

**13. Okuwçylarda derslere bolan gyzyklanma nähili bolýar?**
a) Deň;
b) Deň däl;
ç) Az-kem tapawutly;
d) Ýaşlaryna laýyklykda deň.

**14. Taryh sapagynda çeper edebiýatyň peýdalanylmagynyň ähmiýeti?**

a) Taryhy geçmişi we häzirki döwri obrazly göz öňüne getirmäge kömek edýär;

b) Mugallyma okuwçylaryň temany ünsli diňlemeklerini gazanmaga kömek edýär;

ç) Mugallyma temanyň mazmunyny açyp görkezmäge kömek edýär;

d) Mugallyma sorag-jogap usulyndan peýdalanmaga kömek edýär.

**15. Taryhy okatmagyň esasy usullary?**

a) Häzirki zaman işjeň usullar, görkezme esbaplylyk usuly;

b) Nusgawy we häzirki zaman işjeň usullar, okuw kitaby bilen işlemek usuly;

ç) Gürrüň we mugallymyň mekdep umumy okuwy, dilden beýan etmek, görkezme esbaplylyk, okuw kitaby bilen işlemek, taryhy resminamalar bilen işlemek, taryh okadylanda çeper edebiýatdan peýdalanmak, nusgawy we häzirki zaman işjeň usullar;

d) Nusgawy we häzirki zaman usullar.

## II

**1. Bilim ulgamynyň işgärleriniň öňünde goýlan wezipeleri göwnejaý çözmek üçin, peýdalanmak zerur bolan usullar.**

a) Görkezme esbaplylyk;

b) Çeper edebiýatdan peýdalanmak;

ç) Nusgawy we häzirki zaman işjeň usullar;

d) Resminamalardan peýdalanmak.

**2. Milli bilim ulgamyndaky özgertmeleriň möhüm ugurlarynyň biri?**

a) Halkara tejribesini düýpli öwrenmek;

b) Halkara tejribesini çuňňur özleşdirmek, ýurduň we dünýä ylmynyň soňky gazananlaryny, öňdebaryjy tehnologiýalary

hem-de usullary öwrenmek, hem-de Türkmenistanyň orta we ýokary okuw mekdepleriniň okuw işine girizmek;
ç) Okatmagyň häzirki zaman tehniki serişdelerinden peýdalanmak;
d) Okuwçylaryň sapaklara işjeň gatnaşmaklaryny gazanmak.

**3. Türkmenistanda başy başlanan giň gerimli bilim özgertmeleriniň zerurlygy we döwrebaplygy näme bilen şertlendirilen?**
a) Okatmagyň häzirki zaman işjeň usullarynyň peýdalanylyp, sapaklaryň geçilmegi;
b) Häzirki zaman ylmynyň gazananlarynyň özleşdirilmegi;
ç) Ýaşlara bilim-terbiýe bermekligiň olary durmuşa taýýarlamak bilen utgaşdyrylmagy;
d) Orta hem ýokary okuw mekdepleriň durmuşyň depginine eýermelidigi, jemgyýetçilik, ylmy we medeni ösüşiň netijelerini hasaba alynmalydygy.

**4. Okuwçylara bilim bermekde peýdalanylýan häzirki zaman okuw serişdeleriniň esasylarynyň biri?**
a) Proýektor;
b) Okuw enjamlary;
ç) Kompýuter;
d) Okuw filmleri.

**5. Mekdeplerde okuw otaglarynyň häzirki zaman okuw-tehniki serişdeleri bilen doly üpjün edilmeginiň mugallymlardan edýän talaby?**
a) Mugallymyň sapakda maglumat aragatnaşyk tehnologiýalaryny ulanyp, okatmagyň usullaryny bilmegi;
b) Mugallymyň dürli çyzgylary çyzyp başarmagy;
ç) Mugallymyň okatmagyň dürli usullaryny bilmegi;
d) Mugallymyň nusgawy usullary oňat bilmegi.

**6. Maglumat tehnologiýalaryndan peýdalanmagyň has giň ýaýran görnüşi.**
a) Testler;
b) Dürli suratlar;

ç) Multimedia prezentasiýalary;
d) Dürli çyzgylar.

**7. Prezentasiýalar nähili taýýarlanylsa ýerlikli bolýar?**
a) Taryh sapaklarynyň tutuş ulgamynyň prezentasiýalary;
b) Aýratyn multimedia prezentasiýalary;
ç) Käbir temalar boýunça prezentasiýalar;
d) Taryh sapaklarynyň tutuş ulgamynyň we aýratyn multimedia prezentasiýalary.

**8. Anyk sapagyň prezentasiýasyny taýýarlamak üçin ortaça gerek bolan wagt.**
a) 1-1,5 sagat;
b) 2-2,5 sagat;
ç) 3-3,5 sagat;
d) 4-4,5 sagat.

**9. Microsoft PowerPoint programmasy sapakda nähili zatlardan peýdalanmaga mümkinçilik berýär?**
a) Okuw kartinalaryndan;
b) Okuw filmlerinden;
ç) Okuw kitabyndaky suratlardan;
d) Kartalardan, suratlardan, taryhy şahsyýetleriň portretlerinden, okuw kartinalaryndan we filmlerinden, wideofragmentlerden, diagrammalardan.

**10. Häzirki wagta çenli peýdalanylyp gelinýän taryhy kartalaryň ýerini nähili kartalar bilen çalyşmak gerek?**
a) Çyzykly kartalar;
b) Interaktiw kartalar;
ç) Täze kartalar;
d) Neşir edilen kartalar.

**11. Interaktiw kartalar nähili tagta bilen utgaşdyrylyp peýdalanylsa, olar bilen işlemek mümkinçilikleri giň bolýar?**
a) Arassa synp tagtasy;
b) Açylyp-ýapylýan synp tagtasy;

ç) Interaktiw tagta;
d) Proýektor.

**12. Synp tagtasy nähili serişde?**
a) Okuwçy bilen mugallymyň arasynda maglumaty alşyp-çalyşmagyň meýdançasy;
b) Täsirli suratlary görkezmegiň serişdesi;
ç) Görkezip okatmagyň serişdesi;
d) Ýazgy arkaly görkezip düşündirmegiň serişdesi.

**13. Interaktiw tagtanyň mümkinçilikleri?**
a) Kompýuterde bolan zatlary görkezmek;
b) Sapagyň prezentasiýasyny görkezmek;
ç) Sapakda dürli çyzgylardan peýdalanmak;
d) Sapagyň okuw maglumatyny soň hem gerek wagty peýdalanmak üçin saklamak we düzedişler girizmek, timarlamak, reňkler bilen bellikler etmek hem-de düşündiriş bermek.

**14. Interaktiw tagta arkaly geçilýän sapagyň ýumuşlarynyň taýýarlanylmaly wagty?**
a) Öňünden;
b) Sapaklaryň aralygynda mekdepde;
ç) Sapaklardan soň taryh otagynda;
d) Okuwçylar bilen bilelikde.

**15. Interaktiw okuw diýlende nähili okuwa düşünmeli?**
a) Okuwçylaryň sapaga höwesli gatnaşýan okuwyna;
b) Mugallymyň okuwçylary gyzyklandyryp bilýän okuwyna;
ç) Okuwçylaryň töweregindäki okuwa dahylly zatlar hem-de adamlar bilen işjeň aragatnaşykda bolýan okuwyna;
d) Okuwçylaryň sapakda özbaşdak işleýän okuwlaryna.

**16. Multimedia nähili ulgam?**
a) Şol bir wagtyň özünde ses, grafika, wideoşekil, tekst ulanmagy üpjün edýän;
b) Sapak okatmaklygy ýeňilleşdirýän;

ç) Sapakda dürli suratlardan peýdalanmaga mümkinçilik berýän;
d) Sapakda dürli çyzgylardan peýdalanmaga mümkinçilik berýän.

## III

**1. Sapakda janly söz nähili görnüşde peýdalanylýar?**
a) Sorag-jogap;
b) Monolog we söhbetdeşlik;
ç) Söhbetdeşlik;
d) Gürrüň.

**2. Taryh sapagynda mugallymyň dilden beýan etmesiniň ýerine ýetirýän wezipeleri?**
a) Maglumat berijilik, logiki, terbiýeleýjilik;
b) Ösdürijilik, aýan edijilik, beýan edijilik;
ç) Terbiýeleýjilik, suratlandyryjylyk, logiki;
d) Maglumat berijilik, täsirliligi güýçlendirijilik, ösdürijilik.

**3. Dilden beýan etmek usulynyň kömegi bilen taryhy okatmaklygyň meselelerini çözmeklik nähili amala aşyrylýar?**
a) Okuwçylaryň dilden beýan ediş başarnyklaryny hasaba almak bilen;
b) Şol synpyň özüne mahsus we okuwçylaryň aýratyn toparynyň aýratynlyklaryny hasaba almak bilen;
ç) Mugallymyň gürrüňini ähli okuwçylaryň dykgatly diňlemeklerini gazanmak bilen;
d) Mugallym bilen okuwçylaryň arasynda gürrüňdeşlik usulynyň peýdalanylmagy bilen.

**4. Dilden beýan etmegiň esasy görnüşleri?**
a) Gürrüň, teswirleme, häsiýetnama, düşündirmek, mekdep umumy okuwy we söhbetdeşlik;
b) Teswirleme, häsiýetnama;
ç) Gürrüň, sorag-jogap, düşündirmek;
d) Beýan etme, söhbetdeşlik.

9. Sargyt № 2583

**5. Gürrüň näme?**

a) Mugallymyň gürrüň bermegi arkaly amala aşyrylýan usul;

b) Taryhy wakalary we prosesi olaryň ösüşi, halk köpçüliginiň hem-de taryhy şahsyýetleriň anyk hereketleri hakynda yzygiderli aýdyp bermek;

ç) Taryhy wakalary beýan etmek;

d) Taryhy wakalaryň teswiri.

**6. Okatmagyň gürrüň usulyndan haýsy synplarda köp peýdalanylýar?**

a) V-VI;

b) VI-VII;

ç) V-VIII;

d) V-VII.

**7. Taryh sapagynda teswirleme nähili görnüşde amala aşyrylýar?**

a) Ýatdan beýan etme;

b) Gerek ýerinde kitapdan okap gürrüň berme;

ç) Dürli usullar bilen utgaşdyrylan beýan etme;

d) Giňeldilen, ýatdan beýan etme.

**8. Häsiýetlendirmek ýa-da häsiýetnama nähili görnüşde bolup biler?**

a) Gysga we giňeldilen;

b) Geçen wakalary ýatda saklamaga kömek edýän;

ç) Geçen wakalary öwrenmegi ýeňilleşdirýän;

d) Diňe şahsyýetlere baha berýän.

**9. Mekdep umumy okuwynyň ýokary okuw mekdeplerinde geçirilýän umumy okuwlardan tapawudy?**

a) Umumy okuw orta mekdeplerde geçirilende 45 minut dowam edýär;

b) Umumy okuwa sorag-jogap usulynyň elementleri girizilýär hem-de 45 minut dowam edýär;

ç) Umumy okuwa gürrüň usulynyň elementleri girizilýär hem-de 45 minut dowam edýär;
d) Umumy okuwa söhbetdeşligiň elementleri girizilýär hem-de 45 minut dowam edýär.

**10. Söhbetdeşlik usuly nähili görnüşde geçirilmeklige niýetlenilýär?**
a) Taryhy faktlary we hadysalary ara alyp maslahatlaşmaklyga güýçli okuwçylaryň gönüden-göni işjeň gatnaşmaklaryna;
b) Taryhy faktlary we hadysalary ara alyp maslahatlaşmaklyga okuwçylaryň gönüden-göni işjeň gatnaşmaklaryna;
ç) Mugallymyň goýan soraglary boýunça okuwçylaryň öz aralarynda söhbetdeşlik geçirmeklerine;
d) Sorag-jogap usulyny giňden peýdalanmaklyga.

**11. Mugallym bilen okuwçylaryň arasyndaky gepleşik arkaly okuw maglumatynyň öwrenilmegine niýetlenilen usul?**
a) Umumy okuw;
b) Söhbetdeşlik;
ç) Düşündirmek;
d) Sorag-jogap.

**12. Okuwçylara täze maglumaty öwretmek we öň özleşdirilen bilimleriň çuňlaşdyrylmagyny gazanmak, olary ulgamlaşdyrmak we jemlemek maksady bilen geçirilýän söhbetdeşlik?**
a) Jemleýji gaýtalamak;
b) Giriş;
ç) Berkidiji;
d) Barlag.

**13. Öň öwrenilen faktlary we wakalary gaýtalamak zerurlygy ýüze çykanda, olaryň esasy etaplaryny, umumy alamatlaryny we tapawutlaryny açyp görkezmek üçin peýdalanylýan söhbetdeşlik?**
a) Jemleýji gaýtalamak;
b) Giriş;

ç) Berkidiji;
d) Ewristik.

**14. Şu günki sapagyň mazmuny bilen tematik taýdan baglanyşykly bolan öň öwrenilen maglumatlar boýunça hem soraglar goýlup geçirilýän söhbetdeşlik?**
a) Jemleýji gaýtalamak;
b) Giriş;
ç) Berkidiji;
d) Barlag.

**15. Okuwçylaryň ünsüni oňat jemleýän, olaryň pikirlenmelerini işjeňleşdirýän, öwrenilýän maglumatyň has düşünjeli özleşdirilmegine täsir edýän söhbetdeşlik?**
a) Jemleýji gaýtalamak;
b) Giriş;
ç) Berkidiji;
d) Ewristik.

**16. Häsiýeti boýunça jemleýji gaýtalamak söhbetdeşligine örän ýakyn we onuň bilen berk baglanyşykly söhbetdeşlik?**
a) Barlag;
b) Giriş;
ç) Berkidiji;
d) Ewristik.

**17. Söhbetdeşlik wagtynda okuwçylara berilýän soraglaryň häsiýeti nähili bolup biler?**
a) Taryhy faktlary we hadysalary deňeşdirmegi, birmeňzeş taryhy faktlaryň we hadysalaryň umumy häsiýetlerini we tapawutlaryny deňeşdirmegi talap edýän;
b) Öwrenilen faktlary we hadysalary derňemegi we ulgamlaşdyrmagy talap edýän;
ç) Taryhy faktlary derňemegi, olaryň sebäp-netije arabaglanyşyklaryny açmagy, olary düşündirmegi, subut etmekligi talap edýän;
d) Örän köpdürli.

## IV

**1. Taryh sapagynda işlemek üçin peýdalanylýan taryhy resminamalar näçe topara bölünýär?**

a) 1;
b) 2;
ç) 3;
d) 4.

**2. Taryh sapagynda işlemek üçin peýdalanylýan taryhy resminamalaryň görnüşleri?**

a) Hukuk, syýasy, maksatnama, hojalyk resminamalary;
b) Hojalyk resminamalary, wakalaryň ýazgylary, ýyl ýazgylary;
ç) Hekaýawy we beýan ediji häsiýetdäki edebi hem-de akt resminamalary;
d) Ýatlamalar, wakalaryň ýazgylary, ýyl ýazgylary, ömür ýazgylary.

**3. Taryhy resminama mugallymyň beýan edişine ozaly bilen haçan girizilýär?**

a) Her gezek mugallymyň öz gürrüňi üçin maglumaty nireden alandygyny, ýagny çeşmäni görkezmegi bilen;
b) Gürrüňi ýa-da beýan etmäni anyklaşdyrmak, oňa uly täsirlilik bermek maksady bilen;
ç) Mugallymyň gürrüňini subut etmegi zerur bolan halatynda;
d) Mugallymyň taryhy şahsyýetler barada berýän gürrüňini subut etmek gerek bolan halatynda.

**4. Mugallym resminama maglumatlaryndan peýdalananda «ýyl ýazyjysynyň sözi boýunça», «döwürdeşiniň şaýatlyk etmegi boýunça» we ş.m. salgylanmalary ýygy-ýygydan peýdalansa, onuň edilýän gürrüňe ýetirýän täsiri.**

a) Gürrüňe uly täsirlilik berýär;
b) Gürrüňe anyklyk berýär;
ç) Gürrüňiň galdyrýan täsiriniň bitewüligine zeper ýetirýär;
d) Gürrüňiň gyzyklanma bilen diňlenmegini üpjün edýär.

**5. Ýatlamalar, wakalaryň ýazgylary, ýyl ýazgylary, ömür ýazgylary taryh sapagynda peýdalanylýan resminamalaryň haýsy toparyna girýär?**

a) Hekaýawy we beýan ediji häsiýetdäki edebi resminamalara;
b) Akt resminamalaryna;
ç) Hrestomatiýa ýygyndylaryna;
d) Geçmiş resminamalaryna.

**6. Derňew, netije we jemleme üçin maglumat hökmünde peýdalanylýan resminamalar?**

a) Hekaýawy we beýan ediji häsiýetdäki edebi resminamalar;
b) Akt resminamalary;
ç) Ýatlamalar;
d) Wakalaryň ýazgylary, ýyl ýazgylary.

**7. Näme üçin synpda hrestomatiýa we resminama ýygyndysyny gönüden-göni peýdalanmak amatsyz bolýar?**

a) Kyn dilde bolýandygy üçin;
b) Okamak kyn bolýandygy üçin;
ç) Olarda ýerleşdirilen resminamalaryň hakyky görnüşinde we doly ölçegde bolýandygy üçin;
d) Okamak üçin köp wagt alýandygy üçin.

**8. Haýsy synplarda taryhy resminamalar bilen hiç hili ýörite iş geçirilmeýär?**

a) IV;
b) V;
ç) VI;
d) VII.

**9. Taryh sapaklarynda taryhy resminamalardan peýdalanmagyň näçe usuly peýdalanylýar?**

a) Bir;
b) Iki;
ç) Üç;
d) Dört.

**10. Mugallymyň beýan edişine uly bolmadyk resminama bölegini haýsy ýagdaýlarda girizmek maksadalaýyk bolýar?**

a) Resminamadan alnan bölek uly bolmasa, şeýle-de ýeňil kabul edilýän bolsa;
b) Resminamadan bölek täsirliligi güýçlendirse ýa-da beýan etmä anyklyk berse;
ç) Resminamadan alnan bölek okuwçylarda gyzyklanma döretse, taryhy şahsyýetiň aýdanlaryndan düzülse, şeýlelikde, beýan edilişiň göni gepleşigini, açyk häsiýetnamany janlandyrmaga kömek etse;
d) Bölek uly bolmasa, şeýle-de ýeňil kabul edilýän, ýönekeý we okuwçylara düşnükli bolsa, täsirliligi güýçlendirse, okuwçylarda gyzyklanma döretse, taryhy şahsyýetiň aýdanlaryndan düzülse, şeýlelikde, açyk häsiýetnamany janlandyrmaga kömek etse.

**11. Mugallymyň käbir resminama maglumatlarynyň mazmunyna okuwçylaryň sapagyň ahyrynda ýa-da öýde taýýarlanyp gelip, jogap bermeklerini talap etmegi resminamalar bilen işlemegiň haýsy usulyna degişli?**

a) Okuw maksatnamasyna laýyklykda käbir resminama maglumatlaryny okuwçylara gös-göni özbaşdak öwrenmegi tabşyrmak;
b) Täze okuw maglumatyny gös-göni resminama maglumaty esasynda öwrenmek;
ç) Täze okuw maglumatlary beýan edilende resminama maglumatlaryndan bölekler okamak we netije çykarmak;
d) Resminamanyň mazmuny boýunça pikir ýöretmek.

**12. Resminamany mugallymyň özüniň derňemegi haçan peýdalanylýar?**

a) Täze tema degişli resminama peýdalanylanda;
b) Geçilenleri gaýtalamak bilen baglanyşykly resminama peýdalanylanda;
ç) Resminamany derňemegiň usullaryny okuwçylar bilmedik ýagdaýlarynda;

d) Has çylşyrymly resminama öwrenilende ýa-da mugallym öz öňünde okuwçylary taryhy resminamany ylmy-derňew etmegiň usuly bilen tanyşdyrmagy mesele edip goýanynda.

**13. Resminamalar bilen işlemegiň haýsy usulynda mugallymyň özi resminamany ýuwaş okaýar, okuwçylar okalýany yzarlap oturýarlar, soň oňa düşünilişiniň derejesini barlamak üçin soraglar goýulýar?**

a) Resminamany mugallymyň özüniň derňemegi;

b) Resminamany okuwçylaryň mugallymyň gönüden-göni ýolbaşçylygynda derňemekleri;

ç) Mugallymyň ýumşy boýunça sapakda okuwçylaryň resminama boýunça özbaşdak işleri;

d) Mugallymyň ýumşy esasynda resminama boýunça okuwçylaryň özbaşdak öý işleri.

**14. Mugallymyň ýumşy boýunça sapakda taryhy resminama bilen okuwçylaryň özbaşdak işlerini guramagyň şertleri?**

a) Resminama okuwçylaryň özbaşdak derňemekleri üçin güýçýeterli bolmaly, peýdalanylýan resminama meňzeş çeşme boýunça işi ýerine ýetirmegiň usuly okuwçylara öň öwredilen bolmaly;

b) Resminamanyň okuwçylary özüne çekijiliginiň bolmagy, okuwçylarda gyzyklanma döretmegi;

ç) Okuwçylarda gyzyklanma döretmegi, okuwçylar üçin güýçýeterli bolmagy;

d) Okuwçylarda isleg döretmegi.

## V

**1. Çeper edebiýat mekdep okuwçylary üçin nähili serişde bolup durýar?**

a) Okuwçylary taryhy geçmiş bilen tanyşdyrmagyň serişdeleriniň biri;

b) Mugallyma söz usulyndan peýdalanmaga mümkinçilik berýän serişdeleriň biri;
ç) Mugallyma gürrüň usulyndan peýdalanmaga mümkinçilik berýän serişdeleriň biri;
d) Okuwçylara temanyň mazmunyna oňat düşünmäge kömek edýän serişdeleriň biri.

**2. Öwrenilýän eýýamyň çeper eserleri taryh sapagynda, köplenç, näme üçin peýdalanylýar?**
a) Okuwçylaryň ünsüni sapaga çekmek üçin;
b) Tema boýunça bellibir netijä gelmek we jemlemek üçin;
ç) Okuwçylaryň sapaga gyzyklanmasyny artdyrmak üçin;
d) Taryhy döwür barada okuwçylara giň düşünje bermek üçin.

**3. Taryh sapaklarynda çeper edebiýatdan giňden peýdalanmak, çeper salgylanmalary köp getirmek usulyýet taýdan dogrumy?**
a) Ýalňyş;
b) Mugallymyň düşündirişine bagly;
ç) Okuwçylaryň gyzyklanmasyna bagly;
d) Dogry.

**4. Taryh sapagynda nähili tarapy göz öňünde tutulyp, çeper edebiýatdan peýdalanylýar?**
a) Okuwçylaryň islegleri;
b) Maglumat berijilik tarapy;
ç) Taryhy geçmişe akyl ýetirmeklige onuň nähili kömek edýändigi;
d) Mugallymyň düşündirişini ýeňilleşdirýän taraplary.

**5. Sapakda çeper edebiýatdan peýdalanmak üçin bellenilen bölegi mugallym nähili usulda peýdalansa, ýerlikli bolýar?**
a) Okap berse;
b) Özbaşdak okamak tabşyrylsa;
ç) Okuwçylar bilen bilelikde okamak;
d) Eger bölek uly bolmasa, ol ýatdan aýdylyp berilse.

**6. Taryh sapagynda peýdalanylýan çeper edebiýatyň birinji topary?**

a) Taryhy belletristika (kiçiräk edebi eser);
b) Halk döredijiliginiň dürli görnüşleri;
ç) Wakanyň bolup geçýän döwründe şol eýýamyň awtorlary tarapyndan ýazylan eserler;
d) Taryhy romanlar.

**7. Taryh sapagynda peýdalanylýan çeper edebiýatyň ikinji topary?**

a) Ýyl ýazgylary;
b) Öwrenilýän döwür hakynda soňraky döwürde, esasanam, biziň döwürdeşlerimiz tarapyndan ýazylan eserler;
ç) Ýatlamalar;
d) Wakalaryň ýazgylary.

**8. Geçmişi öwrenmekde taryh ylmynyň esasy çeşmeleriniň biri bolup hyzmat edýän edebi eserler?**

a) Wakanyň bolup geçýän döwründe şol eýýamyň awtorlary tarapyndan ýazylan eserler;
b) Ýatlamalar;
ç) Ýyl ýazgylary;
d) Öwrenilýän döwür hakynda soňraky döwürde, esasanam, biziň döwürdeşlerimiz tarapyndan ýazylan eserler.

**9. Taryhy belletristika mugallyma nähili kömek edýär?**

a) Okuwçylaryň ünsüni çekmäge;
b) Öwrenilýän okuw maglumatyny anyklaşdyrmaga we mysallar arkaly taryhy sahnany şekillendirmäge;
ç) Okuwçylary gyzyklandyrmaga;
d) Sapagy oňat geçmäge.

**10. Sapakda çeper edebiýatdan peýdalanmaklyga mugallym nähili taýýarlanýar?**

a) Edebi maglumatlary saýlaýar, okamak üçin bölegi belleýär, alynma sözleri gysgaldýar;

b) Eseri okap, mazmuny bilen tanyşýar;
ç) Eserden nähili usulda peýdalanjakdygyny anyklaýar;
d) Okuwçylara eser boýunça nähili ýumuş tabşyrjakdygyny kesgitleýär.

**11. Sapakda peýdalanylmagy mugallyma syýasy häsiýetli namalaryň üstüni açmaga, beýan etmäni adatdan daşary janlandyrmaga, okuw maglumaty boýunça gelnen netijeleri okuwçylaryň ýadynda berkitmäge kömek edýän çeper edebiýatyň görnüşi?**
a) Nusgawy türkmen edebiýatynyň eserleri;
b) Dünýä edebiýatynyň nusgawy eserleri;
ç) Häzirki zaman türkmen ýazyjylarynyň eserleri;
d) Gysgajyk satiriki şygyr.

**12. Daşary ýurt halklarynyň ýatdan aýdylýan döredijiliginiň obrazlarynyň peýdalanylmagy nämä ýardam edýär?**
a) Öwrenilýän ýurduň taryhyndaky we medeniýetindäki gaýtalanylmaýan alamatlary okuwçylara has-da düşnükli edip açyp görkezmäge;
b) Mugallyma taryhy öwretmäge;
ç) Okuwçylarda daşary ýurtlaryň taryhyny öwrenmäge gyzyklanma döretmäge;
d) Okuwçylary hemmetaraplaýyn bahalandyrmaga.

**13. Taryhy romany ýa-da powesti okuwça synpdan daşary okuw hökmünde hödürläp bolýarmy?**
a) Bolanok;
b) Bolýar;
ç) Eseriň mazmunyna bagly bolýar;
d) Okuwçylaryň gyzyklanmalaryna bagly bolýar.

**14. Haýsy synplarda mugallym okuwçylara tanyş bolan edebi eserlerden edebi obrazlary gysgaça ýatlamak bilen çäklenýär?**
a) VII-VIII;
b) VIII-IX;

ç) VIII-X;
d) X- XII.

**15. Gysga salgylanma görnüşinde, esasan, haýsy edebi eserler peýdalanylýar?**
a) Edebi häsiýetnamalar, basnýa ýazýanlaryň nesihatly pikirleri, nakyllar we atalar sözleri;
b) Taryhy belletristikanyň eserleri;
ç) Taryhy romandan bölekler;
d) Halk döredijiliginden gysga setirler.

**16. Çeper obraz mugallymyň beýan etmesinde nähili salgylanma görnüşinde alnyp bilner?**
a) Uly edebi;
b) Gysga;
ç) Gaty uly bolmadyk;
d) Ortaça.

## VI

**1. Görkezme esbaply okatmak meselesi boýunça ylmy iş alyp baran usulyýetçi alymlar?**
a) N.I.Apparowiç, A.A.Wagin, P.W.Gora, D.N.Nikiforow;
b) A.I.Stražew, A.A.Wagin, P.W.Gora;
ç) P.S.Leýbengrub, F.P.Korowkin, N.G.Daýri, D.N.Nikiforow;
d) W.N.Bernadskiý, N.W.Andreýewskaýa.

**2. Görkezme esbaplardan peýdalanmak haýsy jähetden gowy işlenilen?**
a) Usulyýet;
b) Görkezme esbaplaryň taýýarlanylyşy;
ç) Nazaryýet;
d) Kartalaryň taýýarlanylyşy.

**3. Bir sapakda näçeräk görkezme esbap ulanylsa, ýerlikli bolýar?**
a) Köp sanlysy;
b) Bir ýa-da iki surat, bir-iki diagramma we ş.m. görkezme esbaplar;

ç) Bir-iki sany karta, dört-bäş sany beýleki görkezme esbap;
d) Bir surat.

**4. Usulyýet edebiýatlarynda taryh dersi boýunça görkezme esbaplaryň toparlara bölünişiniň nähili görnüşlerine gabat gelmek bolýar?**
a) Görnüşi boýunça;
b) Ululygy, kiçiligi boýunça;
ç) Mazmuny we görnüşi boýunça;
d) Sapagyň haýsy görnüşinde peýdalanylýandygy boýunça.

**5. Näme üçin sapakda görkezme esbaplaryň adatdan daşary köp sanlysyny peýdalanmak maslahat berilmeýär?**
a) Wagty köp alýandygy üçin;
b) Okuwçylaryň ünsüni sapagyň esasy mazmunyndan sowýandygy, sapagyň çuň özleşdirilmegine zyýan ýetirip bilýändigi üçin;
ç) Okuwçylaryň maglumaty köp kabul etmeli bolýandyklary üçin;
d) Okuwçylary ýadadýandygy üçin.

**6. Sapakda peýdalanmak üçin görkezme esbaplaryň nähilisini saýlamaly?**
a) Dürli görnüşlerini;
b) Kiçi we uly göwrümlisini;
ç) Akyl ýetirijilik we ideýa-terbiýeçilik taýdan iň zeruryny, iň gymmatlysyny;
d) Iň görnüklisini.

**7. Mazmuny boýunça okuw görkezme esbaplaryň nähili görnüşleri tapawutlandyrylýar?**
a) Kartalar we hronologik tablisalar;
b) Shemalar we sinhronik, tekst tablisalary;
ç) Okuw kartinalary we ykdysady shemalar;
d) Çekilen (şekillendirilen) we şertli-grafiki.

**8. Görkezme esbaplaryň şertli-grafiki görnüşleri?**
a) Wagt we giňişlik boýunça gatnaşyklary hem-de jemlemeleri grafiki usulda aňladýan esbaplar;

b) Taryhy ýadygärlikleriň suratlary, žiwopis eserleri;
ç) Taryhy şahsyýetleriň portretleri, taryhy wakalary we jemgyýetçilik durmuşynyň hadysalaryny suratlandyrýan çeper we okuw kartinalary;
d) Okuw kartinalary.

**9. Sapakda görkezme esbaplardan peýdalanlanylanda, mugallym ony ýöne görkezmek bilen çäklense, ýeterlik bolýarmy?**
a) Ýeterlik bolýar;
b) Ýeterlik bolýandygyny ýa-da bolmaýandygyny mugallymyň özi kesgitleýär;
ç) Bolmaýar, görkezme esbaplarynyň kömegi arkaly okuwçylar bilen kesgitli iş geçirmeli;
d) Käbir görkezme esbaplaryny diňe görkezmek ýeterlik bolýar.

**10. Taryhy ýadygärlikleriň suratlary, žiwopis eserleri, taryhy şahsyýetleriň portretleri, taryhy wakalary we jemgyýetçilik durmuşynyň hadysalaryny suratlandyrýan çeper we okuw kartinalary görkezme esbaplaryň haýsy toparyna girýär?**
a) Çekilen-şekillendirilen;
b) Şertli-grafiki;
ç) Zat;
d) Etnografik.

**11. Taryhy kartalar, shemalar we tablisalar görkezme esbaplaryň haýsy toparyna girýär?**
a) Çekilen-şekillendirilen;
b) Elde we fabrik usulynda taýýarlanylan;
ç) Şertli-grafiki;
d) Akyl taýdan ösdüriji.

**12. Şertli-grafiki görkezme esbaplarynyň görnüşleri?**
a) Kartalar, shemalar we tablisalar we ş.m;
b) Umumy, tematik we territorial-obzor kartalar;
ç) Ykdysady, sosial-syýasy, harby we taryhy, medeni-taryhy shemalar;
d) Hronologik, sinhronik we tekst tablisalary.

**13. Taryhy kartalaryň görnüşleri?**
a) Umumy, tematik we territorial-obzor;
b) Syýasy, ykdysady;
ç) Tematik we topografik;
d) Geografik we fiziki.

**14. Shemalaryň görnüşleri?**
a) Taryhy we ykdysady shemalar;
b) Uruşlaryň we söweşleriň shemalary;
ç) Ýörişleriň, taryhy wakalaryň gidişiniň, medeni-taryhy ýerleriň shemalary;
d) Ykdysady, sosial-syýasy, harby we taryhy, medeni-taryhy we ş.m. shemalar.

**15. Tablisalaryň görnüşleri?**
a) Wakalaryň yzygiderliligini görkezýän;
b) Hronologik, sinhronik we tematik;
ç) Gozgalaňlaryň tablisalary;
d) Uruşlaryň we söweşleriň tablisalary.

**16. Okuw-görkezme esbaplarynyň görnüşi boýunça (ýerine ýetirilişiniň tehnikasy boýunça) toparlara bölünişi?**
a) Çap edilen, ekran we elde taýýarlanylan;
b) Synpdaky okuwçylaryň hemmesi bilen işlemek üçin diwardan asylýan – kartinalar, kartalar we applikasiýalar;
ç) Stoluň üstünde goýlup ulanylýan – albomlar we atlaslar;
d) Okuw kitabyndaky suratlar.

**17. Okuw-görkezme esbaplarynyň esasy toparlary?**
a) Olarda peýdalanylýan maglumatyň häsiýeti boýunça (resminama ýa-da çeper), kabul edilişiniň görnüşi boýunça (görüş, görüş-eşidiş, eşidiş);
b) Zat (predmet), çekilen (şekillendirilen), şertli-grafiki okuw-görkezme esbaplary;
ç) Maglumat bermegiň usullary boýunça (tehniki serişdeleriň kömegi bilen ýa-da olarsyz – däp bolan nusgawy usul bilen, he-

reketiň barşynda ýa-da hereketsizlikde) peýdalanylýan okuw-görkezme esbaplar;

d) Köpçülikleýin iş we paýlanylýan surat maglumatlary esasynda toparlaýyn ýa-da aýratynlykda iş guralyşyna laýyklykda görnüşi kesgitlenilýän okuw-görkezme esbaplary.

## VII

**1. Nähili okuw-görkezme esbaplaryna şertli-grafiki görkezme esbaplary diýilýär?**

a) Synp tagtasyna hek bilen çyzylýan çyzgylara;
b) Tablisalaryň dürli görnüşlerine;
ç) Wagty we giňişligi boýunça laýyk getirilip hem-de jemlenilip grafiki usulda aňladylýan görkezme esbaplaryna;
d) Shemalaryň we grafiki çyzgylaryň dürli görnüşlerine.

**2. Haýsy synplarda «surat boýunça gürrüň» usuly barha seýrek ulanylýar?**

a) V-VII synplarda;
b) V-VI synplarda;
ç) VI-VII synplarda;
d) Ýokary synplarda.

**3. Haýsy synplarda suratlar mugallym tarapyndan beýan edilýän nazary maglumaty anyklaşdyrmaga, suratlandyrmaga kömek edýär?**

a) V-VII synplarda;
b) V-VI synplarda;
ç) VI-VII synplarda;
d) Ýokary synplarda.

**4. Okuwçylaryň özleriniň suratdan has işjeň bilim almaklary surat boýunça nähili işler guralanda göwnejaý amala aşyrylýar?**

a) Giňişleýin gürrüň berlende;
b) Giňişleýin derňemek guralanda;
ç) Aýdyň düşündiriş berlende;
d) Oňat gürrüň berlende.

**5. Wakalaýyn suratlarda, adatça, nähili pursat görkezilýär?**
a) Taryhyň haýsydyr bir wagtynda hakykatdan bolup geçen, gaýtalanmaýan ýeke-täk pursat;
b) Öwrenilýän eýýam üçin häsiýetli bolan taryhy hadysalar;
ç) Durmuşda köp gezek gaýtalanýan wakalar, hadysalar;
d) Taryhy peýzaž.

**6. Tipiki suratlarda nähili taryhy hadysalar şöhlelendirilýär?**
a) Durmuşda köp gezek gaýtalanýan;
b) Taryhyň haýsydyr bir wagtynda hakykatdan bolup geçen, gaýtalanmaýan ýeke-täk;
ç) Öwrenilýän eýýam üçin häsiýetli bolan;
d) Taryhy peýzaž.

**7. Durmuşda köp gezek gaýtalanýan hadysalary şöhlelendirýän suratlar?**
a) Tipiki suratlar;
b) Taryhyň haýsydyr bir wagtynda hakykatdan bolup geçen, gaýtalanmaýan ýeke-täk pursat görkezilýän suratlar;
ç) Öwrenilýän eýýam üçin häsiýetli bolan taryhy wakany şöhlelendirýän suratlar;
d) Taryhy peýzaž.

**8. Wakalaýyn we tipiki suratlaryň arasyndaky bölünişik nähili?**
a) Dowamly;
b) Şertli;
ç) Aýdyň;
d) Gutarnykly.

**9. Gadymy şäherleri, desgalary, binagärlik ýadygärliklerini hem ansambllary we ş.m. şöhlelendirýän taryhy temadaky suratlar nähili atlandyrylýar?**
a) Wakalaýyn;
b) Döwürleýin;
ç) Ýadygärlik;
d) Taryhy peýzaž.

**10. Ol ýa-da beýleki eýýamyň köpçüligine häsiýetnama bermäge kömek edýän portretiň görnüşi?**

a) Taryhy;
b) Toparlaýyn;
ç) Şahsyýetleriň portreti;
d) Döwürleýin.

**11. Mugallym öz öňünde taryhy şahsyýetiň jemgyýetçilik, döwlet işinde onuň taryhy şahsyýet hökmündäki roluny görkezmekligi mesele edip goýanda, portretdäki haýsy zatlara okuwçylaryň ünsüni çekýär?**

a) Geýim-gejimine;
b) Daşky keşbine;
ç) Ýüz-gözünden içki dünýäsini anyklamaklyga;
d) Taryhy şahsyýetiň işiniň daşky nyşanlarynyň obrazyna (münber, ýaraglar, orden, general lentasy we ş.m.).

**12. Shemalardan peýdalanmagyň ähmiýeti?**

a) Gysga wagtda köp okuw maglumatyny özleşdirmäge kömek edýär;
b) Bolup geçen wakany, taryhy hadysany aňsatlaşdyryp, esasy we ikinji derejeli meseleleri bölüp, okuwçylary düşünjeleri özleşdirmeklige alyp barýar;
ç) Sanlaryň üsti bilen köp okuw maglumatyny özleşdirmäge kömek edýär;
d) Okuw maglumatlaryny oňat ýatda saklamaga kömek edýär.

**13. Tablisalar nähili maglumatlardan düzülýär?**

a) Dürli görnüşli;
b) San;
ç) Gysga;
d) Goşmaça.

**14. Kartoshema kartadan nähili tapawutlanýar?**

a) Onda diňe haýsydyr bir üns berip nygtalýan taryhy prosesiň, hadysanyň ýa-da wakanyň açyk şöhlelendirilýändigi bilen;

b) Ýönekeýligi bilen;
ç) Maglumatlaryň dürli reňkler bilen görkezilýändigi bilen;
d) Maglumatlaryň ýeňil özleşdirilýändigi bilen.

**15. Taryh sapagynda diagrammadan peýdalanmagyň ähmiýeti?**
a) San maglumatlaryny ýeňil özleşdirmäge kömek edýär;
b) San taýdan aňladylan islendik ululyklaryň arasyndaky gatnaşyklary görkezmäge kömek edýär;
ç) San maglumatlaryny yzygider görkezmäge ýardam edýär;
d) Taryhy seneleri utgaşdyryp görkezmäge kömek edýär.

**16. Taryh sapagynda şertli-grafiki görkezme esbaplaryň giňden peýdalanylmagynyň sebäbi?**
a) Jemlenilen göz öňüne getirmeleri görkezip şekillendirmegi, eşidiş we görüş obrazlaryny bilelikde ulanmaga mugallyma mümkinçilik berýändigi;
b) Taryhy wakalaryň bolan ýerlerini aýdyň göz öňüne getirmäni berýändikleri:
ç) Taryhy wakalary ýeňil özleşdirmäge mümkinçilik berýändikleri;
d) Okuw kitabyndan soň iň gymmatly gollanma we okuw görkezme esbabydyklary üçin.

## VIII

**1. Taryhy kartanyň ähmiýeti?**
a) Taryhy karta arkaly düşündirilende, okuwçylara taryhy wakalar düşnükli bolýar;
b) Karta gürrüňi edilýän taryhy wakanyň nirede bolup geçendigini şertli görnüşde göz öňüne getirmeklige mümkinçilik berýär;
ç) Taryhy ýeňil özleşdirmäge mümkinçilik berýär;
d) Okuwçylar bilen işjeň iş guramaga mümkinçilik berýär.

**2. Okuw kitabynda ýerleşdirilen kartalar boýunça özbaşdak iş guramagyň usullarynyň biri?**
a) Okuw kitabynda agzalýan ýerleri, etraplary, şäherleri kartadan özbaşdak yzarlap tapýarlar we mäkäm öwrenýärler;

b) Karta boýunça özleri ýumuşlary ýerine ýetirýärler;
ç) Deňeşdirme usulyndan peýdalanyp, özbaşdak işleýärler;
d) Görkezme usulyndan peýdalanyp, özbaşdak işleýärler.

**3. Kartany «okamagy» öwretmekligiň esasy haçan goýulýar?**
a) Başlangyç synplarda;
b) IV-V synplarda;
ç) V-VI synplarda;
d) VI-VII synplarda.

**4. Haýsy synpa çenli okuwçylarda kartalarda şertli belgileri, döwletleriň serhetlerini kesgitlemek, ilatly punktlary görkezmek ýaly başarnyklar bolýar?**
a) 5-nji synpa çenli;
b) 6-njy synpa çenli;
ç) 7-nji synpa çenli;
d) 8-nji synpa çenli.

**5. Kartalarda, köplenç, ösümlikleriň ýa-da haýwanlaryň bir jynsynyň ýaýran territoriýasy, araçäkler nähili çyzyklar görnüşinde aňladylýar?**
a) Arasy kesilýän ýa-da tutuşlaýyn inçe çyzyklar;
b) Köplenç, ýaşyl reňkli;
ç) Ýeke ýa-da iki çyzyk bilen töweregine aýlanan, käwagt ortasynda nokat ýa-da reňkli tegelejik goýlan belgiler bilen;
d) Basylyp alnan ýerler şol ýerleriň haýsy ýurtdan alnandygyna görä,ýagny şol ýerleriň alnan ýurdunyň kartadaky reňki bilen meňzeş reňkde reňklenilýär.

**6. Kartalarda ýaşalýan ýerler, esasan, nähili reňk bilen aňladylýar?**
a) Arasy kesilýän ýa-da tutuşlaýyn inçe çyzyklar;
b) Köplenç ýaşyl reňk bilen;
ç) Ýeke ýa-da iki çyzyk bilen töweregine aýlanan, käwagt ortasynda nokat ýa-da reňkli tegelejik goýlan belgileriň üsti bilen;
d) Basylyp alnan ýerler şol ýerleriň haýsy ýurtdan alnandygyna görä, ýagny şol ýerleriň alnan ýurdunyň kartadaky reňki bilen meňzeş reňkde reňklenilýär.

**7. Kartada käte şäherler ähmiýetine görä nähili aňladylýar?**
a) Iki hili, ýagny şol döwürde has ähmiýetli bolsa iki tegelejik bilen, ikinji derejeli bolsa bir tegelejik arkaly;
b) Goýy ýaşyl reňk bilen;
ç) Binalaryň suratlaryny çekmek arkaly;
d) Zawod-fabrikleriň suratlaryny çekmek arkaly.

**8. Mugallym şäherleri aňladýan şertli belgiler barada nähili maglumat berýär?**
a) Ýeke ýa-da iki çyzyk bilen töweregine aýlanan, käwagt ortasynda nokat ýa-da reňkli tegelejik ýaly belgileri bolýar;
b) Binalaryň suratlary çekilmek bilen aňladylýar;
ç) Goýy reňk bilen şäherleriň atlary ýazylýar;
d) Arasy kesilýän çyzyklar görnüşindäki harplar bilen şäherleriň atlary ýazylýar.

**9. Taryhy kartalarda irki döwürleriň söweş alamatlary nähili görkezilýär?**
a) Ýaýyň, okuň, peýkamly okuň çekilmegi bilen;
b) Ýaraglaryň käbir sepleşýän ýerleriniň çekilmegi bilen;
ç) Tigirli topuň, ýaragyň çekilmegi bilen;
d) Içe eglibräk, bir zadyň daşyny aýlanyp duran ýaly edilip görkezilen taýajyklaryň we ş.m. çekilmegi bilen.

**10. Ot açýan ýaraglaryň peýda bolmagy bilen söweşleriň bolandygyny görkezýän şertli belgiler kartalarda nähili görkezilýär?**
a) Ýaýyň, okuň, peýkamly okuň çekilmegi bilen;
b) Ýaraglaryň käbir sepleşýän ýerleriniň, tigirli topuň, ýaragyň we şuňa meňzeşleriň çekilmegi bilen;
ç) Tigirli topuň, ýaragyň çekilmegi bilen;
d) Içe eglibräk, bir zadyň daşyny aýlanyp duran ýaly edilip görkezilen taýajyklaryň we ş.m. çekilmegi bilen.

**11. Taryhy kartalarda şäher gabawynyň şertli belgileri nähili gşrkezilýär?**
a) Ýaýyň, okuň, peýkamly okuň çekilmegi bilen;

b) Ýaraglaryň käbir sepleşýän ýerleriniň, tigirli topuň, ýaragyň we şuňa meňzeşleriň çekilmegi bilen;
ç) Tigirli topuň, ýaragyň çekilmegi bilen;
d) Içe eglibräk, bir zadyň daşyny aýlanyp duran ýaly edilip görkezilen taýajyklaryň we ş.m. çekilmegi bilen.

**12. Taryhy kartalarda harby ýörişleriň, halklaryň göçe-göçlüginiň, ekspedisiýalaryň şertli belgileri nähili görkezilýär?**
a) Ugur görkeziji çyzyklar, tutuşlaýyn ýa-da arasy bölünýän dürli reňkdäki çyzyklar arkaly;
b) Tigirli topuň, ýaragyň çekilmegi bilen;
ç) Içe eglibräk, bir zadyň daşyny aýlanyp duran ýaly edilip görkezilen taýajyklaryň we ş.m. çekilmegi bilen;
d) Ýaraglaryň käbir sepleşýän ýerleriniň, tigirli topuň, ýaragyň we ş.m. çekilmegi bilen.

**13. Kartada zähmetkeşler köpçüliginiň çykyşlary nähili şertli belgiler arkaly görkezilýär?**
a) Gyzyl reňkli ugur görkeziji, tutuşlaýyn ýa-da arasy bölünýän dürli reňkdäki çyzyklar;
b) Gara reňkli ugur görkeziji, tutuşlaýyn ýa-da arasy bölünýän dürli reňkdäki çyzyklar;
ç) Köplenç, gyzyl nokatlar;
d) Goňur reňkli ugur görkeziji, tutuşlaýyn ýa-da arasy bölünýän dürli reňkdäki çyzyklar.

**14. Taryhy kartalarda gozgalaňyň bolan etraplary, köplenç, nähili şertli belgiler arkaly görkezilýär?**
a) Köplenç, gök nokatlar bilen;
b) Köplenç, gara nokatlar bilen;
ç) Köplenç, gyzyl nokatlar bilen;
d) Köplenç, goňur nokatlar bilen.

**15. Kartada halk köpçüligine garşy hereketler nähili şertli belgiler bilen görkezilýär?**

a) Gök reňkli ugur görkeziji, tutuşlaýyn ýa-da arasy bölünýän dürli reňkdäki çyzyklar;

b) Gara reňkli ugur görkeziji, tutuşlaýyn ýa-da arasy bölünýän dürli reňkdäki çyzyklar;

ç) Gyzyl reňkli ugur görkeziji, tutuşlaýyn ýa-da arasy bölünýän dürli reňkdäki çyzyklar;

d) Goňur reňkli ugur görkeziji, tutuşlaýyn ýa-da arasy bölünýän dürli reňkdäki çyzyklar.

# IV BÖLÜM

## UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERDE TARYH DERSİ BOÝUNÇA SYNPDAN DAŞARY GEÇİRİLÝÄN İŞLER

### I

**1. Mugallymlaryň synpdan daşary işleriň dürli görnüşlerini wagtly-wagtynda geçirmekleriniň zerurlygy?**

a) Okuwçylaryň boş wagtlaryny gyzykly geçirmeklerini gazanmak;

b) Okuwçylaryň arasynda agzybirligi, dostluk-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmek;

ç) Okuwçylarda derse bolan gyzyklanmany ösdürmek;

d) Taryh dersi boýunça okuwçylara çuňňur bilim we terbiýe bermek üçin diňe bir okuw maksatnamasynda görkezilen okuw maglumatlaryny özleşdirmegiň ýeterlik bolmaýanlygy.

**2. Synpdan daşary geçirilýän işleriň öňünde duran ýumuşlaryň maksady?**

a) Okuwçylary terbiýelemek, olaryň dürli ukyp-başarnyklaryny ösdürmek;

b) Mekdep okuwçylarynyň sapakda alan bilimlerini çuňlaşdyrmak we giňeltmek, derse bolan gyzyklanmalaryny artdyrmak, akyl ýetiriş mümkinçiliklerini ösdürmek, okuwçylara terbiýäniň dürli görnüşleriniň berlişini kämilleşdirmek;

ç) Okuwçylaryň özbaşdak işlemek başarnyklaryny ösdürmek;

d) Okuwçylary durmuşa taýýarlamak.

**3. Taryh dersi boýunça sapakdan daşary wagtda geçirilýän işler beýleki haýsy dersleriň mazmunynyň özleşdirilişiniň kämilleşmegine kömek edýär?**

a) Matematika, fizika we ş.m.;

b) Edebiýat, geografiýa we ş.m.;

ç) Himiýa, biologiýa we ş.m.;

d) Tebigaty öwreniş, biologiýa we ş.m.

**4. Sungat eserleri bilen köpçülik bolup bilelikde tanyşmak okuwçylaryň nähili duýgularynyň ösmegine täsir edýär?**

a) Estetiki duýgularynyň;
b) Akyl taýdan ösmeklerine;
ç) Jogapkärçilik duýgularynyň;
d) Okuwçylaryň kämilleşmeklerine.

**5. Sapagyň synpdan daşary geçirilýän işlerden tapawudy?**

a) Wagtly-wagtynda arakesmeleriň berilmegi;
b) Okuwçylaryň sapaga höwesli gatnaşmaklary;
ç) Sapaklaryň kesgitli wagtda, tertip boýunça alnyp barylmagy, okuwlara hemme okuwçylaryň hökmany gatnaşmagy, maksatnamanyň mazmunynyň doly özleşdirilmegi, degişli bolan döwlet bahasynyň goýulmagy we ş.m.;
d) Mugallymyň dürli usullary peýdalanýandygy.

**6. Synpdan daşary işleriň guramaçylyk, mazmun hem usul tarapyndan dogry bolmagy üçin, olaryň guramaçylarynyň we ýolbaşçylarynyň esaslanýan ýörelgeleri?**

a) Usuly ýörelgeler;
b) Didaktiki ýörelgeler;
ç) Okuwçylary gyzyklandyrýan ýörelgeler;
d) Okuwçylary özüne çekýän ýörelgeler;

**7. Synpdan daşary işler nähili häsiýete eýe bolmaly?**

a) Döredijilikli;
b) Gyzykly;
ç) Okuwçylaryň şahsy aýratynlyklaryny ýüze çykarýan;
d) Meýletinlik.

**8. Synpdan daşary işleriň geçirilmeli wagtyny, işiň görnüşine görä dowamlylygyny kim kesgitleýär?**

a) Okuw maksatnamasynda kesgitlenýär;
b) Mekdep müdiri;
ç) Okuwçylaryň özleri;
d) Mugallym.

**9. Synpdan daşary işleriň üstünlikli alnyp barylmagynyň esasy şertleriniň biri?**
a) Mugallymyň ussatlygy;
b) Okuwçylaryň işjeňligi;
ç) Oýlanyşykly düzülen iş meýilnamasynyň bolmagy;
d) Işiň dürli görnüşliligi.

**10. Mekdebiň ýyllyk okuw-terbiýeçilik iş meýilnamasy nähili möhlete niýetlenilip düzülýär?**
a) Bir ýyllyk, ýarym ýyllyk, çärýeklik möhlet bilen;
b) Iş günleriniň dowam edýän möhletine görä;
ç) Okuwçylaryň dynç alyş döwürleri göz öňünde tutulyp, gysga möhlet üçin;
d) Mugallymlaryň iş wagtynyň möhletine görä.

**11. Synpdan daşary işleriň görnüşlerini nähili saýlamaly?**
a) Okuwçylaryň isleglerine görä;
b) Okuwçylar bilen maslahatlaşyp;
ç) Birbada okuwçylaryň köp mukdaryny özüne çekýän köpçülikleýin görnüşi bilen indiwidual görnüşini utgaşdyryp;
d) Pasyllara görä.

**12. Synpdan daşary işler geçirilmezden öň, taryh mugallymy kimler bilen aragatnaşygy ýola goýmaly?**
a) Okuwçylar bilen;
b) Beýleki mekdepleriň taryh mugallymlary bilen;
ç) Ata-eneler bilen;
d) Synp ýolbaşçysy, mekdep kitaphanaçysy, şeýle-de, synpdan daşary işlere ýardam edip biljek guramalar bilen.

**13. Synpdan daşary geçirilýän işleriň oňa gatnaşýan okuwçylaryň sany boýunça tapawutlandyrylýan köpçülikleýin görnüşleri?**
a) Agşam, bäsleşik, ylmy-amaly maslahat we ş.m.;
b) Gurnagyň ýa-da onuň bölüminiň işi, hepdelikler we ş.m.;
ç) Aýratyn okuwça nutuk ýazanda kömek bermek boýunça iş, synpdan daşary okuw we ş.m.;
d) Gurnaklar, synpdan daşary okuw, muzeý döretmek hem-de onuň işi we ş.m.

**14. Synpdan daşary geçirilýän işleriň oňa gatnaşýan okuwçylaryň sany boýunça tapawutlandyrylýan toparlaýyn görnüşleri?**

a) Agşam, bäsleşik, ylmy-amaly maslahat we ş.m.;
b) Gurnagyň ýa-da onuň bölüminiň işi, hepdelikler we ş.m.;
ç) Aýratyn okuwça nutuk ýazanda kömek bermek boýunça iş, synpdan daşary okuw we ş.m.;
d) Gurnaklar, synpdan daşary okuw, muzeý döretmek hem-de onuň işi we ş.m.

**15. Synpdan daşary geçirilýän işleriň oňa gatnaşýan okuwçylaryň sany boýunça tapawutlandyrylýan aýratyn görnüşleri?**

a) Agşam, bäsleşik, ylmy-amaly maslahat we ş.m.;
b) Gurnagyň ýa-da onuň bölüminiň işi, hepdelikler we ş.m.;
ç) Aýratyn okuwça nutuk ýazanda kömek bermek boýunça iş, synpdan daşary okuw we ş.m.;
d) Gurnaklar, synpdan daşary okuw, muzeý döretmek hem-de onuň işi we ş.m.

**16. Synpdan daşary geçirilýän işleriň dowamlylygy boýunça tapawutlandyrylýan bütin okuw ýylynyň dowamynda ýa-da hatda birnäçe ýyla çekýän yzygider görnüşleri?**

a) Gurnaklar, synpdan daşary okuw, muzeý döretmek hem-de onuň işi we ş.m.;
b) Görnükli adamlar bilen duşuşyklar, ýörişler, okuw gezelençleri we ş.m.;
ç) Taryhy diwarlyklaryň ýa-da maglumatlaryň çap edilmegi we ş.m.;
d) Gurnagyň ýa-da onuň bölüminiň işi, hepdelikler we ş.m.

**17. Synpdan daşary geçirilýän işleriň dowamlylygy boýunça tapawutlandyrylýan bölekleýin görnüşleri?**

a) Gurnaklar, synpdan daşary okuw, muzeý döretmek hem-de onuň işi we ş.m.;
b) Görnükli adamlar bilen duşuşyklar, ýörişler, okuw gezelençleri, taryhy diwarlyklaryň ýa-da maglumatlaryň çap edilmegi we ş.m.;

ç) Gurnagyň ýa-da onuň bölüminiň işi, hepdelikler we ş.m.;
d) Muzeý döretmek hem-de onuň işi we ş.m.

**18. Mugallym sapakdan daşary okamak üçin hödürlejek kitaplary boýunça nähili zatlara üns bermeli?**
a) Taryhy hakykatyň dogry beýan edilişine;
b) Okuw maksatnamasynyň mazmunyna laýyk gelşine;
ç) Okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk gelşine;
d) Dogry beýan edilişine, okuw maksatnamasynyň mazmunyna we okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyk gelşine.

**19. Özbaşdak okamak üçin hödürlenilýän kitaplar baradaky nähili maglumatlar ýazylyp, synpda asylyp goýulsa ýerlikli bolýar?**
a) Kitabyň mazmuny barada giňişleýin maglumat;
b) Okalmaly kitaplaryň haýsy tema degişlidigi, kitabyň, makalanyň awtory, neşir edilen ýyly, kitabyň gysgaça mazmuny barada maglumat;
ç) Kitabyň mazmuny barada özüne çekiji maglumat;
d) Okalmaly kitaplaryň awtorlary barada maglumat.

**20. Mekdepleriň V-XII synp okuwçylarynyň arasynda geçirilýän ders bäsleşiklerine nähili okuwçylary saýlap almak möhüm?**
a) Isleg bildirýän okuwçylary;
b) Höwesjeň okuwçylary;
ç) Bilesigeliji okuwçylary;
d) Ökde okuwçylary.

## II

**1. Okuw gezelençlerinden, taryh agşamlaryndan, ylmy maslahatlardan tapawutlylykda gurnakda okuwçylar nähili görnüşde işleýärler?**
a) Özbaşdak;

b) Uly bolmadyk topar;
ç) Köpçülikleýin;
d) Synp boýunça.

**2. Gurnagyň işiniň dowamlylygy?**
a) Uzak wagtlaýyn (bir ýyldan az bolmadyk), yzygiderli;
b) Uzak wagtlaýyn (bir aýdan az bolmadyk), yzygiderli;
ç) Uzak möhletleýin;
d) Bir gezeklik.

**3. Gurnak işleri haçan geçirilýär?**
a) Sapak bilen utgaşdyrylyp;
b) Hepdäniň çarşenbe günleri;
ç) Okuwdan soňra we anyk tertip boýunça;
d) Anna günleri.

**4. Okuwçylaryň her birine näçe gurnaga gatnaşmaga rugsat berilýär?**
a) Näçe islese;
b) Gaty köp dersden;
ç) Ikiden köp bolmadyk;
d) Dört-bäşe çenli gurnaga.

**5. Gurnak agzalarynyň sany näçe bolup biler?**
a) 3-4;
b) 5-6;
ç) 7-8;
d) 9-10.

**6. Gurnaga nähili ýaşdaky okuwçylar kabul edilýär?**
a) Dürli ýaşdaky;
b) Isleg bildiren okuwçylaryň ýaşlaryna seretmezden;
ç) Ukyp-başarnyklary deň okuwçylar;
d) Adatça, deň ýaşdaky bir ýa-da birnäçe synplaryň okuwçylary.

**7. Gurnagyň agzalygyna kabul etmek, adatça, haçan amala aşyrylýar?**

a) Okuw ýylynyň başynda;

b) Awgust aýynyň ahyrynda;

ç) Sentýabr, oktýabr aýlarynda;

d) Noýabr aýynda.

**8. Has gyzyklanýan we isleg bildirýän okuwçylar okuw ýylynyň dowamynda hem gurnaga kabul edilip bilinýärmi?**

a) Kabul edilmeýär;

b) Kabul edilse, gurnagyň öňki agzalarynyň gyzyklanmasyny pese düşürýär;

ç) Gurnagyň abraýyny gaçyrýar;

d) Kabul edilip bilinýär.

**9. V synpda taryh gurnagy, adatça, nähili esasda guralyp başlanýar?**

a) Okuw kitaby bilen işlemekligiň esasynda;

b) Mugallymyň gyzykly gürrüňiniň esasynda;

ç) Görkezme esbaplaryň esasynda;

d) Sorag-jogabyň esasynda.

**10. Gurnaga ýörite ýolbaşçy berkidilýärmi?**

a) Taryh mugallymlarynyň biri öz islegi boýunça ýolbaşçylyk edýär;

b) Ýörite ýolbaşçy berkidilmeýär;

ç) Gurnagyň işiniň görnüşine laýyklykda berkidilýär;

d) Mekdep müdiriniň buýrugy bilen ýolbaşçy berkidilýär.

**11.Gurnagyň işi näme esasynda alnyp barylýar?**

a) Gurnak agzalarynyň islegleri esasynda;

b) Tassyklanan meýilnama esasynda;

ç) Özakymlaýyn alnyp barylýar;

d) Gurnak agzalarynyň hepdede bir gezek ýygnanyp, bilelikde işlemekleri arkaly.

**12. Gurnagyň birinji guramaçylyk maslahatynda nähili işler edilýär?**

a) Iş meýilnamasy ara alnyp maslahatlaşylýar, makullanylýar we tassyklamaga hödürlenilýär;
b) Özara pikir alşylýar;
ç) Özara sorag-jogap alşylýar;
d) Özara söhbetdeşlik guralýar.

**13. Gurnaga gatnaşjak okuwçylar toparlara bölünende, ilkinji nobatda, näme göz öňünde tutulmaly?**

a) Okuwçylaryň islegleri;
b) Okuwçylaryň höwesleri;
ç) Gurnak agzalarynyň ýaş aýratynlyklary we bilim derejeleri;
d) Okuwçylaryň başarnyklary.

**14. Ýylyň ahyrynda gurnaklar öz işlerini nähili jemleýärler?**

a) Mekdebiň okuwçylar köpçüliginiň öňünde hasabat bilen çykyş edýärler;
b) Gurnagyň ýyl boýunça jemleýji maslahatynda edilen işler barada çykyş edýärler;
ç) Gurnak agzalary özara pikir alşyp jemleýärler;
d) Gurnagyň nobatdaky maslahatynda her agza öz eden işi barada çykyş edýär.

**15. Gurnagyň sapak ýazgylaryna kim tarapyndan gözegçilik edilýär?**

a) Gurnak ýolbaşçysy;
b) Gurnagyň işjeň agzalary;
ç) Mekdep müdiri;
d) Mekdep müdiriniň okuw işleri baradaky orunbasary.

**16. Gurnak agzalary tarapyndan taýýarlanylýan nutuklaryň näçe görnüşini tapawutlandyrmak bolýar?**

a) Iki;
b) Üç;
ç) Dört;
d) Bäş.

## III

**1. Agşamyň temasy saýlanylanda onuň näçe ýylyň dowamynda gaýtalanmaly däldigini ýatda saklamaly?**

a) Soňky bir ýylyň;
b) Soňky iki ýylyň;
ç) Soňky iki-üç ýylyň;
d) Soňky bäş ýylyň.

**2. Ýokary synplarda parallel synplaryň bolan halatynda bir ýylda näçe sany taryh agşamyny taýýarlamak bolýar?**

a) Bir;
b) Iki;
ç) Üç;
d) Dört.

**3. Agşamyň dowamlylygy uzaga çekmez ýaly wagt ýagdaýlaryny näçe sagatda göz öňünde tutmaly?**

a) 1;
b) 2;
ç) 1-2,5;
d) 1-3.

**4. Taryh agşamyna degişli maksatnamanyň taslamasyny kim taýýarlaýar?**

a) Taryh mugallymy;
b) Iş topary;
ç) Işjeň okuwçylar;
d) Gurnak agzalary.

**5. Maksatnamanyň taýýarlanylan taslamasyna, otagy taýýarlamaklygyň eskizine hem sahna kim seredýär we oňa üýtgeşmeleri, anyklamalary, üstüni ýetirmeleri kim girizýär?**

a) Iş topary;
b) Mekdep müdiri;
ç) Usuly birleşmäniň başlygy;
d) Mugallym.

**6. Taryh agşamyny geçirmek üçin döredilýän iş toparynyň düzümine kimler girýär?**

a) Işjeň okuwçylar;
b) Gurnak agzalary;
ç) Mekdep müdiri, onuň orunbasarlary, taryh mugallymlary;
d) Taryh, edebiýat, surat, aýdym-saz mugallymlary, synp ýolbaşçysy, işjeň okuwçylaryň topary, taryh gurnagynyň wekilleri.

**7. Taryh agşamy geçirilende, edebiýat mugallymynyň ýerine ýetirýän işleri?**

a) Ýekelikde, köpçülik bolup ýa-da saz gurallarynda çykyş edýänleri taýýarlaýar;
b) Çeper höwesjeňleriň işine hem-de alypbaryja ýolbaşçylyk edýär, çeper okaýyşlaryň ýerine ýetirilişi barada öz belliklerini aýdýar;
ç) Taryh gurnagynyň işjeň okuwçylary bilen birlikde çykyş ediljek nutugyň temasyny, nutuk bilen çykyş edýänleri we alypbaryjyny belleýär;
d) Taryh agşamynyň geçiriljek otagynyň, sahnanyň bezelişi boýunça öz pikirini aýdýar.

**8. Taryh agşamy geçirilende aýdym mugallymynyň ýerine ýetirýän işleri?**

a) Ýekelikde, köpçülik bolup ýa-da saz gurallarynda çykyş edýänleri taýýarlaýar;
b) Çeper höwesjeňleriň işine hem-de alypbaryja ýolbaşçylyk edýär, çeper okaýyşlaryň ýerine ýetirilişi barada öz belliklerini aýdýar;
ç) Taryh gurnagynyň işjeň okuwçylary bilen birlikde çykyş ediljek nutugyň temasyny, nutuk bilen çykyş edýänleri we alypbaryjyny belleýär;
d) Taryh agşamynyň geçiriljek otagynyň, sahnanyň bezelişi boýunça öz pikirini aýdýar.

11. Sargyt № 2583

**9. Taryh agşamy geçirilende surat mugallymynyň ýerine ýetirýän işleri?**

a) Ýekelikde, köpçülik bolup ýa-da saz gurallarynda çykyş edýänleri taýýarlaýar;

b) Çeper höwesjeňleriň işine hem-de alypbaryja ýolbaşçylyk edýär, çeper okaýyşlaryň ýerine ýetirilişi barada öz belliklerini aýdýar;

ç) Taryh gurnagynyň işjeň okuwçylary bilen birlikde çykyş ediljek nutugyň temasyny, nutuk bilen çykyş edýänleri we alypbaryjyny belleýär;

d) Taryh agşamynyň geçiriljek otagynyň, sahnanyň bezelişi boýunça öz pikirini aýdýar.

**10. Agşama taýýarlygyň birinji tapgyryny guramak nähili amala aşyrylýar?**

a) Okuwçylara dilden aýtmak bilen;

b) Okuwçylara köpçülikleýin habar bermek bilen;

ç) Synp ýygnagynda, diwar gazetiniň nobatdaky sanynda we gurnaklarda maglumat bermek bilen;

d) Okuwçylara taryh sapaklarynda habar bermek bilen.

**11. Alypbaryjynyň roluny nähili okuwçy ýerine ýetirip bilýär?**

a) Gözýetimi giň, Watanymyzyň taryhyny gowy bilýän;

b) Höwesjeň;

ç) Islendik;

d) Ýokary synplaryň okuwçylary.

**12. Umumy mekdep boýunça geçirilýän taryh agşamyna taýýarlanmak üçin näçe wagt gerek bolýar?**

a) 2-4 hepde;

b) 4-6 hepde;

ç) 6-8 hepde;

d) 8-10 hepde.

**13. Synp boýunça geçirilýän taryh agşamyna taýýarlanmak üçin näçe wagt gerek bolýar?**

a) 2-4 hepde;
b) 4-6 hepde;
ç) 6-8 hepde;
d) 8-10 hepde.

**14. Agşam wagtynda takmynan näçe sagat geçenden soň näçe wagtlyk arakesme edilse ýerlikli bolýar?**

a) Takmynan ýarym sagat geçenden soň, on minutlyk;
b) Takmynan bir sagat geçenden soň, on bäş minutlyk;
ç) Takmynan bir ýarym sagat geçenden soň, ýigrimi minutlyk;
d) Takmynan bir sagat 50 minut geçenden soň, ýigrimi bäş minutlyk.

**15. Taryh agşamyny geçirmekligiň netijeli taraplarynyň biri hökmünde onuň okuwçylara edýän haýsy täsirlerini bellemek bolýar?**

a) Okuwçylarda dürli gyzyklanmalarynyň ösüşine;
b) Okuwçylaryň özbaşdak işlemeklige bolan isleglerini ösdürmeklige;
ç) Okuwçylaryň okuw kitaby bilen işlemek endikleriniň ösüşine;
d) Okuwçylaryň öz aralarynda biri-birleri hem-de mugallym bilen ýakynlaşmaklaryna.

## IV

**1. Okuw gezelençleri nähili amala aşyrylýar?**

a) Okuwçylarynyň taryhy ýerleri tebigy şertlerde synlamaklary ýa-da ýörite döredilen toplumlaryň üsti bilen öwrenýän proseslerine ýolbaşçylyk edýän mugallymyň we okuwçylaryň bilelikdäki işi netijesinde;
b) Meýilnama esasynda;

ç) Okuwçylarda öwrenilýän döwre laýyk gelýän kesgitli duýgulary, göz öňüne getirmeleri we garaýyşlary kemala getirmek hem-de ösdürmek arkaly;
d) Okuw gezelenjiniň maksady we meselesi esasynda.

**2. Okuw gezelençleriniň öňünde goýulýan meseleler nämä bagly bolýar?**
a) Okuwçylary okatmagyň meselelerine;
b) Okuwçylary terbiýelemegiň meselelerine;
ç) Okuwçylarda okamak duýgularyny ösdürmegiň meselelerine;
d) Okuw maksatnamasyndan, taryh boýunça okuw dersiniň materiallaryndan we mekdebiň terbiýeçilik işleriniň meýilnamasyndan gelip çykýan meselelere.

**3. Taryh mugallymy bilen edebiýat, geografiýa, biologiýa we beýleki ders mugallymlarynyň bilelikde guramaklary netijesinde geçirilip bilinýän okuw gezelenjiniň görnüşi?**
a) Taryhy-medeni;
b) Arheologik;
ç) Toplumlaýyn;
d) Muzeýlere guralýan.

**4. Okuw gezelenjiniň haýsy görnüşinde onuň guralýan ýeri dürli nukdaýnazardan öwrenilýär?**
a) Ähli görnüşinde;
b) Toplumlaýyn okuw gezelenjinde;
ç) Tomusky dynç alyş döwründe guralýan görnüşlerinde;
d) Muzeý-ülkäni öwreniş gezelenjinde.

**5. Okuw gezelençlerinde akyl ýetirmegiň we okuwçylary terbiýelemegiň serişdeleri?**
a) Mugallymyň gürrüňi;
b) Okuwçylaryň söhbetdeşlikleri;

ç) Mugallymyň peýdalanýan usullary;
d) Görülýän, ýagny görkezilýän zatlar we olaryň kömegi bilen berilýän maglumatlar.

**6. Okuw gezelenjiniň guralýan ýeriniň uzaklygy we dowamlylygy, adatça, nämä laýyk gelmeli?**
a) Okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna;
b) Öwrenilýän okuw maglumatlarynyň mazmunyna;
ç) Haýsy pasylda geçirilýändigine;
d) Nirä guralýandygyna.

**7. V-VI synp okuwçylary bilen pyýada ýöremek arkaly guralýan okuw gezelenjiniň uzaklygy we dowamlylygy näçeden köp bolmaly däl?**
a) Uzaklygy 1,5-2 km-den, dowamlylygy bolsa 2,5-3 sagat;
b) Uzaklygy 2 km-den, dowamlylygy bolsa 3 sagat;
ç) Uzaklygy 2-2,5 km-den, dowamlylygy bolsa 1,5 sagat;
d) Uzaklygy 2,5-3 km-den, dowamlylygy 2-2,5 sagat.

**8. Muzeýlere guralýan okuw gezelençleri V-VI synp okuwçylary üçin näçe sagada çenli bolmaly?**
a) 1 sagatdan 1 sagat 15 minuda çenli;
b) 1 sagat 15 minutdan 1 sagat 30 minuda çenli;
ç) 1 sagat 30 minutdan 1 sagat 50 minuda çenli;
d) 1 sagat 50 minutdan 2 sagada çenli.

**9. Okuw gezelençlerinde peýdalanylýan esasy usullaryň hataryna haýsylary goşmak bolýar?**
a) Görkezmek, pikir alyşmak we ş.m.;
b) Görkezmek, gürrüň bermek, söhbetdeşlik (sorag-jogap usuly) we ş.m.;
ç) Görkezmek, düşündirmek we ş.m.;
d) Görkezmek, öwretmek, gürrüň bermek we ş.m.

**10. Okuw gezelençlerini geçirmegiň usullarynyň taryhy okatmagyň usullaryndan tapawudy?**

a) Hökmany suratda görkezilýän zatlar bilen baglanyşykly bolýandygy;

b) Hökmany suratda umumy okuwyň elementleriniň bolýandygy;

ç) Hökmany suratda alynma sözleriň bolýandygy;

d) Hökmany suratda maslahatlaşmagyň bolýandygy.

**11. Näçe adamdan köp bolmadyk topar bilen okuw gezelenjini guramak ýerlikli bolýar?**

a) 10-15 adamdan;

b) 15-20 adamdan;

ç) 20-25 adamdan;

d) 25-30 adamdan.

**12. Okuwçylaryň sany näçeden köp bolsa, olary talabalaýyk toparlara bölmek başartmaýar?**

a) 20-den;

b) 30-dan;

ç) 40-dan;

d) 50-den.

**13. Okuw gezelenjinde bilim almagyň esasy çeşmesi?**

a) Gözegçilik etmek üçin teklip edilýän ýer;

b) Mugallymyň berýän gürrüňi;

ç) Mugallymyň düşündirişi;

d) Mugallymyň geçirýän sorag-jogaby.

**14. Taryhy okuw gezelençlerini geçirmegiň tejribesinde görkezmek usulynyň näçe derejesi peýdalanylýar?**

a) Iki;

b) Üç;

ç) Dört;

d) Bäş.

## TESTLERIŇ DOGRY JOGAPLARY

Testleriň dogry jogaplary ýönekeýje tablisa arkaly berilýär. Ilki bilen Taryhy okatmagyň nazaryýeti we usulyýeti dersi boýunça haýsy bölümler we nähili temalar boýunça test düzülendigi, ýagny bölümleriň we temalaryň atlary görkezilýär. Bölümiň we olarda ýerleşýän her temanyň adynyň aşak ýanynda keseligine ýerleşdirilen tablisanyň birinji setirinde temanyň içindäki testleriň tertip belgileri sanlar bilen (1, 2, 3 we ş.m.) belgilenýär. Her bir testiň temanyň içinde ýerleşişiniň yzygiderligini görkezýän san belgileriniň aşaky setirindäki öýjüklerde olaryň dogry jogaplary harplar bilen (a, b, ç, d) görkezilýär.

### Giriş

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| b | a | ç | a | a | ç | a | b | b | d |

### I BÖLÜM. TARYH DERSINI OKATMAGYŇ USULYÝETI

#### I

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| a | ç | a | d | d | b | b | d | ç | ç | a | b | d | a |

#### II

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| d | a | d | b | d | ç | d | ç | d | d | d |

#### III

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| d | a | b | a | ç | a | b | a | ç | a | a | d | b | d | a | b | a |

#### IV

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| b | a | d | a | d | a | a | a | ç | b |

## V

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| a | a | d | b | a | b | b | d | b | a | b | a | b | ç | b |

# II BÖLÜM. TARYH MUGALLYMYNYŇ SAPAGA TAÝÝARLYK DEREJESİ

## I

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| a | d | a | a | b | ç | b | a | a | a |

## II

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| d | a | b | a | a | a | ç | b | a | d | ç | ç | b | d |

## III

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| b | d | b | d | b | a | a | b | d | a |

## IV

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| a | d | ç | a | d | b | a | d | a | ç | a | a | d | b | ç | a | b | a | ç |

## V

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| a | a | a | a | d | ç | b | ç | d | b |
| 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
| a | ç | b | a | d | ç | a | b | ç | b |
| 21 | 22 | 23 | 24 | 25 | 26 | 27 | 28 | 29 | |
| a | b | a | d | b | ç | d | b | ç | |

## VI

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| d | b | ç | a | a | d | d | b | b | ç | a | a | b | b | b |

# III BÖLÜM. TARYH DERSINI OKATMAGYŇ HÄZIRKI ZAMAN USULLARY

## I

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| d | a | a | a | ç | a | a | ç | b | a | d | d | b | a | ç |

## II

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ç | b | d | ç | a | ç | d | b | d | b | ç | a | d | a | ç | a |

## III

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| b | a | b | a | b | ç | d | a | d | b | b | b | a | d | d | a | d |

## IV

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| b | ç | b | ç | a | b | ç | a | b | d | a | d | b | a |

## V

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| a | b | a | ç | d | ç | b | a | b | a | d | a | b | ç | a | b |

## VI

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| a | ç | b | ç | b | ç | d | a | ç | a | ç | a | a | d | b | a | b |

## VII

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ç | d | d | b | a | ç | a | b | d | b | d | b | a | a | b | a |

## VIII

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| b | a | a | a | a | b | a | a | a | b | d | a | a | ç | b |

# IV BÖLÜM. UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERDE TARYH DERSI BOÝUNÇA SYNPDAN DAŞARY GEÇIRILÝÄN IŞLER

## I

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| d | b | b | a | ç | b | d | d | ç | a |
| 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 | 17 | 18 | 19 | 20 |
| ç | d | a | b | ç | a | b | d | b | d |

## II

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 | 16 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| b | a | ç | ç | d | d | a | d | a | d | b | a | ç | a | d | a |

## III

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 | 15 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| ç | b | ç | a | a | d | b | a | d | ç | a | ç | b | b | d |

## IV

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 | 14 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| a | d | ç | b | d | a | ç | a | b | a | ç | ç | a | b |

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Janly rowaýat. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet guşy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ynsan kalbynyň öçmejek nury. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Medeniýet halkyň kalbydyr. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmen medeniýeti. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ile döwlet geler bolsa.... Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Çaý – melhem hem ylham. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan — Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan — Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi II kitap. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.
13. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2016.
14. «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny.// Türkmenistan. 2013, 15-nji maý.
15. «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany. // Türkmenistan, 2007, 16-njy fewral.
16. «Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary. // Türkmenistan, 2007, 5-nji mart.
17. «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany. // Türkmenistan, 2013, 2-nji mart.

18. Orta mekdepleriň IV, VII, VIII, IX, X synplary üçin Türkmenistanyň taryhy we V, VI, VIII, IX, X synplary üçin Ähli umumy taryh dersleri boýunça okuw maksatnamalary. –Aşgabat, 2007.
19. Çaryýewa O., Çaryýewa O. Taryhy öwretmegiň nazaryýeti we usulyýeti. Ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin okuw kitaby. – Aşgabat, 2013.
20. Myratgeldiýew T. Taryhyň mekdep kursy öwrenilende okuwçylar bilen özbaşdak işleri guramak we geçirmek. – Aşgabat, 1990.
21. Rejebow N. Okatmagyň özara işjeňlik (interaktiw) usuly. – Aşgabat, 2007.
22. Tursunow J.Ş we başgalar. Pedagogika. Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – Aşgabat, 2011.
23. Актуальные вопросы методики обучения истории в средней школе: Пособие для учителя / Под. ред. А.Г. Колоскова. – М., 1984.
24. Аппарович Н.И., Полторак Д.И. Кабинет истории и обществоведения в средней школе. –М.,1982.
25. Внеклассная работа по истории. Краеведение. Сост. Кацюба Д.Б. – М: Просвещение, 1975.
26. Внеклассная работа по истории. Сб. Статей./Сост. Гусков В.П. – М.,1981.
27. Внеклассная работа по истории и обществоведению. – М.,1981.
28. Вяземский Е.Е., Стрелова О.Ю. Теория и методика преподавания истории. Учеб. для студ. высш. учеб. заведений. – М., 2003.
29. Вяземский Е.Е., Стрелова О.Ю. Как сегодня преподавать историю в школе. – М., 1999.
30. Гончарова Т.И. Исторические вечера в школе. –М.,1992.
31. Гора П.В. Повышение эффективности обучения истории в средней школе. – М., 1988.
32. Гора П.В. Методические приёмы и средства наглядного обучения истории в средней школе. –М.,1971.
33. Дайри Н.Г. Современные требования к уроку истории. – М.,1978.
34. Историки читают учебники истории. Традиционные и новые концепции учебной литературы / Под ред. Карла Аймермахера и Геннадия Бордюгова. – М., 2002.
35. Короткова М.В., Студеникин М.Т. Методика обучения истории в схемах, таблицах,описаниях. – М., 1999.
36. Короткова М.В., Студеникин М.Т. Методика обучения истории. Теоретический курс. Книга авторизованного изложения. – М., 1993.

37. Лернер И.Я. Развитие мышления учащихся в процессе обучения истории. –М., 1982.
38. Лернер И.Я. Дидактические основы методов обучения. – М.,1981.
39. Лебедева И.М. Организация и проведение исторических олимпиад в 6-9 классах. Из опыта работы: Книга для учителя. – М.,1990.
40. Методика обучения истории в средней школе. В 2-х частях (отв. ред. Ф.П. Коровкин, Н.Г. Дайри.).– М., 1978.
41. Методика преподавания история в средней школе: Учебное пособие для студентов пединститутов по специальности №2108 «История». – М., 1986.
42. Методика обучения истории древнего мира и средних веков в V-VI классах. –М., 1978.
43. Никулина Н.Ю. Методика преподавания истории в средней школе. – Киев, 2000.
44. Никифоров Д.Н., Скляренко С.Ф. Наглядность в преподавании истории и обществоведения. – М.: Просвещение, 1978.
45. Новые педагогические и информационные технологии в системе образования. –М., 2003.
46. Озерский И.З. Начинающему учителю истории. – М., 1989.
47. Озерский И.З. Руководство внеклассным чтением по истории. –М.,1979.
48. Работа с картой на уроках истории / Сост. Г.И. Самсонова. – Якутск,1991.
49. Родин А.Ф., Соколовский Ю.Е. Экскурсионная работа по истории. –М.,1974.
50. Студеникин М.Т. Методика преподавания истории в школе. Учеб. для студ. высш.учеб. заведений. –М., 2002.
51. Студеникин М.Т. Современные технологии преподавания истории в школе. – М., 2007.
52. Студеникин М.Т., Добролюбова В.И. Методика преподавания истории в начальной школе: Метод. Пособие для учителя. – М.,2004.
53. Цирульников А.М. История образования в портретах и документах: Учеб. пособие. – М., 2001.

## MAZMUNY


Sözbaşy ........................................ 7
Giriş ........................................ 10

### I BÖLÜM. TARYH DERSINI OKATMAGYŇ USULYÝETI

1-nji tema. Umumy orta bilim berýän mekdeplerde taryh dersini okatmagyň usullarynyň kämilleşmegi. ........................................ 12
2-nji tema. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň taryh dersi boýunça okuw maksatnamalary ........................................ 14
3-nji tema. Umumy orta bilim berýän mekdepleriň taryh dersi boýunça okuw kitaplary ........................................ 17
4-nji tema. Taryh dersi boýunça okuwçylaryň özbaşdak iş usuly we onuň ähmiýeti. ........................................ 20
5-nji tema. Okuwçylarda taryhy göz öňüne getirmeleri we düşünjeleri döretmegiň hem-de kämilleşdirmegiň usullary ........................................ 24

### II BÖLÜM. TARYH MUGALLYMYNYŇ SAPAGA TAÝÝARLYK DEREJESI

1-nji tema. Taryh mugallymy ........................................ 27
2-nji tema. Taryh mugallymynyň sapaga taýýarlanmagy. ........................................ 30
3-nji tema. Taryh otagy we onuň abzallaşdyrylyşy ........................................ 32
4-nji tema. Taryh sapaklarynyň esasy görnüşleri ........................................ 33
5-nji tema. Taryh dersi boýunça okuwçylaryň bilimlerini barlamak we bahalandyrmak ........................................ 37
6-njy tema. Taryh dersi boýunça geçilenleri gaýtalamak ........................................ 46

### III BÖLÜM. TARYH DERSINI OKATMAGYŇ HÄZIRKI ZAMAN USULLARY

1-nji tema. Umumy orta bilim berýän mekdeplerde taryh dersini okatmagyň usullarynyň ulgamy ........................................ 47
2-nji tema. Taryh dersinde häzirki zaman işjeň usullardan peýdalanmak ........................................ 50

3-nji tema. Taryh dersi okadylanda dilden beýan etmek usulyndan peýdalanmak ........ 52
4-nji tema. Taryh dersi okadylanda resminamalardan peýdalanmak ...... 55
5-nji tema. Taryh dersi okadylanda çeper edebiýatdan peýdalanmagyň usullary ........ 59
6-njy tema. Umumy orta bilim berýän mekdeplerde taryh dersi okadylanda peýdalanylýan okuw-görkezme esbaplary, olaryň ähmiýeti we görnüşleri ........ 62
7-nji tema. Taryh sapaklarynda şertli-grafiki okuw-görkezme esbaplaryndan peýdalanmagyň usullary ........ 64
8-nji tema. Sapakda taryhy kartalardan peýdalanmak ........ 66

**IV BÖLÜM. UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERDE TARYH DERSI BOÝUNÇA SYNPDAN DAŞARY GEÇIRILÝÄN IŞLER**

1-nji tema. Taryh dersi boýunça synpdan daşary geçirilýän işler, olaryň zerurlygy we ähmiýeti. Synpdan daşary okuw. ........ 68
2-nji tema. Taryh gurnagy we ony ýöretmegiň usullary ........ 71
3-nji tema.Taryh agşamy, ony taýýarlamagyň we geçirmegiň usullary ....72
4-nji tema. Taryh dersi boýunça okuw gezelençlerini guramagyň we geçirmegiň usullary ........ 74

Taryhy okatmagyň nazaryýeti we usulyýeti dersi boýunça geçilenleri test usuly arkaly barlamak ........ 78

**TESTLER ........ 79**
**Giriş boýunça testler** ........ 79
**I bölüm. Taryh dersini okatmagyň usulyýeti ........ 82**
**II bölüm. Taryh mugallymynyň sapaga taýýarlyk derejesi ........ 98**
**III bölüm. Taryh dersini okatmagyň häzirki zaman usullary ........ 122**
**IV bölüm. Umumy orta bilim berýän mekdeplerde taryh dersi boýunça synpdan daşary geçirilýän işler ........ 152**
Testleriň dogry jogaplary ........ 168
Peýdalanylan edebiýatlar ........ 173

*Ogulnabat Çaryýewa*

# TARYHY OKATMAGYŇ NAZARYÝETI WE USULYÝETI DERSINI SHEMALAR, TABLISALAR WE ŞEKILLER ARKALY ÖWRETMEK

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy


| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Ataýewa* |
| Surat redaktory | *P. Pürmyradow* |
| Teh. redaktor | *Ş. Gurbangeldiýewa* |
| Kompýuter bezegi | *A. Korotkowa,* |
| | *B. Mämmetgurbanow* |
| Neşir üçin jogapkärler | *O. Atajanowa,* |
| | *B. Gylyçnyýazow* |

Çap etmäge rugsat edildi 09.12.2020. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$
Times New Roman garniturasy. Şertli çap listi 11,0. Şertli-reňkli ottiski 34,38.
Çap listi 11,0. Hasap-neşir listi 9,27. Sargyt № 2583. Sany 600.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G.Gulyýew) köçe, 51/1.